**TÜRKMEN POLITEHNIKI INSTITUTY**

**A.R.Köçäýewa**

# DÜNÝÄ YKDYSADYÝETI

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby

Aşgabat – 2010

**A.R.Köçäýewa,** Dünýä ykdysadyýeti.

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby, Aşgabat – 2010 ý.

# Giriş

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň üstünlikli alyp barýan öňdengörüjilikli daşary syýasatynyň esasy ileri tutulýan ugurlarynyň biri hem halkara derejesinde köptaraplaýyn hyzmatdaşlygy barha giňeltmek bilen bagly bolup durýar. Munuň aýdyň mysaly hökmünde Hormata mynasyp ýurt Baştutanymyzyň bütindünýä we sebit howpsuzlygyny üpjün etmäge gönükdirilen syýasy-diplomatik çäreleri we özara hyzmatdaşlygyň netijeli ugurlaryny durmuşa geçirmek baradaky örän wajyp halkara başlangyçlaryny we ýadawsyz tagallalaryny görkezmek bolar.Hormatly Prezidentimiziň bu babatdaky daşary syýasat strategiýasynyň möhüm ugry hökmünde şu günki adamzat ýaşaýşynyň aýrylmaz bölegine we halklaryň, ýurtlaryň hem-de sebitleriň abadan ösüşiniň kepilnamasyna öwrülen energiýa howpsuzlygyny üpjün etmek bolup durýar. Ýeri gelende aýtsak, energetika diplomatiýasy Täze Galkynyş eýýamynyň gazananlary hökmünde Türkmenistanyň daşary syýasatynyň aýrylmaz bölegine öwrüldi. Munuň hut şeýledigini berkarar Türkmenistan döwletimiziň soňky iki ýylyň dowamynda iki gezek BMG-niň Baş Assambleýasynyň wise-başlyklygyna saýlanmagam güwä geçýändir

Dünýäniň ösen ykdysadyýetlerinde senagatlaşma derejesiniň ýokarlanmagy, ýangyç - energetika, has takygy energiýa serişdelerine bolan islegi-de ýokarlandyrdy. Häzirki wagtda hem ykdysady läheňleriň energiýa serişdelerine bolan islegleriniň ýylsaýyn artýandygyna şaýat bolýarys. Şunuň bilen baglylykda, BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan “Energiýa serişdeleriniň ygtybarly we üstaşyr geçirilmegi hem-de durnukly ösüşi we halkara hyzmatdaşlygyny üpjün etmekde onuň hyzmaty” atly Rezolýusiýanyň 2008-nji ýylyň 19-njy dekabrynda biragyzdan kabul edilmegi, 2009-njy ýylyň aprel aýynda Aşgabatda BMG-niň howandarlygynda ýokary derejeli halkara maslahatyň geçirilmegi halkara energiýa syýasatyny häzirki zaman

şertlerinde ynamly alyp barmakda uly goşant bolup durýar. Geçirilen ýokary derejedäki halkara maslahatyň gün tertibinde garalan meseleler halkara guramalarynda we dünýä döwletlerinde uly gyzyklanma döretdi. Günorta Ýolöten - Osman ýataklary Türkmenistana iri energetiki ýurt hökmündäki derejäni berdi. Bu ýataklar türkmen geologlarynyň iň iri açyşlarynyň biridir. Ol özüniň 4 trilliondan 14 trillion kub metre çenli bolan tebigy gaz gorlary bilen dünýäde bäşinji ýa-da dördünji orny eýeleýär.

“Gaffney Cline & Associates” (Beýik Britaniýa) kompaniýasynyň geçiren halkara auditi netijesinde alnan türkmen ýataklarynyň gorlary hakyndaky maglumat hakykatdan hem haýran galdyran täzelik boldy.

Konstruktiw halkara syýasy gatnaşyklary ösdürmäge we özara bähbitli ykdysady hyzmatdaşlygy berkitmäge gönükdirilen bu ugur dünýä bileleşiginiň goldawyna mynasyp bolýar diýipMilletiň Lideriniň belleýşi ýaly, biz ajaýyp döwürde - Täze galkynyş eýýamynda, eziz Watanymyzda beýik özgertmeleriň batly gadamlar bilen amala aşyrylýan döwründe ýaşaýarys. Ýurdumyzyň ähli künjeklerinde döredijilikli zähmet gaýnap joşýar, durmuş-medeni, saglygy goraýyş, önümçilik we beýleki maksatly iri desgalaryň gurluşygy güýçli depginler bilen alnyp barylýar. Şäherleriň we obalaryň durky täzelenýär, olarda gurulýan täze desgalar asyrlaryň dowamynda halkymyza hyzmat eder.. Örän gysga wagtyň - bary-ýogy üç ýylyň içinde ýurdumyzda umumy bahasy 6 milliard 500 million amerikan dollaryna golaý bolan iri desgalaryň 677-si gurlup, ulanmaga berildi. Şol desgalaryň hatarynda Türkmenistan-Hytaý we Türkmenistan-Eýran gaz geçirijileri, Amyderýanyň üstünden geçýän demir ýol köprüsi, täze senagat kärhanalary, polat ýollar, «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda gurlan desgalar, Garagumuň jümmüşindäki «Altyn asyr» Türkmen köli we beýleki köpsanly desgalar bar.diýip , hormatly Prezidentimiz nygtady.

Dünýäniň öňdebaryjy döwletleri, şeýle hem abraýly halkara guramalary, ilkinji nobatda bolsa, Birleşen Milletler Guramasy we onuň iri düzümleri, Ýewropada Howpsuzlyk we hyzmatdaşlyk guramasy (EHHG), Ýewropa Bileleşigi, Yslam konferensiýasy guramasy (YKG) we beýlekiler bilen netijeli hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de pugtalandyrmak Türkmenistanyň DIM-niň öňünde durýan esasy wezipeler hasaplanýar. Häzirki wagtda ähli ugurlar boýunça - goňşy ýurtlar, Ýewropanyň we Aziýanyň, Ýakyn we Orta Gündogaryň, Afrikanyň, Demirgazyk we Günorta Amerikanyň döwletleri bilen hyzmatdaşlygy giňeltmek boýunça teklipleriň taýýarlýar.

Hormatly Prezidentimiz - Häzir Türkmenistanda bilim ulgamyny kämilleşdirmek, dünýä ülňelerine laýyk getirmek, ýaş nesle döwrebap bilim-terbiýe bermek boýunça düýpli özgertmeler amala aşyrylýar – diýip öz çykyşlarynda nygtaýar. Elbetde ýaş nesle dünýä derejesinde bilim bermekde halkara gatnaşyklary hasda uly gerime eýe bolýar. Dünýä ykdysadyýeti – milli ykdysadyýetimiziň bir bölegidir. Türkmenistan döwletinde täze ykdysady gatnaşyklaryň döremegi we ösmegi ýaş nesle  şu ugurdan bilim bermek biziň Beýik Galkynyşlar we Özgertmeler döwrümiziň wajyp işleriniň biridir.

## I BAP .Dünýä ykdysadyýetiniň umumy häsiýetleri.

Soraglar:

1.Dünýä ykdysadyýetiniň manysy,döreýşi we ösüşi.
2.Dünýä bazarynyň esasy hadysalar: dünýä bahalary.

3.Dünýä ykdysadyýetinde indistutýal ösen we ykdysady yza galan ýurtlar.
4.Ösen ýurtlar we olaryň dünýä hojalygynda tutýan orny.

## I.Dünýä ykdysadyýetiniň manysy, döreýşi we ösüşi.

Häzirki zamanda islendik döwletiň ykdysadyýeti açyk ykdysady düzümden ybaratdyr. Şeýle diýildigi islendik hojalykda birnäçe göni we keseleýin daşary ykdysady gatnaşyklar bar, bu bolsa öz gezeginde dünýä ykdysadyýeti bolup durýar.

Dünýä ykdysadyýeti integrasion ýagdaýlaryň netijesinde dünýäde uzak möhletleriň dowamynda emele geldi. Şol ýagdaýlaryň kanunlaýyn emele gelşi, olaryň aýratynlyklary, taryhy geçişlerindäki häsiýetlerini öwrenmeklik bu – dünýä ykdysadyýetiniň esasy maksatlarydyr.Türkmenistanyň Prezidentiniň Beýik Galkynyşlar we Özgertmeler zamanasynda dünýä ykdysady we syýasy gatnaşyklary uly abraýa eýe bolýar. Onuň "açyk gapylar" syýasaty bütin dünýäniň ünsini özüne çekdi. Bu hem biziň ýurdymyzy bütün dünýä tanatdy.

Dünýä ykdysadyýetine uzak ýyllar şeýle anyklama beripdirler, ýagny: bu milli hojalyk toplumy bolup, olar özara birek-birek bilen hereket edýärler. Şondan soňra bu düşünjani ikä bölünýändigini ýagny – dünýä kapitalistik hojalyk dünýä sosialistik hojalyga bölüp, olaryň birek-birekden tapawudyny, 1 we 2 bölünşügiň ýetmezligi ýa-da bähbitliligini seredilip

başlandy. Gündogar Ýewropa we SSSR-iň sosialistik gurluşy üçin ýokardaky 2 bölünşik düýpli manysyny ýitirdi.

Dünýä ykdysadyýetine 2 hili düşünje bar:

- ✓ Ol halkara gatnaşyklaryň düzümi.
- ✓ Ol milli hojalygyň tutuşlaýyn düzümisir. Ony şekillendirsek ol şeýle bolýa
  - -halkara hojalyk
  - -milli hojalyk



1



2

Häzirki wagytda ikinji dogry diýip hasap edilýär.Kaptalistik gurluşdan oň dünýä ykdysadyýeti uly ýetmezçilikleri öz içine alýar.Ol ýetmezçilikler: ulag serişdeleriniň, aragatnaşygyň ýoklygy bilen düşündirilýär.Maşyn indisturiýasy halkara kapitalistik zähmetiň bölünşigine sebäp bolýar. Maşyn önümçiligi dünýä haryt üpjünçiligine mätäç bolýar,şeýlelikde örän arzan önümçilik resurslarynyň gözligine başlanylýar. Şeýdip dünýäde-kapitalistik dünýä bazary emele gelýär. Bu hadysa 2 dürli netije berýär:

❖Bir tarapdan metropol ýurtlar: Angliýa, Gollandiýa, Fransiýa ýurtlary özleriniň baýlyklaryny berkidip göçümlerini güýçlendirýärler.

❖Ikinji tarapdan kapitalizm ösüp ugraýar:Hindistan, Latyn Amerikasy, Günorta-Gündogar Aziýa, Afrika ýurtlary.

Diýmek kapitalistik önümçilik gatnaşyklarynyň kolonial territoriýalara aralaşmagy dünýä hojalygynyň emele gelmeginiň 1-nji basgangyjydyr.

Soňra dünýä söwdasyna 3-nji döwletleri (motropol we kolonial däl) özüne çekmek bilen we olara kapitalistik önümçilik gatnaşyklaryny aralaşdyrmak başlanýar.Bu bolsa monopolýany emele getirýär. Şeýlelikde dünýä hojalygynyň ýüze çykmagynyň 2-nji basgançagy döreýär.

3-nji basgançak XIX asyryň aýaklaryna döräp, ol kapitalistik monopoliýa bilen baglanşyklydyr.Bu döwürde kapitalyň daşyna çykmagy halkara gatnaşyklarynda söwdadan önümçilige geçilýän döwüri bolýar.

4-nji basgançak, bilen biziň häzirki ýaşaýan döwrümiz, onda dünýä hojalygy ykdysady we syýasy integrasiýa bilen baglanşyklydyr.Dünýä hojalygynyň emele gelmeginde esasan hem halkara zähmet bölünşigi ýatyr.

## II. **Dünýä bazarynyň esasy hadysalar: dünýä bahalary.**

Dünýä bazary – dürli ýurtlaryň milli bazarlarynyň toplumy bolup,olar biri-birlei bilen sowda ykdysady gatnaşyklary bilen baglanşyklydyr.

Dünýä bazaryna dünýä hojalygynyň derejesinde seredilýär.Dünýä ykdysadyýeti üçün talap we teklip çylşyrymly model hokümünde şu aşakdakylardan ybaratdyr:

- dünýä hojalygynda ähli subýekitler dürli kanunlara eýýedir,
- dürli zähme t öndirijilik derejesi,
- ilatyň dürli girdeýjilik derejesinden ybaratdyr.

Şoňa laýyklykda dürli ýurtlarda dünýä bazaryna çykmak üçün edilýän hereketler dürli ýagdaýlara getirýär (içki üýtgeşmeler,zähmet öndürijiliginiň pese gaçmagy ýa-da ýokaryk galmagy,gümrük we salgyt kanunlary .daşky üýtgeşmeler,emigratsiýon kanunlaryň berkemegi). Şu agzalan

görkezijileriň netijesinde dünýä bazary öz ululyklar toplumyny döredýär,ýagny dünýä talaby,dünýä teklibi,dünýä bahalary döreýär .

Dünýä bahalarynyň döremegi intagratsiýon hojalygynyň hadysalarynyň esaslary sebäpdir.Ol dünýä hojalygynda bolup geçýän umumy hadysalary aňladýar.

Dünýä bahalary – pul görnüşinde aňladylan dünýä önümçiliginiň bahalary bolup,ol dünýä bazaryny emele getirýär.

Dünýa bahasy diýip – eksport, import opersiýalarynyň uly söwdasynyň netijesinde satylan ýa –da alynan harydyň çykdajylaryna laýyk gelýän, baha bilen wagtyň deň gelmegine aýdylýar.

Şertnamadaky baglaşyljak bahalaryň dfünýä bahalaryna gabat gelrr ýaly birnäçe golaýlşdyrylan bahalar ulanylýar. Olara:

- güwähat
- preýskurant
- ýörite satuw bahalary
- uly teklipleriň bahalary degişli.

Güwähat bahalary – çig mala, ýarym taýýar önümlere.
Preýskurantlara bolsa taýýar önümler degişlidir. Preýskurant bahalry käbir döwletlerde catalog görnüşinde yzygiderli çap edlýär: ABŞ, Ýaponiýa, Fransiýa, Angliýa, Germaniýa.
Islendik bahalaryň harydyň ähli görnüşerine gabat geler ýaly komersiýa işinde düzediş ulanylýar. Şertnamadaky taýýar önümiň bahasy bellige alnyş ukyby boýunça:

- gaty
- typançak
- hereketli bolup biler.

Gaty baha – takyk san görnüşinde kesgitlenýär we olary üýtgetmek gadagan, şonuň üçin olar gysga wagtyň içinde ýerine ýetirilýär.

Typýan bahalar – enjamlar toplumy üçin ulanylýar we şertanama baglaşylan wagtyndaky şol önüme sarp edilen çykdajylary göz öňünde tutýar.

Hereketli bahalar –şertnama baglaşylanda kesgitlenýär we onuň gowy tarapy dünýä bahasy üýtgändede, indeksi üýtghändede özara ylalaşmaga mümkinçilik berýärlerler.

**Eksportyň/importyň ortaça nyrhlarynyň indeksi –** bu harytlaryň topary boýunça eksport/import möçberleriniň şu wagtky döwrüniň gymmatlyk möçberiniň (harytlaryň şu wagtky döwrüniň ortaça nyrhlarynyň olaryň şu wagtky döwrüniň umumy sanyna köpeldilmegi bilen hasaplanylan) esasdaky döwrüniň harytlaryň topary boýunça eksportyň we importyň gymmatlyk möçberlerine (harytlaryň esasdaky döwrüniň ortaça nyrhlarynyň olaryň şu wagtky döwrüniň umumy sanyna köpeldilmegi bilen hasaplanylan) bolan gatnaşygydyr.

Dünýä bahalarynyň dünýä bazarlarynda hereket edişlerine seredip geçsek onda bahalaryň dünýäniň maliýe we ykdysady durnyklylyga baglydygyna göz ýetirip bileris.

Nebitiň bahalary 50 dollardan ýokary bolan ýagdaýynda nebite baý Pars aýlagy ýurtlarynyň geljek 10 ýylyň dowamynda 9 trillion dollardan gowrak girdeji gazanjakdyklary mälim edildi. Emma geçen aýlarda nebitiň barrel bahalarynyň 150 dollara ýetendigi göz öňüne tutulanda bu mukdaryň has-da köpelip biljekdigi-de nygtalýar. Merkezi ABŞ-da ýerleşýän “McKinsey” maslahat beriş şereketi Pars aýlagy ýurtlarynyň nebitden gazanýan bu girdejilerini indi öz ýurtlaryna “siňdirmäge” başlandygyny, bu ýurtlarda ykdysady ösüş esasynda gazanylan durnuklylygyň şeýle maýa goýumlary goýmaga ýol açandygyny habar berýär Häzir Saud Arabystanyndan, Birleşen Arap Emirliklerinden, Kuweýtden, Katardan, Bahreýnden we Omandan ybarat bolan Pars aýlagy ýurtlary bütin dünýäniň kesgitlenen nebit ätiýaçlyklarynyň 40

göterimine, gaz ätiýaçlyklarynyň hem 23 göterimine eýe bolup durýar. Geçen ýyl Pars aýlagy ýurtlary uglewodorod gymmatlyklaryndan 380 milliard dollar girdeji gazanypdylar. Bu girdejiler Pars aýlagy ýurtlarynyň umumy içerki önümiň hem 50 göterimini emele getirýär. Häzir gürrüňi edilýän 6 döwlet dünýädäki nebitiň 23 göterimini, gazyň bolsa 8 göterimini öndürýär. Geljek ýyllarda nebit guýulary we nebiti gaýtadan işleýiş zawodlary üçin ýüz milliardlarça dollarlyk maýa goýum goýmagy maksat edinýän bu ýurtlaryň nebit çykarmak meselesinde beýleki nebit öndüriji ýurtlara garanyňda uly mümkinçilikleri bar. Pars aýlagy ýurtlarynda nebit ýeriň ýüzüne ýakyn ýerleşýändigi sebäpli bir barrellik nebiti almak üçin 1,5-5 dollar aralygynda pul harçlanýar. Bu mukdar Russiýada 7, Alýaskada bolsa 18 dollara çenli baryp ýetýär. Diňe bir uglewodorot çeşmelerine bagly bolup galmak islemeýän Pars aýlagy ýurtlary syýahatçylyk pudagy başlyklaýyn juda köp ugurlara maýa goýumlaryny goýýar we öz ýurtlaryna daşary ýurtly maýadarlary hem çekmäge çalyşýar2002-nji ýylda bu ýurtlara goýlan daşary ýurtly maýalaryň mukdary 3 milliarddan hem az bolan bolsa, ol geçen ýyl 45 milliard dollar çenli ýokarlandy. 1993-nji ýyldan bäri nebit satmakdan gazanan girdejileriniň 1,1 trillion dollaryny öz ýurtlaryna siňdiren Pars aýlagy ýurtlarynyň 2007-2020-nji ýyllar aralygynda amala aşyrjak maýa goýumlarynyň mukdarynyň 3 trillion dollara çenli ýokarlanmagyna garaşylýar. “McKinsey” şereketiniň habaryna görä, 6 ýurduň meýilleşdiren we häzir dowam edip duran gurluşyk taslamalarynyň jemi gymmaty 1,3 trillion dollar. Gurluşyk taslamalarynyň agramly bölegi syýahatçylyk sektoryna degişlidir. Bu Pars aýlagy ýurtlarynyň iň tiz ösýän sektorlarynyň birine öwrüldi. Geçen ýyl syýahatçylykdan 28 milliard dollar gazanan Pars aýlagy ýurtlarynyň 2017-nji ýylda ony 69 milliard dollara ýetirmegine garaşylýar. Geçen ýyl bu ýurtlara syýahata baran jemi syýahatçylaryň sany 37 milliondy.

III.Dünýä ykdysadyýetinde indisturýal ösen we ykdysady yza galan ýurtlar.

Dünýäniň hazirki zaman syýasy kartasynda 230-dan gowrak döwlet we territoriýalar bolup.olaryň 192-si özbaşdak.garaşsyz döwletlerdir.

Dünýäde miili hojalyklar esasy iki topara bölünýärler:

1.Ösen döwletler.

2.Ösýän döwletler.

Ösen döwletle ABŞ.Kanada.Günbatar ýewropanyň ýurtlary.AwstraliýaSoýuzy.Täze zelandiýa.Ysraýyl..Günorta Afrika respublikasydegişlidir.Olar bazar gatnaşyklarynyň kamilleşen derejesi JIÖ-miň jan başyna düşýän möçberiniň ýokarylygy bilen tapawutlanýar.Ýöne olaryň hem ykdysady ösüş derejesinde kabir tapawutlar görünýär.

Şonuň üçin olary öz gezeginde birnäçe topara bölmek mümkin.

1.Bu ýurtlar birnäçe eýýämiň geçmegi bilen dünýä ykdysadyýetiniň ösmegi netijesinde emele gelýär. Öňki ähli kolonial döwletler 1-nji topara, mätäçlik çekýänler 2-nji topara degişlidirler. Ösen we ösýän ýyrtlar deň hukukly däl hem bolsa olar biri-biriniň öwezini dolup durýarlar.

1-nji topara degişli ýurtlar-tebigy we zähmet resurslarynyň arzanlyny ulanyp, gymmat bahaly enjamlary, kapitaly we bilimi hödürleýärler.

2.Bu topara degişli ýurtlar tersine-gymmat kapitaly, bilimi, enjamlary ulanyp arzan-tebigy we zähmet resurslaryny hödürleýärler we öz ýurdynuň meýdançasyny önümçilikde ulanmaga hödürleýärler.

Dünýä hojalygynda uzak ýyltlaryň geçmegi netijesinde birnäçe döwletleriň aýratyn differensasiýasy döredi. Netijede industrial tarapdan has ösen we yza galýan ýurtlaryň içinden täze industrial ýurtlar, orta we pes girdejili, yza galýan ýurtlar emele geldi.

Dünýäde döwletleriň iň köp sanly görnüşi-ösýän döwletlerdir.Ösýän döwletlere gury ýeriň meýdanynyň ýarsyndan gowragyny eýeleýär we dünýäniň ilatynyň 3/5bölegini özünde jemleýän 150-ä golaý ýurtlar girýär.Bu dödwletler Aziýada.Afrikada.Latyn Amerikasy degişlidirler.Olaryň käbirleri (Eýran.Taýland.Ýegipet.latyn Amerikasynyň ýurtlary)baryp II-nji jahan urşundan has öň özbaşdaklyga eýediler.Bu ýurtlaryň içerki aýratynlyklary örän köpdürlidir.şonuň üçin –de ösýän döwletleriň arasynda hem birnäçe toparlary tapawutlandyrmak bolar.

*1–nji jedwel*

**Dünýäniň döwletleriniň durmuş-ykdysady ösüş derejeleri boýunça bölünişi ***

| Döwletler toplumy | Döwletleriň görnüşleri | Olara degişli döwletler |
|---|---|---|
| Ykdysady taýdan ösen döwletler („Demirgazygyň ýurtlary“) | „Uly sekizlik“ | ABŞ, Ýaponiýa, Germaniýa, Beýik Britaniýa, Fransiýa, Russiýa, Italiýa, Kanada |
| | Günbatar Ýewropanyň has ösen kiçi döwletleri | Awstriýa, Niderlandlar, Belgiýa, Şweýsariýa, Şwesiýa we başgalar |
| | Günbatar Ýewropanyň ykdysady ösüşde yza galan ýurtlary | Portugaliýa, Gresiýa we başgalar |
| | „Kapitalizmiň göçüp baran“ döwletleri | Awstraliýa, Täze Zelandiýa, Günorta Afrika Respublikasy, Ysraýyl |
| Ykdysady taýdan ösen döwletler (Demirgazygyň ýurtlary) | Günbatar Ýewropanyň has kiçi döwletleri | Andorra, Watikan, Lihtenşteýn, Malta, Monako, San-Marino |
| | Merkezi we Gündogar Ýewropa döwletleri | Polşa, Slowakiýa, Bolgariýa we başgalar |
| | GDA döwletleri | Azerbaýjan, Ermenistan, Belarus, Moldowa, Türkmenistan we beýlekiler |
| Ösýän döwletler („Günorta ýurtlar“) | Ösýän döwletleriň iň esasylary | Braziliýa, Hindistan, Meksika,Türkiýe, Eýran |
| | Täze industrial döwletler | Koreýa Respublikasy, Hytaý, Singapur, Taýwan, Malaýziýa we başgalar |
| | Dünýä bazaryna nebit çykarýan döwletler | Kuweýt, Saud Arabystany, Katar, Birleşen Arap Emirlikleri, Liwiýa, Bruneý we başgalar |
| | „Kireýine jaý (ýer)we binalary berýän“ döwletler | Bagam adalary, Liberiýa, Kipr we başgalar |
| | Ykdysady ösüşinde yza galan döwletler | Keniýa, Salwador, Senegal we başgalar |
| | Ykdysady ösüşinde has yza galan döwletler | Mali, Niger, Efiopiýa, Ruanda, Owganystan, Gaiti we başgalar |

Birinji topara baş.ýagny esasy diýlip atlandyrylýan döwletler-Hindistan.Braziliýa.Meksika we Argentina döwletleri degişlidir.

Ikihji topara durmyş –ykdysady ösüşde ýokary derejä ýeten +we JIÖ-niň jan başyna düşýän ululygynyň 10000 dollar ýokary görkezijisi bolan käbir ösýän döwletler girýärler.Olardan Urugwaý.Çili.Wenesuela.Aziýa we Demirgazyk Afrika döwletleri.

Üçünli topara täze industrial ýurtlaryň ikinji tapgyryny düzýän Malaziýa.Taýland.Filuppin we başgalar

Dördünji topara nebiti eksport edýan ýurtlar.degişlidirler Ol döwlerde JIÖ-miň jan başyna düşýänmöçberi 10-20 müň dollara barabardyr.Bular Pars aýlagyna degişli döwletler we Liwiýa.Bruneý döwleteridir.

Merkezi we Gündogar Ýewropa. GDA döwletlerini käwagtlar „Bazar ykdysadyýetine geçiş döwrüniň döwletleri „diýip aýratyn topara-da bölýärler.

II-nji jahan urşundan soň Amerika dünýä ykdysadyýetinde iň öňde barýan ýurtlaryň biridi, emma dünýä hojalygynyň ösmegi ABŞ-yň ornuny pese gaçyryp, Ýewropa ýurtlarynyň we Ýaponiýanyň ösmgine alyp bardy.Uruşdan soň dünýä önümçilik senagaty esasan hem üçburçlyk merkezine daýandy.Olar ABŞ, Gunbatar Ýewropa, Ýaponiýa.

1990-njy ýylda Ýaponiýa uly ösüşe eýýe boldy. Tehnologiki ösüşi öz eline alan ýurtlaryn içinde Ýaponiýa öňe düşüp başlady. Dünýädäki ähli eksport edilýän ýokary-tehnologiýanyň XX asyryň ahyryndaky görkezijileri:

- ABŞ-23.6%
- Ýaponiýa-22.1%
- Germaniýa-14.0%
- Fransiýa-7.4%

IV..Ösen ýurtlar we olaryň dünýä hojalygyndaky tutýan orny.

Dünýäniň ösen döwletleriniň arasynda aýratyn orny ýaňy -ýakynda hem ösýän döwletler üçin häsiýetli ykdysadyýeti bolan .“Täze industrial ýurtlar“diýlip atlandyrylýan döwletler eýeleýärler.

Täze indistruial ýurtlara degişli ýurtlar: Hytaý.Meksika,Brazilýýa,Argentina,Koreýa, Taýwan, Bankok Singapur,Malaziýa,Taýland,Günorta-Gündogar Aziýa we başgalar degişlidir.

Şu ýurtlar Ýaponiýa ýoly bilen ösüşe barýarlar,ýagny litzenziýa alyp ony netijeli ulanýarlar . Ondan başgada bu ýurtlary Ýaponiýa özüniň önümlerini berip,olary ýygnaýjy sehe öwürdi.

**Tablisa 1. Dünýade öndirilýan önümiň mukdaryna syn**
**(%-de ösüş depgini)**

| | | | Gaklamalar | |
|---|---|---|---|---|
| | 2006 | 2007 | **2008** | **2009** |
| Dünýade öndirilýan önümiň mukdary | 105,0 | 104,9 | ***103,7*** | ***103,8*** |
| Ykdysady ösen ýurtlar | 103,0 | 102,7 | ***101,3*** | ***101,3*** |
| ABŞ | 102,9 | 102,2 | ***100,5*** | ***100,6*** |
| Ýewro zolagy | 102,8 | 102,6 | ***101,4*** | ***101,2*** |
| Germaniýa | 102,9 | 102,5 | ***101,4*** | ***101,0*** |
| Fransiýa | 102,0 | 101,9 | ***101,4*** | ***101,2*** |
| Italiýa | 101,8 | 101,5 | ***100,3*** | ***100,3*** |
| Ispaniýa | 103,9 | 103,8 | ***101,8*** | ***101,7*** |
| Ýaponiýa | 102,4 | 102,1 | ***101,4*** | ***101,5*** |
| Beýik Britaniýa | 102,9 | 103,1 | ***101,6*** | ***101,6*** |
| Kanada | 102,8 | 102,7 | ***101,3*** | ***101,9*** |
| Başga ykdysady ösen ýurtlar | 104,5 | 104,6 | ***103,3*** | ***103,4*** |
| Aziýanyň täze industrial ýurtlary | 105,6 | 105,6 | ***104,0*** | ***104,4*** |
| *Bazar gatnaşyklaryna geçýän we ösüp barýan ýurtlar* | 107,8 | 107,9 | ***106,7*** | ***106,6*** |
| Afrika | 105,9 | 106,2 | ***106,3*** | ***106,4*** |
| Saharadan günorta çenli | 106,4 | 106,6 | ***106,6*** | ***106,7*** |
| Merkezi we Gündogar Ýewropa | 106,6 | 105,8 | ***104,4*** | ***104,3*** |
| Garaşsyz Döwlet Arkalaşygy | 108,2 | 108,5 | ***107,0*** | ***106,5*** |
| Russiýa | 107,4 | 108,1 | ***106,8*** | ***106,3*** |
| Russiýadan başgalar | 110,1 | 109,6 | ***107,4*** | ***107,0*** |
| Aziýanyň ösýän ýurtlary | 109,6 | 109,7 | ***108,2*** | ***108,4*** |
| Hytaý | 111,1 | 111,4 | ***109,3*** | ***109,5*** |
| Hindistan | 109,7 | 109,2 | ***107,9*** | ***108,0*** |
| ASEAN-5 | 105,7 | 106,3 | ***105,8*** | ***106,0*** |
| Ýakyn Gündogar | 105,8 | 105,8 | ***106,1*** | ***106,1*** |
| Ýeriň Günbatar bölegi | 105,5 | 105,6 | ***104,4*** | ***103,6*** |
| Braziliýa | 103,8 | 105,4 | ***104,8*** | ***103,7*** |
| Meksika | 104,8 | 103,3 | ***102,0*** | ***102,3*** |

Iň baý döwletlere degişliler, ýagny:

- Kuweýt, Birleşen Arap Emirligi,Sawut Arapystan,bular täze indesturýal ýurtlara degişli däldirler.Bu ýurtlar bir görnüşli spelizatsiýanyň hasabyna baýaýarlar (nebit-gazyň hasabyna).

Yza galan ýurtlaryň umumy görkezijileri:

- pes önümçilik derejesi we bir adama düşýän önümiň girdeýjisiniň pesligi,
- ilatyň sowatsyzlygy klassifikasiýanyň pesligi,
- çig mal eksportynyň pesligi,
- ilatyň köpelşi ýokary derejede,iş üpjinçiligi pes derejede.

Başgada şu aşakdaky görkezijiler ýurtlara täsir edip bilerler.Olardan:
- ilatyň gürligi,
- geýografik ýerleşişi,
- howwa şertleri,
- tebigy resurslar bilen üpjinçiligi,
- syýasy,ykdysady ösüş derejesi.

Energiýa göterijiniň bahasynyň galmagy,dollaryň hümmetiniň gaçmagy,eksportyň peselmegi,karz ukupsyzlygynyň durnuksyzlygy 1998-nji ýyldaky bergidarlyk krizisiniň ýüze çykmagyna getirdi 1987-nji ýullarda umumy bergidarlyk 842-den 1217 mlrd dollara ýetdi. Bergidarlyk Krizisiň ykdysady zyýany:

1. JIÖ –miň pese düşmegi (bergidar ýurtlara).
2. ösen ýurtlaryň maliýe-bank düzümine howpyň abanmagy.
3. ykdysady ösüşe päsgelçilik.

Şu aladalaryň çözgüdi:

**1) Birinji ýoly.** Ýurtlaryň iki taraplaýyn gepleşikler geçirmegi gerek, ýöne ol ýagdaýda krizis on ýyllyga çenli dowam eder.

**Ikinji ýoly.** Bergileriň bölegini ýatyrmaklyk. Ýöne bu ýagdaýda banklara we aksioner maliýe ugry bozýar we ösen ýurtlaryň salgyt töleýjilerine hem ýitgi bolýar. Şeýlelikde dünýä bergidarlygynyň aladalaryny çözmek örän kyndyr. Islendik krizis 10 ýyl dowam edýär.

Şeýlelikde ykdysady yza galýan ýurtlar ösen ýurtlar bilen gatnaşyklaryndan kanagatlanmaýarlar we olar “täze ykdysady tertip” döretmekligi haýyş edýärler. TYT “täze ykdysady tertip” şeyle soraglar seredýär:

1) Halkara maliýe institutlaryň agramly göwrümini ösen ýurtlaryň tutmagy (HBF).
2) Gümrükhana düzgüni, ýagny yza galýan ýurtlaryň harytlaryna pes tarif goýulmagy.
3) Şertnamalarda gelýän girdejileriň bölegini köpeltmek.
4) Söwda şertlerini gowulandyrmak, bergidarlyga täzeden seretmek, we daşary ýurt kömeginiň akymyny gowulandyrmak.

## II.BAP.Dünýä bazary we işçi güýji .

Soraglar:

1. Dünýä bazarynyň ýüze çykmagy we. Kaptalistik bazaryň häsiýetleri
2. Dünýä bazarynda işçi güýjiniň döremeginiň şertleri.
3. Dünýä bazarynda işçi güjüne bolan teklibiň we islegiň döremeginiň sebäpleri.

### 1.Dünýä bazarynyň ýüze çykmagy we Kaptalistik bazaryň häsiýetleri

Belli amerikan ykdysadyýetçileri Makkonnell we Brýu şeýle ýazýarlar – "Bazar – bu institut ýa-da mehanizm bolup, ol alyjylary we satyjylary birikdirýär ..." – diýip belleýärler. Bazar – bu haryt önümçiliginiň belli bir mehanizimidir.

Bazar - jemgiýetçilik zähmetiniň bölünmegine baglylykda ýüze çykypdyr.Gul eýýeçiligi döwründen başlap dünýä bazary ýüze çykypdyr (sebäbi,tebigy baýlygy köp bolupdyr,gul satypdyr,işçi güýji üçün hemme döwletler gul alypdyrlar). Finkiýa,Gadymy Ýegipit, Gresiýa,Rim baryp gul eýýeçiligi döwründe Gara deňziň ýokaryky,Ortaýer deňiziniň şäherleri bilen sowda edipdirler.Senagat öwrülşigi XIII asyrda Angilýada we Ýewropada,IX asyrda uly senagat kärhanalaryň döremegi bilen milli bazary,soňra bolsa kapitalistik bazary emele getirdi.

Kaptalistik bazaryň häsiýetleri.

Iň ulu soragly haryt hökümünde – maşyn senagaty giňden ösýär. Dünýä kapitalistik bazary üç bölege bölünýär:

1.Önümçilik ukybyny taýýarlaýyş döwri.

2.Dürli kärhanlarda maşyn önümçiligi.

3.Koparatiw döwri./

Häzirki zaman dünýä bazary iki häsiýete eýýedir.Olar:

- kapitalizmiň haryt tebagaty (iň gowy haryt),
- önümçilik anarhiýasy (taryhy we bäsleşik).

XX-nji asyrda dünýä kapitalistik bazary birnäçe krizise sezewar boldy.1914-1918 –nji ýyllardaky dünýä urşy dünýä bazarynyň ösüşüni togtatdy.Diňe 1924-nji ýylda dünýä kapitalistik bazary özüniň haryt aýlanşygyny uruşdan öňki ýagdaýyna getirýär.Rossiýada rewolýutsiýa wagtynda döwlet tarapyndan dünýä kapitalistik bazarynyň ýene bir krizisi bolýar.Ikinji jahan urşy hem dünýa kapitalistik bazarynyň soňky krizisidir.1945-nji ýylda ol ýene dikeldilýär,emma Aziýa we Afrika ýurtlarynyň syýasy garaşsyrlyk almagy ösen ýurtlar bilen özki gatnaşyklaryny bökdedýär.1950-nji ýyllar dünýä bazarynyň iň ösen ýyllarydyr.Şol ýyllarda eksportyň ortaça ösüşi – 6%,1960-nji ýyllarda- 8,2%,1970-nji ýylda -9,4% ýokarlanýar.XX asyryň ilkinji ýarymynda ykdysady regiýonal bloklar emele gelýär.Olardan hem integratsiýon taraplar emele gelýär.Ýagny:ES,NAFTA 1975-nji ýylda – LAES (26 döwlet),1967-nji ýylda – ASEAN emele geldi (7 döwlet).Häzirki zaman dünýä bazary özüniň funksenirlenmegi esasynda birnäçe aýratynlyklara eýýedir.Ýagny olardan:

- kapitalizimiň haryt tebigaty bilen häsiýetenýär.

Dünýä kapitalistik bazary düşewentligiň ýokarlandyryş çägini tiz üýtgedip bilýändigi bilen düşündirilýär.

## **Häzirki zaman dünýä bazarynyň ösüşi**.

Häzirki zaman dünýä bazarynda bäsdeşlik güýçlenýär we onyň täze usullary ýüze çykýar. Bäsleşigiň çäginde dünýä bazarynda ylmy-tehniki rewolýutsiýa esasy orun berilýär.Sebäbi soňky döwürde „Now-Haw“, „Önümiň tehniki derejesi“ diýen sözlere we görkezijilere uly üns berilýär.Ondan başgada önümiň hilini ýokarlandyrmak bilen üpjünçilik düzüminiň özgertmeleri we hyzmatlaryň dürli görnüşleri ýola goýulýar.

Mysal üçün:Ýaponiýanyň awtoulag kompaniýalay ABŞ bilen tehniki gatnaşyklaryň birnäçesini amala aşyrýar we onyň

bir görnüşine araçy firmalar degişlidir.Şeýlede häzirki zaman dünýä bazarynda marketing giňden ulanylýar. Soňky 10 ýylyň içinde dünýä bazarynda birža,auksiýon,sergi ýaly uly sowdalar geçirilýär.Häzirki zaman dünýä bazarynda sowdanyň giň ýaýran usulynyň biri tender sowdasydyr.

**2.Dünýä bazarynda işçi güjüniň döremeginiň şertleri.**

Dünýä bazarynda işçi güýji halkara ykdysady gatnaşyklaryň hetijesinde emele gelýär.

Halkara işçi güjüniň migratsiýasy - ol zähmete ukuply ilaty,bir ýurtdan başga ýurda ýerleşdirilmegine,göçürülmegine aýdylýar.

Ol önümçiligiň üýtgemegi ýa-da ýaşaýyş şertleriň netijesinde emele gelýär.Işçi güjüniň migratsiýasyna ykdysady we sosial ýagdaýlar sebäp boldy.Olardan:

- ýurtlaryň ykdysady ýagdaýynyň deň dälligi,
- ýurtlarda girdeýjiniň derejesiniň deň dälligi,
- dürli ýurtlarda işsizligiň düýp döter dürliligi,
- ykdysdy yza galan ýurtlarda zähmet resurslarynyň aýratynlyklary,
- ösen ýurtlarda zähmet hyzmatlarynyň arzanlygy.

XX asyrda ABŞ –da ortaça zähmet haky Indoneziýa garanda 23 esse köpdi.

Käbir döwletleriň demografiki görkezijileri.

| Ýurtlar | Ilatyň dykyzlylygy 1km2-adam | Ilatyň ortaça ösüşi % |
|---|---|---|
| ABŞ | 69 | 0.9 |
| Pakistan | 365 | 2.8 |
| Bangladeş | 2082 | 2.7 |
| Hidistan | 670 | 2.1 |
| Flippinler | 575 | 2.7 |

Hünär derejeleri boýunça (bilim, ylym) dünýä bazarynda işçi güýji 2 topara bölünýär.

- Pes hünär derejeli işgärler
- Ýokary hünär derejeli işggärler

Işçi güýjüniň ýerleşişi: çykmak (integrasiýa) we girmek (immigrasiýa) ugurlaryndan durýar. Şu ikisiniň tapawudy arassa migrasiýasynyň göwrümini emele getirýär. Olaryň bahasy bolsa aýlaw migrasiýasynyň göwrümini emele getirýär.IX we XX asyrlarda toparlaýyn işçi güýjü Ýewropadan Amerika geçdi (19 mln adam).

Dünýä bazarynda işçi güjüne bolan teklibiň we islegiň döremeginiň sebäpleri. . .

**Işçi güýjüne bolan islegiň we teklbiň grafigi.**




- P-aýlyk hakynyň derejesi
- Q-Adam sany
- S-teklip
- D-isleg

Teklibiň çyzgysy S zähmet resurslarynyň bahasyna baglydyr we teklibiň göwrümi bilen arabaglanşygyny görkezýär.Eger-de zähmet resurslarynyň bahasy arzan bolsa isleg şonçada ýokarydyr. Dünýä bazarynda işçi güýjüne isleg we teklip döredýän önümüň bahasydyr. Ol diýildigi, aýlyk hakynyň derejesi göz öňünde tutulýar. Ondan başgsda islegiň we telibiň bahasyz faktorlaryda bardyr.

Islegiň bahasyz faktorlary:

- ýerli zähmet bazarlarynda durnyksyzlyk derejesi,
- işgärleriň klasifikasiýa derejesi,

- tehniki we tehnologiki derejesi,
- tebigy resurslaryň netijellik derejesi,
- zähmet öndürijilik derejesi,
- walýuta karzlarynyň üýtgemesi,
- eksport we import gatnaşyklarynyň üýtgemegi.

Teklibiň bahasyz faktorlary:

- ilatyň hakyky ösüş derejesi,
- telekeçilik ukyplylygy,
- zähmet bazarynyň darlygy,
- zähmet hakyndan närazylyk,
- ýaşaýyş ýeriniň üýtgemegi,
- döwlet dolandyrylşy.

Işçi güýjüniň deňagramlylygy (U) dünýä bazarynda islegiň we teklibiň kesişen ýerinde emele gelýär:

**Işçi güýjüniň deň agramlylygynyň çyzgysy.**



## III BAP Halkara sowda geleşiklerini taýýarlamagyň esasy tapgyrlary.

Soraglar:

1.Sowda şertnamasynyň tarapdary dünýä bazarynda we olary saýlamagyň aýratynlyklary.
2.Halkara sowda firmalarynyň şertleşik toparlaryny öwrenmek we maglumatlary ýygnama işiniň gurnalşy.
3.Firma barada maglumat kartasy.
4.Halkara sowda geleşikleri taýýarlananda bahalary seljermegiň esasy usullary.
5.Täjirçilik tekliplériniň we isleglériniň taýýarlanylşy.

### 1.Söwda şertnamasynyň tarapdary dünýä bazarynda we olary saýlamagyň aýratynlyklary.

Halkara söwda işini üstünlikli amala aşyrmagyň esasy aýratynlyklarynyň biri hem maksadalaýyk söwda şertleşiginiň tarapdaryny saýlap bilmekdir. Söwda şertleşigiň tarapdary - munuň özi söwda geleşigi üçin alyp-satmak ýa-da dürli hyzmatlary amala aşyrmak üçin şertnama kabul eden taraplardyr. Satyjynyň tarapy-eksportýor alyjynyň tarapy-importýor bolup durýar, kärende berijiniňki- kärendeçi, potratçynyňky- iş buýrujy, algylynyňky-bergili we iş söwda şertleşiginiň tarapdary-

Özüniň amala aşyrýan işine laýyklykda döwlet kärhanalary, guramalary, hususy firmalar telekeçiler bolup durýarlar. Firma- munuň özi girdeji gazanmak maksady bilen telekeçilik işlerini amala aşyrýan kärhanadyr. Dünýä bazarynda hereket edýän firmalar özleriniň amala aşyrýan işleriniň görnüşine häsiýetine, hukuk düzgünine we eýeçilik gatnaşynlaryna görä dürli -dürli bolýarlar.

**Ugurlary boýunça** senagat, söwda, ulag, injenering, syýahat we başga dürli şertleşik tarapdarlary bolup çykyş

edýän firmalar bolup bilýärler. Hukuk esaslary boýunça firmalar- aksionerler kompaniýasy (şereket), çäklen jogapkärçilikli jemgyýetler, hususy kärhanalar, telekeçiler bolup bilýärler.

Emläk gatnaşyklary boýunça bolsa döwlet, şahsy görnüşde bolup maýa goýumlary garyşyk we halkara ýurt firmalary bilen bilelikde bolup bilýärler.

Öz ýetirýän işleriniň göwrümi boýunça firmalar uly, orta we kiçi kompaniýalara bölünýärler, ýöne hemme ýurtlarda bu düşünjeler deň däldir. Bilelikdäki telekeçiligiň dürli usullaryny ulanmak, bilelikdäki maýa goýumly firmalaryň köpelmegine getirýär. Halkara söwda çärelerini amala aşyrylmaga taýýarlyk.görülýän döwründe oňa gatnaşyjylar öz bäsdeşlerini, şertnama gatnaşjak taraplary we belli bir firmalary we guramalary içgin öwrenip başlaýarlar.Öz bäsdeşini anykly öwrenmek, oňa baha bermek halkary söwda işiniň esasy ugurlarynyň biridir we muňa halkara söwdasyna gatnaşyjylar uly üns berýärler. Dünýä bazarynyň söwdalarynda durnuksyzlyk dörän wagty, daşary ýurt firmalaryny seçip saýlamakdaky üýtgeşmelerde olar bilen uzak möhletli işewür gatnaşyklaryny açmaga örän seresap çemeleşýärler.

Söwda bäsdeşini, ýagny şertleşik tarapy saýlap almagyň köp sanly aýratyn usullary bolýar, ýöne telekeçiler bu babatda esasanam bar bolan umumy düzgünlerden peýdalanýarlar.

Söwda tarapdarynyny saýlamak esasanam amala aşyryljak bolunýan geleşigine (daşary ýurda haryt ibermek, getirmek we başgalar) bagly bolýar. Bu ýagdaýda iki sany sorag ýüze çykýar:

**a)** Haýsy ýurtdan

**b)** Haýsy firmadan haryt satyn alsaň ýa-da haýsy firma harydy satsaň boljak

Şol ýurt saýlananda ykdusady düşünjeler bilen birlikde şol ýurdyň söwda-syýasy gatnaşyklaryny göz öňüne tutmaly. Haýsy ýerde oňat işewür gatnaşyklar ýola goýulýan, şertnama hukuk esaslaryna uly üns berilýän bolsa şolar bilen aragatnaşygy başlamaga ymtylmaly.

Şeýle firmalary saýlanynda bäsdeşleriň işleriniň şu aşakdaky ugurlaryny öwrenmeli:

1) tehnologiýasy-firmanyň önüminiň tehniki derejesini, onuň önümçilik, kuwwatyny we tehnologiki özenini,
2) ylymy-tehnikasyny- onuň ylmy barlag we tejribe konstruktorçylyk, guramaçylylygy, olaryň çykdajylar barada maglumatlary,
3) guramaçylygyny- firmany dolandyrmakdan guramaçylyk ykybyny,
4) ykdysadyýetini- maliýe ýagdaýyna we mümkiçiliklerine baha bermeli,
5) hukugyny- şol tarapyň ýyrdunda hereket edýän we göz öňüne tutulan söwdanyň ýola goýulmagyna täsir edip biljek kada-kanunlary we düzgünleri.

Ähli toplanan tejribeleri, umumy ykrar edilen usullary jemläp özüňe gerekli bäsdeşlere baha bermekde, olaryň ygtybarlylygyny, peýdalylygyny anyklamakda taraplary maksada laýyk saýlamakda birnäçe ýörelgelerden ugur alynýar.

Ilki bilen bäsdeşiň durnuklyk derejesine uly üns bermeli. Bu dereje onuň işiniň san taýdan görkezijileri, geçirýän çäreleriniň göwrümi, töleg we karz mümkünçiligi we bank tarapyndan oňa edilýän ynam bolup durýar. Umuman firmanyň önümçilik- söwda görkezijilerini iki topara bölüp bolýar: umumy we hususy.

**Umumy görkezijilerde**: firmanyň san girdejisini, haryt aýlanyşygynyň möçberini, önümçilik- bazar işleriniň netijeliliginiň görkezijilerini, ösüşiň derejesini, dolanşyk maýa goýumlarynyň hil we san taýdan görkezijilerini, olardan eterlik

töleg serişdeleriniň sanyny, esasy we dolanşyk maýalarynyň gatnaşygyny we ş.m. görkezmek bolýar.

Hususy görkezijiler bäsdeşiň ýagdaýyna hemme taraplaýyn baha bermäge we olary seljermäge uly mümkinçilik berýär. Bularyň içinden töleg ukuplylygyny görkezýän we talap edilen wagty töleg serişdeleriniň ýeterlikliginiň görkezijilerini almak bolýar.

Firmanyň işiniň esasy görkezijilerine şu aşakdakylar girýärler:

a) firmanyň gazanan sap girdejisi.
b) firmanyň önüm ýerleşdiriş göwrümi ýa-da dolanşygy.
c) gazanan sap girdejisiniň ähli maýasyna bolan gatnaşygyndan hasaplanan netijeliligi, netijililiginiň möçberi adatça aksiýalara tölenýän diwidentleriň (aksionerleriň gidejileriniň) möçberlerini görkezýär. Bu bolsa biržalarda firmanyň aksiýasyna baha bermekde uly tutaryk bolýar.
d) firmanyň aktiwleriniň (hususy seriňdelerine we maýalaryna) ýerleşdiriş göwrümine bolan gatnaşygyndan hasaplanýan maýa girdejiniň derejesi. Bu görkeziji firmanyň önüm önderjilik ukybyny, ykdysady peýdasyny anyklamakda ulanylar.
e) maýasynyň ösüşini derejesi we ýerleşdiriş göwrümi.
f) malýe özbaşdaklygynyň derejesi- bu görkeziji firmanyň beýleki maliýe-önümçilik toparlarynyň işinden garawlylygegni alamatlandyrýar. Hususy maýasynyň ähli maýa goýularyna bolan gatnaşygy bilen kesgitlenilýär.
g) öwezini dolmak derejesi- töleg ukyby, hereketdäki maýasynyň gysga möhletleýin borçlaryna bolan gatnaşygy arkaly kesgitlenýär.
h) islegiň derejesi- firmanyň önüme bolan islegi häsiýetlendirýär. Bu görkezijiniň pese gaçmagy firmanyň öz önümlerini has gymmat bahadan satmak üçin

ýygnaýanlygyny ýa-da oňa bolan islegiň pese gaçanlygyny aňladýar. Firmanyň ýerleşdiriň göwrüminiň maddy-önümçilige ätiýaçlyklaryna bolan gatnaşygyndan hasaplanylýar.

Firmanyň durnuklylygyny anyklamak üçin onda işläp işgärleriň sanyny (şol sanda ylmy barlag we tejribe konstruktorçylyk işi bilen meşgullanýarlar), kärhanalarynyň sany we önümçilik meýdanynyň göwrümi, öndürýän önümiň görnüşleri we beýleki görkezijileri ulansaň hem bolýar.

Firmanyň saýlamagyň başga bir görnüşleriniň biri hem onuň işewür häsiýetnamasydyr ýagny işiwürlik derejesidir. Bu bolsa onuň öz borçlaryny ýerine ýetirmekde görkezýän işjeňligi, anyklygy, arassalygy söwda işinde tejribesi,bäsdeşiniň edýän tekliplerine bolan garaýyşy, oňa bolan gatnaşygy, emele gelýän kynçylyklary, düşünşilizlekleri gepleşikler arkaly çözmäge ymtylyşy bilen ölçenilýär.

Firmanyň işjeň ykuplylygy diňe onuň durnuklylygy ýa-da görkezijileri bilen ölçenmän eýsem onuň köp ýylaryň dowamynda alyp baran telekeçilik işiniň netijeleri, tejribesi bilen hem ölçenilýär.

Şol seljermelere onuň köp ýyllaryň dowamynda alyp baran söwda geleşikleriniň sanawydyr. Egerde firmalar-bäsdeşler saýalnan wagty, olaryň ähli görkezijileri barmeňzeş bnolan çagynda, onda firmanyň özüne oňat görkezeni saýýarlar. Özüňe mynasyp tarypy saýlamak onuň şol bazardaky tutýan orny bilen hem ölçelinýär. Onuň önümi özi öndürýänligi aý-da alyp atarlygy göz öňüne tutulýar. Telekeçiler söwda geleşiklerini taýarlamaklarda ýa-da amala aşyranlarynda aralukdaky alyp satarlardan sowlup hereket etjek bolýarlar, sebäbi düşjek girdejiniň hemmesi özlerine galar ýaly. Emma şeýlede bolsa dellalçylyk hyzmatyndan hem zerur wagty peýdalanmaly bolýar. Şol aralykdaky dellalary hem saýlamaga örän seresap çemeleşmelidir. Halkara ýurt firmalarynyň

aglabasy haryt satyn alyş işini ýola goýmak bilen şol bir wagtyň özünde hem ony satmagynyň çärelerini görüp başlaýarlar. Bu iş bolsa halkara söwda tejribesinde harytlaryň ýerleşdirmeginiň göwrüminiň ginelmegine getirýär we tölegleriň wagtly-wagtynda geçirilip, walýutanyň tiz aýlanmasyny üpjün edýär. Şonuň üçinem halkara ýurtly haryt getirijä we haryt satyn alyja degerli sarpa goýulmalydyr.

## Halkara söwda firmalarynyň şertleşik taraplaryny öwrenmek we maglumatlar ýygnamak işiniň gurnalyşy.

Söwdada şertleşik tarapyny, ýagny öz bäsdeşini saýlap-seçip almak işi iň bir wajyp işleriň biri bolup durýar. Şonuň üçinem kärhanalar we guramalar bu çäräni amala aşyrmagyň maksada laýyk usullaryny özleşdirmelidirler. Diňe gepleşikler taýarlanýan wagty geldi-geçer maglumatlar esasynda firmalar bilen iş salyşmak ýalňyşlyga getirilip biler.Şonyň üçin bu iş yzygiderli we anyk alynyp barylmalydyr.

Hereket edýän telekeçilik işi firmalary saýlap almak üçin şu aşkdaky çäreleri geçirmelidirler:

a) göz öňüne tutulýan gepleşiklere gatnaşjak firmalar barada maglumat ýygnamak,
b) şertnama baglanyşylan firmanyň ýa-da guramanyň işine tapgyrlaýyn gözegçiligi amala aşyrmak,
c) täze firmalary we guramalary tapyp olaryň işini öwrenmek,
d) haryt satyn almak we satmak mksady bilen bazarlarynyň ýagdaýyny we gurluşyny yzygiderli öwrenmek,
e) haryt bazarynda görnükli orun alyp firmalary iş ýerine gözegçilik etmek.

Firmalaryň işini öwrenmek üçin ilki bilen olar barada anyk maglumatlary ýygnamak soň olary hökmany suratda belli bir kada getirmeli. Maglumat ýygnamak üçin bolsa ähli mümkin bolan serişdeleri ulanyp bolýar. Bu bolsa daşary söwdasynda her bir firmanyň adaty işleriniň biridir.

Firmalar baradaky maglumatlar ýygyndysyna girmeli soraglar iki topara bölünýärler:

1. firma barada umumy häsiýetnama: önümçiligiň görnüşi, alyp barýan işleriň esasy ugurlary, önümiňgörnüşleri, ýerleşdirşiň göwrümi webeýleki maglumatlar we firmanyň şol haryt boýunça bazarda tutýan orny,
2. şertnama baglaşmaga degişli bolan öwrenilmeli soraglar: töleg we karz ukyby, maliýe ýagdaýy, müşderlerden gelýän buýrmalaryň göwrümi, beýleki firmalar we döwlet edaralary bilen gatnaşyjygy. Muňa firmanyň wekilleriniň iş häsiýetnamasy hem girýär.

Iň esasy maglumatlary biri hem firmanyň wekilleri bilen duşuşlykda ýa-da gepleşik geçirilenden alynýan maglumatlardyr. Goşmaça maglumatlarhökmünde ol firma barada çap edlen gollanmalar, ýyllyk hasabatlar we başga ýörite çykarylýan ulansaň bolýar we firma barada bank habarlary. Firma baradaky maglumatlar ýygyndysyna halkara söwda guramalarynyň ýönekeý we ýörite çap edýän söwda guramalaryny hem ulanylýar. Şeýle resminamalara şu aşakdakylar girýärler:

a. firmanyň  kartasy- esasy resminama bolup, onda firma gerekli köp taraply maglumatlar ýygnalynýar,  firma bilen gepleşikeleriň maglumatlary
b. işewür gatnaşyklar baradaky magumat.

Firmanyň kartasy- firmanyň işini öwrenmek üçin oňa häsiýetnama bermäge ukyply gerek ähli maglumatlary ýygnamagy we beriljek soraglar toparyny öz içine alýan anketa:

1. döwletiň ady, firmanyň aragatnaşyk we telegraf salgysy , telefaksynyň belgisi görkezizilýär,
2. firmanyň döredilen ýyly,
3. söwdasynyň görnüşi, önümçiligi (tehniki harytlarynyň häsiýetnamasy, tehniki täzelikleri) we hyzmatlarynyň häsiýetnamasy,

4. önümçilik kuwwaty, söwda dolanyşygy, işleýän işgärleriniň sany, önümçilik mümkinçiliklei we önümçiligiň göwrümi (ýyllar boýunça),
5. maliýe ýafdaýy,
6. bölümleri baradaky maglumat, beýleki gatnaşyklary,
7. firmanyň iş esasy bäsdeşleri,
8. firmanyň kemçilik taraplarynyň häsiýetnamasy (borçlaryny ýerine ýetirmeýänligi, arbitraž we sud işleri we ş.m.).

Firma baradaky maglumatlary ýygnamak we kadalaşdyrmak üçin firmany häsiýetlendirýän iş maglumatlar toplumy ýygnalynýar: gysgaly maglumatlar, möwsümleýin maglumatlary, käbir monografiýalar, kataloglar, ýubileý we reklama  ýygyndylary, ýyllyk hasabaty. Firmanyň kartasy doldurylýan wagtynda onuň işiniň hemmetaraplaýyn görkezýän bölümlerine üns bermeli. Mysal üçin önümçiliginiň kuwwatyny görkezýän bölümde önüm öndürilişiniň göwrümi, işçilier we gullukçylar, esasy kärhanalar, önümçilik meýdançalarynyň möçberi, enjam birlikleriniň sany görkezilmelidir.

Söwda dolanyşygy baradaky maglumatlarda bolsa firmanyň, edaralaryň, bölümleriniň dukanlarynyň, ammarlarynyň sany we ýyllyk dolanyşygy görkezilýär. Şol bir harytlary  öndürmekde, olary halkara ýurda ibermekde (getirmekde) firmanyň tutýan ornyny anyklamak.

Maliýa ýagdaýy baradaky maglumatlar bolsa onuň balansynda, hasabatlaryndan, bank kepilnamalaryndan, söwda wekilhanalarynyň maglumatlaryndan almak bolýar. Bu bölüm (ýyllyk) maýalarynyň göwrümi (aksioner-paýdarlar) dolanyşygy girdejileri, çykdajylary, maliýa maglumatlary (töleg we karz ukybyny, haýsy banklaryň karzlaryny ulanýanlygy  we ş.m.) girýär. “Kapital” diýilen bölüminde aksioner jemgyýetleri üçin dörediji maýa goýumlaryny bildiriş edileni däl-de töleneni görkezilýär. Hökmany suratda firmany ätiýaçlandyrylan maýasy ýa-da fondlary görkezilmelidir.

Ätiýaçlandyrylan maýa goýumlaryna: bölünmedik girdeji, belli ätiýaçlandyrylmalar, bularyň hemmesiň adatdan daşary çykdajylary we emele gelen bergileri ýapmak üçin niýetlenendir. Maýa goýumlary baradaky maglumatlary olaryň işlän ýyllaryndan görkezilip başlanylmalydyr. Firmanyň gatnaşyjylary baradaky bölümde onuň bölümleriniň beýleki gurluşlary, olara bolan maýa goýumlaryny, olar bilen gatnaşygynyň görnüşini häsiýetini (gözegçiligi doly alyp barşyny, aksiýalara eýeçiligini ýa-da telekeçilik ylalaşygyny we ş.m.) görkezilmelidir. Iň esasy bäsdeşleri baradaky bölümde bäsdeş firmanyň ýurduny, şol bäsdeşiniň önümini, harydyny görkezmelidir.

Firmanyň eýeleri baradaky bölümde bolsa ýuridiki we fiziki taraplaryň atlaryny, şol firma eýeçilik edýänlerini doly maglumatlary görkezilmelidir. Egerde birnäçe eslar bar bolsa onda olary firmanyň maýa goýumlaryndaky paýlarynyň möçberi görkezilmelidir.

Aksioner jemgyýetleri üçin bolsa aksionerleriň familiýalary (iň köp paýyň eýeleri), firmanyň ýolbaşçynyň, halkara söwda alyp barýan jogapkär işgäriň familiýasy we hili barada işlerini görkezilmelidir.

Kartada getirilen ähli maglumatlaryň nähili döwre degişlidigi we haýsy çeşmelerde alynandygy bellenilmelidir. Bulardan başgada şol kartalara şu aşakdakylar girizilmelidirler:

1. ýolbaşçylaryň, eýeleriň, daşary ýurt bilen söwda aragatnaşygyna jogap berýän jogapkär işgäriň häsiýetnamasy,
2. hojalyk ýyly üçin balansynyň maglumatlary,
3. firmanyň söwda gatnaşyklary baradaky maglumatlar (firmany gepleşikleri alyp barşy, söwdany amala aşyryşy, geleşikleriň netijesi we ş.m.)

Firma kartalary firmalary öwrenmekde derwaýysdyr. Döwlet, ýarym döwlet we kooperatiw guramalary, firma

kartalardan başga şu aşakdaky soraglar boýunça maglumatlary ulanmalydyrlar:

4. öwrenilýän guramanyň haýsy harytlara we haýsy döwletiň çäklerindäki harytlara monopol hukugyny,

5.harydy satmakda ýa-da satyn almakda soňky ýyllardaky tutýan orny,

6.guramanyň döremegine nämeler täsir edipdirler,

7.gurama hökmüniň haýsy edarasyna degişli,

8. guramaçylyk gurluşy we dolandyryşynyň taslamasy,

9.içki bazardaky hereketi we ýagdaýy, hususy sektor bilen gatnaşygy.

Döwlet,ýarym döwlet we kooperatiw guramalar boýunça häsiýetnama düzülende onuň döwlet edaralary bilen gatnaşygy we ykdysadyýetçi tutýan orny, görkezilmelidir, ýolbaşçylary baradaky häsiýetnamada bolsa partiýalara degişliligi döwletiň işewür adamlara bilen şahsy gatnaşygy görkezilmelidir. Ýöriteleşdirilen firmalaryň hataryna agent firmalary girýär. Bular barada naglumat taýarlanynda taraplaryň ylylalaşygynyň (agent ylalaşygynyň) möhleti, önümiň ýa-da harydyň satylyşynyň iň pes göwrümi, olaryň görnüşi we ş.m. göz öňüne tutulmalydyrlar.

Firmalar barada häsiýetnama taýarlanylanynda gepleşikleriň işewür gatnaşyklaryň netijeleri baradaky maglumatlar ýygnalmalydyr. Bularda iş ýerleriň gepleşiklerde, duşuşyklarda şonuň gözegçiligi, sançygy arkaly gerekli adamlar baradaky maglumatlar, olaryň firmalarda bolanlarynda emele gelen täsirlerden dörän maglumatlar bolmaly. Bu maglumatlar firmanyň işewür häsiýetnamasyny öwreninde uly orun tutýar.

Gepleşikler baradaky magalumatlar gepleşikler geçirilinden soň düzülýär. Olaryň iň esasy soraglary:

- ✓ gepleşikleriň maksady,
- ✓ gepleşikleriň netijesi,

- ✓ gepleşikleri geçiren firmanyň wekileriniň häsiýetnamasy (güýçli we pes taraplary) telekeçilik we tehniki soraglardan baş alyp çykyşy,
- ✓ firmanyň gepleşiklerde özüni alyp baryşy,
- ✓ beýleki bäsdeşleri bilen işewür gatnaşygy.

Işewür gatnaşyklar barada maglumatlar beýleki maglumatlar ýaly her tapgyrda ýylda bir gezek doldurylýar we şol ýylyň içindäki edilen işleri häsiýetlendirýär. Olarda firmanyň şertynamalaryň şertlerini ýerine ýetirişi, onuň wekileriniň işewür häsiýeti, şol şertnamany mundan beýlkde ösdürmäge bolan islegi ýaly maglumatlar bolýar.

Firma baradaky maglumatlar ýygyndysy yzygiderli doldurylyp durulýar we täze geleşiklere taýýarlyk görülýän döwründe goşmaça maglumatlar ýygnalýar.

**Firma barada maglumat kartasy.**

Firma ________________________________

Salgdy________________________________

Döwlet ______________________________

Telegraf adresi Faks

Döredilen ýyly Modem

**Teletaýp**

Söwda aragatnaşygy ýola goýan beýleki firmalar

## 1 Firmanyň umumy häsiýetnamasy.

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Iş ugurlary | Önümçilik, söwda potrat, delalçylyk, üljünçilik. |
| 2 | Biz bilen nähili gatnaşykda durar | Kontragent, agent, garşydaş, göz öňüne tutulgy tarap. |
| 3 | Hukuk görnüşi | Ýekebara, şereket, jogapkärçiligi çäklendirilen jemgyýet, auksioner jemgyýeti. |
| 4 | Eýeçiligiň görnüşi | Hususy, döwlet, bilelikdäki, koperatiw. |
| 5 | Milli maýa eýeçiligi | Milli, bilelikde, halkara ýurtlary. |
| 6 | Önümleriniň görnüşi | |
| 7 | Satyn alyş görnüşi | |
| 8 | Daşary ýurta çykarýan önümleriniň görnüşi | |
| 9 | Öndürýän önümiňiň dünýä we milli önümçilikde tutýan göwrümi | Paý %, ýeri |
| 10 | Haýsy banklaryň karz pulyny ulanýar | Bankyň ady, karz puluň möçberi |
| 11 | Firmanyň eýeleri ýa-da dörediji kompaniýa (aksioner maýanyň bölüniş %) | |
| 12 | Haýsy monopoliýa (maliýa toparyna) girýär | |
| 13 | Firmanyň bölümleri | Ady, firmanyň ady, paýy %, haryt |
| 14 | Esasy bäsdeşleri | |
| 15 | Firmanyň beýleki kompaniýalar bilen aragatnaşygy | Kompaniýanyň ady, aragatnaşygynyň häsiýeti |
| 16 | Maddy tehniki bazasy (zawodlary, ammarlary, dükanlary, tehniki gulluk nokatlary, nirede ýerleşen, näçe sany, işgärleriň sany we beýleki maglumatlar) | |
| 17 | Hususy barlag merkezi barmy | Howa, ýok, göz öňüne tutulýar. |
| 18 | Hususy pantent barmy | Howa (az, köp), ýok |
| 19 | Firmanyň maliýe ýagdaýy | Oňat, kanagatlanarly, agyr |
| 20 | Haýsy ýurtlar bilen söwda edýär | |

**2. Maliýe-ykdysady görkezijileri.**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Aksioner maýasy (töleneni, mälim edilen, hususy maliýasy) | Ýyllar |
| 2 | Dolanşygyň aktiwi girdeji (sap, umumy) | |
| 3 | Işgärleriň sany | |
| 4 | Ylmy barlaglara edilen harajatlar | |

**3. Firmanyň ýolbaşçy topary**

| Ady, familiýasy | | **Wezipesi** |
|---|---|---|
| 1 | | |
| 2 | | |
| 3 | | |
| 4 | | |

**4. Firmanyň işewür häsiýetnamasy.**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Bäsdeşiň umumy şertlerini kabul edýär | Doly, ýarym, kabul etmeýär |
| 2 | Şertleşen borçlaryny ýerine ýetirýär | Tüýs ýürekden, hemme wagt däl jogapkärsiz |
| 3 | Ýerleşdirmegiň möhletlerini ýerine ýetirişi | Berk, her wagt-da däl, tertibe görä |
| 4 | Töleg geçirişi | Wagtynda, gije galmaly bolýar, köp gijä galýar |
| 5 | Tölegiň görnüşleri | Akkredetiw, tratta, inkassa, çek |
| 6 | Baha kesişi | Gaty, ýagdaý görä |
| 7 | Pese gaçyrýan möçberi | Az, ýagdaýa görä, uly däl |
| 8 | Harydyň hili | Oňat, kanagatlanarly, pes |
| 9 | Garşylyklaýyn satyn almak barglaryny kabul edýär | Kabul edýär, kynçylyk bilen, kabul etmeýär |
| 10 | Tehniki resminamalaryň hili boýunça närazylyklary durýar | Elmydama, käwagt, hiç haçan |
| 11 | Jedelli soraglary çözýär | Dostlukly, agyr, arbitraž üsti bilen |
| 12 | Arbitraž işleri | Ýok, käbir halatda, mydama |
| 13 | Biz bilen işlemäge isleg bildirýär | Örän, az bildirýär, bildirmeýär |

| | | |
|---|---|---|
| 14 | Öz zawodlaryna baryp görmäge mümkinçilik döredýär | Döredýär, kynlyk bilen, döretmeýär |
| 15 | Firma bilen işewür aragatnaşygy ýola goýmak zerur | Hökmany, käbir halatlarda, maksada laýyk däk |

## 5. Firmanyň wekiliniň häsiýetnamasy.

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Ady, atasynyň ady, familiýasy | - |
| 2 | Wezipesi | - |
| 3 | Ýaşy | - |
| 4 | Milleti | - |
| 5 | Maşgala ýagdaýy | - |
| 6 | Çagalaryň sany | - |
| 7 | Bilimi | - |
| 8 | Şahsy eýeçiligi we onuň möçberi | - |
| 9 | Syýasy partiýalara gatnaşýar | - |
| 10 | Haýsy dilleri bilýär | - |
| 11 | Haýsy ýyldan bäri firmada işleýär | - |
| 12 | Gepleşiklere gatnaşygy | (birnäçe gezek, gatnaşonok, az gatnaşar) |

## 6. Işeňňerlik hjäsiýetnamasy.

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Täjirçilik işinden baş çykarýar | Oňat, kanagatly, ýaman |
| 2 | Haryt bazaryna bilýär | |
| 3 | Tehniki soraglardan baş çykarýar | |
| 4 | Aladalary çözýär | Özbaşdak, her wagt däl, çözmeýär |
| 5 | Bahalaryň galşyna bolan garaýşy | Bar, ýok |
| 6 | Bahalary kesgitleýär | Gaty, her wagt, gaty däl |

**7. Şahsy hasiýetleri.**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Wagtyny rejeli peýdalanýar | Hawa, ýok |
| 2 | Özdiýenli | - |
| 3 | Teklip ibermäge ukyply | - |
| 4 | Tutanýerli | - |
| 5 | Kesgitli | - |
| 6 | Haýal hereket edýär | - |
| 7 | Düşnükli | - |
| 8 | Bilimli | - |
| 9 | Jadar hereket edýär | - |
| 10 | Gatnaşyk agzasy | - |
| 11 | Arassalygy | - |
| 12 | Meşgul bolýan pişesi | - |

Aslynda her bir gurama öz firmasy barada maglumatlaryň dürli görnüşlerini, öz işiniň aýratynlyklaryny, öz söwda bäsdeşleri bilen gatnaşyklaryny göz öňüne tutup maglumat taýarlap biler. Bu babatda halkara ýurtly söwda taraplary barada maglumat şu günlerde elektron hasaplaýyş we aragatnaşyk tehnikalarynyň üsti bilen hem alynyp bilýär. Biziň zamanymyzda ýagny kompýuterleriň häzirki zaman özleşirilen döwründe, dünýäniň ähli künjeginde bolan firmalar barada doly maglumat alyp, olar bilen söwda aragatnaşygyny ýola goýmak üçin gepleşikler geçirilip bolýar. Bu barada ýörite maglumat gulluklary, kompýuterleşdirilen modem aragatnaşyk we bütin-dünýä internet gullugy bardyr

Bu babatda ýurdumyzy haryt çigmal biržasy gündelik maglumat berip her bri haryt boýunça doly habarlary isleg bildirýärleriň dykgatyna ýetirip durýar.

**Halkara söwda geleşikleri taýarlanylanda bahalary seljermegiň esasy usullary.**

Ösen bazar gatnaşyklarynda, täjirçilik işiniň birnäçe aýratynlyklary bardyr. Dünýä bazarynyň aýratynlyklary şu aşakdakylardan ybaratdyr: haryda bolan islegiň we teklibiň mydama üýtgäp durmagy, bahalaryň üýtgemeginiň

mümkinçiligi,halkara ýurt walýutalarynyň durnuksyzlygy, önüm öndürjileriniň arasyndaky bäsleşik. Şu görkezilen ýagdaýlar halkara ykdysady täjirçilik işinde öz täsirini ýetirýär. Türkmenistanyň Halkara söwda täjirçilik işleri üç sany tapgyrdan durýar: Gelişik taýarlamak, şertnama gol çekmek we kabul edilen borçlary ýerine ýetirmek.

Her bir kabul ediljek şertnama içgin öwrenilýär, onyň hemme taraplary, amala aşyrylnan söwda geleşiginiň netijililigi barada dürli maglumatlar anyklanyp seljirilýär. Bu babatda ýörite bilimli hünärmenler amala aşyrylýan işiň ykdysady peýdasyny, onuň gelejekde nähili ösüşe getirjeklerini, bilelinde iş alyp barýan firmanyň ukybyny içgin öwrenýärler, bu babatda kesgitli netije çykarýarlar. Bu iş örän kyn we çylşyrymly iş bolup halkara ýurt bazary, firmalar barada garşy köp maglumatlary talap edýär.

Geleşigi amatly we netijeli gurnamak üçin halkara ykdysady iş yzygiderli we peýdaly ýerine ýetirmek üçin täjir umumy we anyk maglumatlary bilmelidir.

**Gelişikleri taýarlamakda yzygiderli öwrenilmegi meseleleriň toplumy.**

| |
|---|
| **Şol pudagyň ýurtdaky ýagadaýy.** |

| |
|---|
| **Şol toplumyň halkara söwdasynyň şertleri.** |

| |
|---|
| Bäsdeşiň ýurdundaky şol işiň gurnalyşy we şertleri. |

Umumy häsiýetli maglumatlary bilmek üçin täjir hökmany :

a. Öz ýurdunyň söwda ediljek bolýan pudagynyň ösüşini, ýagdaýyny oňat bilmeli,
b. Iş salyşjak bolýan ýurdynyň söwda-senagat şertlerini, söwdanyň tertiplerini, ulag we ýük daşamak ýagdaýlaryny oňat öwrenmeli,

c. Bäsdeşiň ýurdundaky bazarda şol haryt bilen baglanşykly ähli soraglary jikme-jik öwrenmeli.

Şeýle ýagdaýda diňe bar bazaryň göwrümine, söwdanyň hukuk esaslaryna, söwda deplerine we şol haryt boýunça söwda syýasatyna üns bermek , ýerleşmeginiň ýerlerine, müşderlere, talap edilýän harydyň görnüşlerine, onuň bezelinişine hem-de ýurdyň öndürilýän möçberine, sarp edilişi möçberlerine, bahalaryň derejesinde we olaryň üýtgemegine, bäsdeşlik ukybyna, bäsleşýän şu harytlara we ş.m. üns bermelidir. Täjir öz harydynyň tehniki özgerlişigine önümçilikde kämilleşdirilişine we ony ýerlemege elmydama taýar bolup durmalydyr. Halkara söwda geleşigini taýarlamagynyň jogapkärli wezipeleriniň biri hem dünýä bazarynyň bahalaryny seljermek we şertnama

bahalarynyň möçberini anyklamak bolup durýar. Bu iş dünýä bazarynda gündelik hereket edýän bahalar barada maglumat ýygnamak, olary kadalaşdyrmak we seljirmek, bazar bahalarynyň üýtgemegine getirip biljek sebäpleri öwrenmek olary göz öňüne tutulýan geleşiginiň şertlerine laýyk getirmegi göz öňüne tutýar. Dünýä bazaryndaky bahalary öwrenmek üçin bazar bahalarynyň görnüşlerini barada giň düşinje talap edýär.

Önüm öndürijiden sarp edijä çenli näçe sany araçynyň bardygyna bagly öndirijiniň, lomaý, satuw bahalary bolýar.

Öndürijiniň bahalaryndan kärhananyň önüm öndürmek we ony ýerlemek üçin çykaran ähli çykdaýjylaryň pul hasaby degişlidir. Öndürijiniň bahalaryndan lomaý bahalara we ondan beýläk satyw bahalara geçilende bahalar söwda goşundyrylarynyň hasabyna ýokarlanýarlar. Sebäbi lomaý we satyw birlikleriniň çykaran çykdaýjylaryny ödemeli we girdeji getimeli bolýar.

Şonuň üçin hem näçe köp araçy bar bolsa şonçada dürli goşundylar goşulýar we ýokarlanýarlar. Käbir harytlar babatda bolsa satuw we ýerleşdiriş çykdaýjylary (mazamlama-reklama hem girýär) 100 % hem geçýär. Harydyň içki we halkara

bazarda satylaşyna görä içki we halkara bahalar bolýarlar. Bahalaryň üýtgemek we olaryň ösüş derejesine anyklap seljerlerinde baha görkezijilerinden ugur alynýar: şertnama bahalary, birža koterowkalary düşündirişi bahalary, preskurant bahalary, baha indeksy.

Şertnama bahalary- belli bir hili bolan, degişli şertlerde ýerleşdirmeli we töleg geçirmeli harydyň hakyky derejesiniň bahasy.

Birža koterowkasy- biržadalarda amala geleşik şertnamalaryndaky harytlaryň bahalary. Bular barada hili, möçberi we ýerleşdirmegiň möhleti, tölegiň görnüşleri we ş.m. üçin ylalaşylan şertler kabul edilýär.

Auksion bahalary- birža koterowkalaryna golaý bolup anyk geleşikleriň anyk bahalaryny görkezýär.

Düşündiriş bahalary- çig mal söwdasynyň satyjylary we olaryň assoasiýasyny tarapyndan çap edilýän bahalar. Olar şertnamanyň hakyky bahasyny görkezýärler, olaryň arasynda satyjynyň alyja hödürleýän bahalarynyň tapawudy köp bolýar.

Preskurantlar we bahalamalar- sarp etmek we önümçilik maketlary üçin taýyn harytlaryň görkezijileri. Preskurant bahalary adatça çig mal harytlary, düşündiriş bahalar bilen deň bolýar.

Teklip bahalary- alyjynyň isleg bildiren harydyna satyjynyň ýerleşdirmegi, tölegiň şertleri görkezilen teklibindäki bahalar.

Köp harytlar, esasanam maşynlaryň wöe enjamlarynyň teklip edilýän bahalary üçin esasy maglumatlar çeşmesi bazardaky bahalaryň derejesi bolup durýar. Teklip bahalary şertnama bahalaryndan üýtgeşik bolup, olar soň gepleşikler gidýän döwründe belli bir möçbere getirilýärler.

Umuman alananda, kähalatlarda teklip bahalary preskurant we düşündiriş bahalary bilen deňeşdirilende hakyky bahalaryň derejesiniň görkezip bolýar, sebäbi olaryň

hasaplarynda satyjylar alyjylaryň islegini, geleşigininiň we alyjynyň aýratynlyklaryny göz öňüne tutýarlar.

<u>Bahalaryň indeksi</u>- bahalaryň üýtgeýşiniň degişli görkezijileri bolup, olaryň derejesini aýdyň görkezip belkeýärler.

Bahalaryň üýtgeýişigi aýdyň seljermek üçin haryt bazarlarynda bahalar täsir edýän alamatlary hem ulanmak bolýar. Meselem taýyn önümleriň bazaryndaky bahalaryň üýtgeýşini dogry öwrenmek üçin hem-de bahalaryň derejesini anyklamak üçin beýleki bir görkezijileri- önümçiligi emele getirýän esaslaryň bahalaryny (zähmet haky, şol önümi öndürýän pudakdaky zähmet öndürijiligi baradaky maglumat, çig malaryň bahalarynyň durnugy we ş.m.) ulanylyp bilner. Söwda geleşiklerini taýýarlamakda hereket edýän bahalary anyklamak üçin hökmany suratda şol döwürde bazarda emele gelen bahalary seljermelidir. Bahalary seljermek üçin deňeşdirme we hasaplama usuldan ulanylýar.

**Bahalarda seljermeniň esasy usullary.**




<u>Deňeşdirme usuly</u> belli bir kada we durnukly ýagdaýa getirýän we şertnama

baglanşylýan döwürde bahalaryň derejesi barada ýerlikli netije çykarmaga mümkinçilik döredýän bahalar barada ýetirlek maglumatlary göz öňüne tutýar.

Hasaplama usuly-bahalar barada maglumatlar ýok mahala ýörite formulalar bilen, şeýle önümleriň bahalary, olary öndürmeilýän çykdajylaryň we beýleki görkezijileriň esasynda ahtimal bahalaryň derejesini hasaplamakdyr.

Bu usularyň haýsy birini ulanmaklyk geljeki geleşigiň tutumy bagly bolýar. Bahalary anyklamagy şu sada usullaryny esasy biržalarda birža koterowkalaryny we belli bir döwürde olaryň üýtgeýişini öwrenip gelejekde nähili üýtgeşiklere garaşylýandygyny anyklamandyr. Munuň ýaly ýagdaýda iş ýüzinde amala aşyrylýan geleşikleriň bahalary barada hem maglumat hökmanydyr. Bu bahalary adatça dünýä bahalarynyň ortaça möçberi deň gelýär, sebäbi bir günüň biržalarda bir näçe (onlarça, ýüz müňlerçe) geleşikler baglanyşýarlar.

Biržalar durnukly hereketde bolany üçin birža koterowkalaryny yzygiderli alyp bolýar (adatça ertesi güni) we olarda güniň başyndan, günüzki we agşamky maglumatlar berilip durulýar.

Mysal üçin london metallar biržasynyň biletiniň nusgasyny görkezmek bolýar.

| Metal-lar | Gyssagly ýerleşdirmek | | 3 aýdan ýerleşmek | | 15 aýdan ýerleşdirmek | | Başlan-gyç bahalar |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | Alyjynyň bahasy | Satyjynyň bahasy | Alyjynyň bahasy | Satyjynyň bahasy | Alyjynyň bahasy | Satyjynyň bahasy | |
| Mis | 1547.0 | 1548.0 | 1547.0 | 1548.0 | 1490.0 | 1510.0 | 1548.0 |
| Olowo | 6660 | 6680 | 6815 | 6820 | 7000 | 7100 | 6680 |
| Gurşun | 449.0 | 450.0 | 440.0 | 441.0 | 430.0 | 435.0 | 450.0 |
| Sink | 1340.0 | 1350.0 | 1320.0 | 1295.0 | 1300.0 | - | 1350.0 |
| Alýumin | 1644.0 | 1645.0 | 1644.0 | 1645.0 | 1515.0 | 1625.0 | 1645.0 |
| Nikel | 8075 | 8100 | 7875 | 7900 | 7300 | 7600 | 8100 |

Görnüşi ýaly kotirowka şu günki bahalarynyň derejesini seljermek däl-de, eýsem geljekki 3 we 15 aýyň dowamynda biržalaryň ölçeglerini anyklap bolýar. Bahalary şeýle usulda anyklamak söwda tejribesinde iň peýdaly usul hökmünde kabul edilýär. Birža harytlary bilen iş salyşmagyň tejribesi harydy öndürijiler hereket edýän birža kotirowkalaryndan aşak we ýokary bahadan satyp bolýar. Egerde haryt birža kotirowkalaryndan aşak bahadan hödürlese onda bu şol harydyň bahasynyň we biržanyň kotirowkasynyň aşak gaçmagyna getirýär. Sebäbi birža kotirowkalarynyň geleşikleriň hakyky bahalaryna bolan ýokary derejesi käbir firmalar tarapyndan çala peýda görmek maksady bilen goldanyp bilner.

Şeýle ýagdaýlar haryt biržalaryndan kähalatlarda bolup geçýär we bazaryň hakyky ýagdaýy barada ýalňyş düşünjeleriniň döremegine sebäp bolýar. Şonuň üçin hem munuň öňüni almak maksady bilen birža kotirowkalarynyň gepleşiklerden we söwda şertleşigini kabul etmezden 3-4 aý, ýa-da ýarym ýyl öňünden öwrenip başlamaly. Diňe şeýle maglumatlar bazarynyň hakyky ýagdaýyny anyklamga we tötänleýin hadysalarynyň bolmagynyň öňüni alýar.

Ýöne birža kotirowkalary diňe bir biržadan daşary geçirilýän gepleşikleriň harydynyň bahasyna bilmek üçin giňden ulanylman birža harytlaryndan taýarlanylýan taýyn

önümleriň (mysal üçin ýüň-ýüň matalar) bahalarynyň hemde biržа harytlaryny öndürýän çig malarynyň bahasyny anyklamak hem ýardam berýär (mysal üçin reňkli metallar magdan, konsentrat).

Sink garyndysynyň (konsentartynyň) bahasynyň barlanyşyna mysalda görüp geçeliň: munuň üçin şu aşakdaky formulany ulanýarys:

$$X = \frac{Ц_у(П_у \bullet K)}{100} Cn$$

**X** -1 tonna sink garyndysynyň (konsentratyň) dünýä bahasy.

**Цу**-1 tonna sink ABŞ ýa-da angliýanyň metall biržadaky ortaça bahasy (6 aýdan 1 ýyl döwrün içinde).

**Пу**- garyndyda (konsentratda) sinkyň möçberi-prosenti.

***K**- garyndyda (konsentratdan) sink işläp bejermäkdäki gözöňüne tutulýan işçi (98% arassa sink üçin).*

**Сп**- 1tonna garyndyda (konsentratdan) arassa sink işläp bejermek üçin edilýän çykdajy.

Eger haryt iberiji 69 % sinkli garyndyda (konsentratyň) 1 tonnasyny 120$ teklip edýän bolsa onda

**K=9%, Сп-60$, Цу-20$**

Teklip edilýän bahanyň esaslandyryşyny anyklaýarys:

$$X = \frac{250(69 \bullet 9)}{100} 60 = 90\$$$

Hasaplama teklip edilýän bahanyň ýokarylygyny subut edýär. Şu geçirilen formula we sink (garyndysynyň) konsentratynyň bahasynyň usuly beýleki reňkli metallaryň bahalaryny seljermäge, ýitgileriniň möçberini gaýtadan dikeldip bejermägiň özüne düşýän gymmatyny anyklamagyna hem degişlidir.

Köpçülikleýin öndürilýän harytlaryň bahalaryny barlamak üçin birža bahanamalaryndan başgada broker býulletenleri, bahalar maglumatlaryny ýörite çap edýän gazetlerden we žurnalardan bilip bolýar. Auksion harytlarynyň bahasynyň maglumatlar çeşmesi şol auksion bahalary bolup hyzmat edýär. Egerde auksion harytlary başga ýerlerde satylsalar hem şol auksion bahalaryndan ugur alynýar. Munuň üçin bolsa auksionlarda satylýan harytlaryň bahalary barada anyk maglumatlar zerurdyr.

Eger haryt ýörite bazarlarda satylmaýan bolsa onda onuň bahalaryny seljermek üçin gepleşikler taýynlanýan döwründe bahalar baradaky maglumaty: firmalaryň maglumatlar hatyndan, bahanamalardan, gazet we žurnallardan, şol harytlar bilen yzgiderli iş salyşýan firmalaryň maglumatlaryndan olary durnukly öwrenmek bolar.

Şu getirilen formula we sink garyndysynyň (konsentratynyň)bahasynyň barlanyşynyň usuly beýleki reňkli metallaryň bahalaryny seljermäge,ýitgileriň möçberini gaýtadan işläp bejermegiň özüne düşýän gymmatyny anyklamaga hem degişlidir.

Köpçülikleýin öndürilýän harytlaryň bahalaryny barlamak üçin birža bronýor bülletenleri, bahalar maglumatlaryny ýörüte çap edýän gazýetlerden we žurnallardan bilip bolýar.

Auksion harytlarynyň bahasynyň maglumatlar çeşmesi şol auksion bahalary bolup hyzmat edýär. Egerde auksion harytlary başga ýerlerde satylýar hem şol auksion bahalaryndan ugur alynýar-Munuň üçin bolsa auksionlarda satylýan harytlaryň bahalary barada anyk maglumatlar zerurdyr.

Egerde haryt ýörite bazarlarda satylmaýan bolsa,onda onuň bahalaryny selžermek üçin gepleşikler taýynlanýan döwründe, bahalar baradaky maglumaty firmalaryň maglumatlar hatyndan, bahanamalardan, gazýet we žurnallardan,şol harytlar bilen yzygiderli iş salyşýan firmalaryň maglumatlaryndan

olaryň durkuny öwrenmek bolar.Adatça her bir harytlar bazary barada,ýörite taýýarlanýan iş neşirleri bolup,olarda ähli zerur maglumatlar çap edilýär. Bularda görkezilýän bahalar käbir halatlarda ortaça möçberde edilýänem bolsa, ýa-da ýurduň içindäki we daşyndaky bahalar üýtgeşik bolsa, onda ony öwrenýän hünärmenler bahalaryň durkyny anyk öwrenmek üçin gaty köp işleri geçirmelidirler.mysal üçin belli neşir, Metal býulleten″ metallaryň ähli görnüşleriniň bahalary barada we şol metallurdan ýasalýan harytlaryň bahalary barada maglumatlary çap edýär.

**Nusga hökmünde şonuň 2006-nji ýylda çykan bir sanyny getirmek mümkin:**

| Atlary | Agramy | Bahalary (ABŞ-nyň walýutynda) |
|---|---|---|
| Gyzgyn erginli düýrmek<br>**Galyň list**<br>**Ortaça list** | 1t<br>1t<br>1t | 320-330$<br>385-405$<br>380-400$ |
| Sim<br>Galwaniki plastina | 1t<br>1t | 420-430$<br>560$ |
| | | |

Şunuň bilen birlikde baha barada seljeriş geçirilende ýörite bahanamalarda görkezilýän we maglumatlarda berilýän bahalar bilen şertnamada görkezilen bahalary deňeşdirip görmeli, şol ýagdaýlara mahsus bolan ýörelgelerden, däplerden ugur almaly. Mysal üçin käbir harytlaryň bahalary bahanamalardaky görkezilen bahalardan ep-esli ýokary bolup biler, ýa-da gaty aşak (ýagny 50% gaçyrylan) bolup biler. Geçen döwürleriň tejribesi we degerli maglumatlar, bahalaryň üýtgemeginiň we

hakyky bahalaryň näderejede bap gelýänligini anyklmaga goldaw bermelidir.

Egerde gyzyklandyrýan harytlar barada doly we anyk maglumatlar bolmadyk ýagdaýynda, onda, edil şol haryda meňzeş, hemme tarapdan bap gelýän harydyň bahasyny ulansaň hem bolar. Hasaplamalar geçirilende şol harytlaryň durky we özüne düşýän gymmatynyň mukdary göz öňünde tutulýar.

Udel baha diýlip harydyň tehniki-ykdysady birliginiň bahasyna aýdylýar, ýagny, agram birligi, kuwwat birligi we ş.m.. Emma bu has takyklanmadyk görkezijiler bolup, diňe şulardan doly ugur almaklyk nädogrydyr. Bu ölçeg barlag üçin ulanylyp, esasan hem deň häsiýetli enjamlar barada ulanylýar.

Şonuň ýaly ölçeg birligi, enjamlar üçin hasaplananda, bahalaryň togtadylmak koeffisienti ulanylýar. Bahalaryň togtadylmak koeffisienti öndürjilikli enjamlaryň, agregatlaryň ýa-da maşynlaryň, şunuň ýaly az öndürjilikli enjamlaryň agregatlaryň we maşynlaryň bahalaryna bolan gatnaşygydyr.

Her bir maşynyň bahasy onuň öndürjiligine görä üýtgäp biler. Onuň bahasynyň üýtgemegi onuň öndürjililigi bilen gös-göni baglanşyklydyr. Adatça, maşynyň udel bahasynyň möçberi maşynyň kuwwatyň möçberine baglydyr.

Käbir halatlarda harydyň bahasyny bilmek üçin ýa-da barlag üçin deňeşdirilen kalkulýasiýany ulanýarlar. Bu esasanam hem haryda asla baha kesilmedik ýagdaýynda (täze haryt, ilkinji geleşik) ýa-da başga usullar arkaly başga maglumatlar alynanda ulanylýar.

Deňeşdirilen kalkulýasiýa usuly – harydyň bahasyny, ony emele getirýän düzüjileriniň (elementleriň) bahasynyň jemi bilen ölçemek diýmekdir, ýagny oňa sarp edilen maddy serişdeleriň, zähmet hakynyň, beýleki çykdajylaryň we ş.m. – jemidir. Bularyň hemmesi ortaça dünýä bahasy bilen hasaplanylýar we jemlenilýär. Emma bu usulda hasaplamalarda

nätakyklyk goýberilmegi hem mümkindir, sebäbi baha anyklananda käbir zatlaryň bahalary çen bilen goýulýar.

Şonuň üçin hem munuň ýaly anyklama usuly täjirlere, isleg bildirýän harytlarynyň möwsümleýin dünýä bahasyny anyklamada ýardam bersede, olaryň iş ýüzünde amala aşyrmak bolýan geleşigindäki harytlarynyň anyk, hakyky bahasyny bilmegi zerurdyr. Şonuň üçin hem olar şertnama bahalaryny hasaplamalydyrlar. Bu bolsa olaryň geleşigi amala aşyrmak döwründäki iň jogapkärli işdir.

Harydy satyn alyjy ýa-da ony iberiji harydyň anyk bahasynyň möçberini kesgitlemelidir. Munuň üçin bolsa halkara söwda tejribesinde bäsdeşleriniň şonuň ýaly haryda goýýan bahalaryny öwrenip, olara gerekli üýtgeşmeler girizip häsiýetnamalaryny deňeşdirip görüp hem-de amala aşyryljak söwdanyň özara aýraytnlyklaryny, haýsy wagtda nähili bahalary ulanmaklygy bilmelidirler. Şunuň ýaly işe bahany emele getirmek diýilýär.

Artyk öndürlen önümleriň, öňünden bellenilen emele getirilen girdejiniň hasaplanan bahalary halkara söwda bahalary bolup hyzmat edip bilmeýär, sebäbi olara sarp edilýän hyzmat çykdajylary däl-de, şahsy häsiýetlidir. Şeýle hem şertnamalarda içki lomaý ýa-da goýberlip ylalaşan bahalary ulanylyp bolmaýar, sebäbi olar harydyň özüne düşýän ilki gaty daşda durýalar. Munuň ýaly bahalary ulanmaklyk hökmany suratda harydyň geçgililigini ýatyrýar, hem-de uly serişdeleriň ýitgisine getirip biler.

Bahalary deňeşdirmeklikde harydyň tehniki häsiýetnamasy we beýleki halkara söwda şertleri ilki bilen göz öňünde tutulýar we üýtgeşikler yzygiderli ýetirilip durulýar:

Bäsleşige mynasyp maddy serişdeler hasaplamalarda san görnüşine, ýagny onuň birlik bahasy (ýa-da agram birligi we ş.m.) ölçenilýär. Şunda talap edilen göwrümiň üstünden aýrylýan bölegi (скидка 10-40% çemesi) göz öňünde

tutulmalydyr. Emme önümiň bahasy şol aýrylan bölegiň möçberinde ýokarlandyrylmalydyr.

Egerde satyn alynýan enjam köp böleklerden ýygnalýan bolsa, we käbir bölekleri başga ýerlerden alynýan bolsa, onda onuň bahalary umumy bahalardan aýrylýar.

Harydyň bahasy üçin hasaplaşykda pul çalyşygy ýagny walýutany öwrümegiň tertibi şol bäsleşigiň maddy serişdesiniň hereket edýän döwrüniň çalyşyk kursy göz öňüne tutulýar.

Täjirçilik teklipleri üçin şol teklip edilen günden hasap edip haryt alynýança şol möhlet uzaldylýar. Üýtgeýän bahalary göz öňüne tutmaýan şertnamalar harydyň getirlen güni, şol üýtgeýän bahalary göz öňüne şertnamalar üçin – şertnama gol çekilen güni hasap edilýär. Bahanamalar arkaly ulanylýan bahalar üçin şol bahanamalar ýa-da hatda görkezilen iň soňky möhlet ulanylýar.

Hasaplamalarda daşary ýurt walýutasyny ýa-da walýuta öwrülen puluň möçberini geleşigiň möhletine görä ulanýarlar. Sebäbi munuň ýaly ýagdýlarda harytlaryň gymmaty lamok mümkinçiligini, walýutanyň gymmatynyň üýtgemegini göz öňüne tutulýar.

Satyn alyş ýa satyş bahalaryna tölenişi şertleri hem özüniň täsirini ýitirýär. Bu babatda akkredetiw görnüşli töleg giňden ulanylýar. Bu görnüşde hasaplaşyk çekleri, bank geçirmeleri we inkasso nagt pul tölenşigi hem amala aşyrylýar.

Harydyň bahasy nagt pul tölegi arkaly hasaplaşylanda, karz pul hasaplaşygyndan aşak bolýar. Onuň möçberi karz pul alnanda bank göteriminiň mukdaryna bagly bolýar.

Tölegiň halkara söwda şertleriň hasaplamasyny nagt töleg geçirilen usulynda amala aşyrylýar. Tölegiň şertlerine egerde bäsleşik harydyna, tölegiň wagty 12 aýdan aýry möhletinde göz öňüne tutulan bolsa, onda üýtgeşiklik

$$K = \frac{n}{i\,i} d_i (1+b)^{ni} + R(1+b)^{p_k} \left[ \frac{r}{b} + (1 - \frac{r}{b} c) \right]$$

girizilýär.

Tölegiň nagt hasaplaşyk görnüşindäki şertleri şu aşakdaky formula laýyklykda amala aşyrylýar.

$d_i$ – käbir nagt tölenen karz däl tölegler (kredit ýüklenende nesýe tölegler we ş.m.), şertnama bahasynda;

b – bankyň göterimi (%)

$n_i$ – hasaplamalaryň möhleti bilen şertnama hasaplaşygyň geçirilen güni bilen tapawudy.

R – karz alnan bölegiň şertnama bahasyndaky mukdary.

$P_k$ – karzyň möhletiniň başlanan güni bilen hasaplamalary amala aşyrylan gününiň tapawudy;

r – karzyň bahasy, göterimi (%)

c – karzyň täsiriniň koeffisiýenty, derejesi

Dürli bank karzynyň göterimleriniň we gaýtarma möhletiniň täsiriniň derejesi aşakdaky tablisada görkezilen

Tablisa №1

| Bankyň Göterimi | Karzyň ýyllyk möhletleri (n) | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 6 | 0,891 | 0,866 | 0,842 | 0,820 | 0,797 | 0,776 | 0,754 | 0,736 |
| 7 | 0,875 | 0,847 | 0,820 | 0,749 | 0,770 | 0,746 | 0,724 | 0,702 |
| 8 | 0,859 | 0,828 | 0,799 | 0,770 | 0,744 | 0,718 | 0,694 | 0,671 |
| 9 | 0,844 | 0,810 | 0,778 | 0,748 | 0,719 | 0,692 | 0,666 | 0,642 |
| 10 | 0,829 | 0,892 | 0,758 | 0,726 | 0,695 | 0,667 | 0,640 | 0,614 |
| 11 | 0,801 | 0,759 | 0,721 | 0,685 | 0,652 | 0,621 | 0,592 | 0,565 |
| 12 | 0,761 | 0,714 | 0,670 | 0,631 | 0,594 | 0,561 | 0,530 | 0,502 |

Ähli hasaplamalar amala aşyrlanda, göz öňüne tutulýan geleşigiň çykdajylarynyň tapawudy ugradylýan ýüki (harydy) ätiýaçlandyrlan şertlerde ýerine ýetirýärler.

Söwda geleşiklerinde harydyň bahalaryna bolan üýtgeşmeler daşary ýurt harytlary boýunça edilýär, sebäbi adatça daşary ýurt täjirleri harydyň bahasyny ýokary bahadan

teklip edýärler. Alyjy bolsa onuň birneme aşakladylmagyny soraýar. Bu babatda söwda işlerinde we täjirçilik hünärinde köpýyllyk gazanylan tejribe kömek edýär. Şunuň ýaly ýagdýlarda harydyň 50%, käbiri halatlarda bolsa 10% aşaklamaga mümkinçilik gazanyp bolýar.

Egerde geleşik edilen harydyň bahasyny aşaklatmak möçberi anyk maglumatlar bolmadyk çagynda, onda, 10-15% aşaklatmaga dalaş edilýär;

Egerde bu babatda ýörite bahanamalar bolan wagtda onda bahalary 50% we öňdenem köpräk peseltseň bolýar. Bu işde geleşikleri geçirmekde we bu iş amala aşyrmakda dörän ýagdaýdan baş alyp çykmaklyk oňaýly täsir edýär.

Tehniki-ykdysady aýratynlyklara girizilen üýtgemeler ähli teklip berýän firmalaryň harytlary tehniki-ykdysady görkezijileri boýuça aýry-aýrydyr. Şonuň üçinem bu babatda bahalar şol tablisadaky häsiýetnamalary göz öňünde tutulyp hökmany suratda belli bir kada getirilmelidir.

Bahalar harydyň tehniki mümkinçililerini ýagny, öndürjililigini kuwwatyny we ş.m. göz öňüne tutup şu aşakdaky formula görä kadalaşdyrylýar:

$S_2=S_1(N_2/N_1)^n$

$S_1$ – saýlanan enjemyň bahasy.

$N_1$ – tehniki-ykdysady görkezijileriň deňeşdirilýän derejesi.

$S_2$ – deňeşdirilýän harydyň bahasy.

$N_2$ – şol haryt üçin tehniki-ykdysady görkezijileriň deňeşdiriliş derejesi

n – haryda görä 0,6-0,8 möçberde bellenen togtadylşyň derejesi.

Şeýle üýtgeşmeler girizilenden soň bäsdeşleriň bahalaryny öwrenip, göz öňüne tutulýan geleşigiň satyn alyş bahalaryny emele getirmäge başlap bolýar. Egerde daşary ýurda haryt satmaly bolanda onda edilen hasaplamalaryň ortaça bahasyndan ugur alyp bolýar. Emma bazarda bäsleşik möwç

alan wagtynda (mysal üçin ösen ýurtlaryň maşynlary, enjamlary üçin) onda hasaplamalardaky bahalardan aşagrak möçberden ugur almak maksada laýykdyr.

Satyn almak baradaky geleşiklerde bolsa hasaplamalaryň iň pes möçberinden ugur alynýar.

Köp halatlarda bahalary seljermek anyklamak we hasaplamak işi bäsleşik listi arkaly hem amala aşyrylýar. Bu işleri firmanyň jogapkär işgärleri bilen bahalaryň ösüş baradaky hünärmenler tarapyndan geleşikleriň öňünden taýýarlanylýar.

Bu resminama daşary ýurtly täjirleriň öz hereketleri baradaky ähli şertleri, tehniki häsiýetnamalary görkezýän özboluşly tablisa bolup bahalar barada, göz öňüne tutulýan geleşikleriň peýdasy barada doly maglumat almaga mümkinçilik berýär.

Bu resminamanyň ýörite böleginde harydyň tehniki häsiýetnamasy, bäsleşik teklipleri baradaky maglumatlar, harydyň bahasynyň derejesi, dünýä bahasynyň ortaça möçberi, tölegiň şertleri, harydy getirmegiň möhleti we başgada şertnama Kabul etmäge gönükdirilen maglumatlar bolýar. Umuman bäsleşik listi gepleşikleri geçirmek we olary nähili ugurda alyp gitmek üçin doly maglumatlary berýär.

Munuň ýaly bäsleşik listleri daşary ýurda haryt ugratmak baradaky geleşikler taýýarlananda hem degişli maglumatlar gatnaşyga, bahalary belli bir derejede saklamaga uly täsir edýär.

Deňeşdirmek üçin ýöredilýän ýörite tablisa daşary ýurda eksport ediljek harydyň hasaplama bahasy, haryt barada maglumatlar, öňki edilen geleşikler, ortaça dünýä bahasy we beýleki gerekli maglumatlar bilen birlikde harydyň umumy bahasy, ulag çykdajylary, ýeňillikler, walýutanyň kursy we ş.m. maglumatlar girizilýär.

Bäsleşik listiniň we eksport bahalarynyň nusgalary tablisada getirlen.

## Täjirçilik teklipleriniň we isleglериniň taýýarlanyşy.

Harydy satyn alýan ýa-da satýan bahalar bada seljeriş işleriniň geçirenden soň olary hasaplanyňdan soň, hem-de özüniň konrtragentleri belli edilenden soň, olar bilen gatnaşyk almaga başlaýar. Munuň üçin dürli usullar ýagny mazamlama (reklama) kompaniýalary köpçülik maglumat serişdeleri ýa-da alyjylara ýörite katalog hatlary ulanmaly bolýar.

Emma şu amatly usullaryň biri bolsa olar bilen göni aragatnaşygy ýola goýmakdyr.

T äjirler şu aşakdaky ugurdan birini saýlap alýarlar:

-Bir ýa-da birnäçe daşary ýurtly alyjylary teklipleri (oferta) ibermek.

-Alyjynyň talabyny kabul etmek we tassyklamak.

-Alyjynyň soragyna jogap edip göz öňünde tutulýan geleşigiň anyk tekliplerini ýa-da şertnamanyň taslamasyny ibermek.

-Guramaçylara tenderi mälim etmek arkaly söwda gatnaşmak.

-Halkara we milli söwda-senagat sergilerine, ýarmarkalaryna gatnaşmak.

-Belli bolan alyja ylalaşma hökmünde şertnamanyň nusgasyny ibermek.

-Egerde gepleşikleriň başlanmagy satyja degişli bolup, satyn-alyş şertnamasyny kabul etmek onuň özi teklip edip, öz şertleri, teklipleri barada işjeň teklipleri ýaýradýan bolsa halkara täjirçilik tejribesinde oferta diýilýär.

Oferta şu aşakdaky görnüşlerde amala aşyrylýar:

a)göz öňünde tutulýan geleşigiň täjirçilik we tehniki şertleri barada işewür hatlar ýa-da resminamalar ýygyndysy.

b)adaty şertleri barada görkezilen umumy oferta.

w)satyjynyň ähli esasy şertleri goldaýanlygyny tassyklap gol çeken şertnamanyň nusgasy
g)telegraf ýa-da teleks habary;
d)belli bir ýagdýlarda şahsy duşuşyklarda dilden, ýa-da telefonda soň şu ýokarda görkezilen görnüşleriň haýsyda bolsa birini hat üsti bilen ylalaşmak.
Teklipleri akylly we dogumly girizmek öz tarapynda satyjylary çekmekde we geleşikleriň netijeli bolmagynda uly orun tutýar. Ofertanyň mazmuny gysga, şol bu wagtda anyk we düşnükli bolmalydyr. Ol düşnüksiz, dürli ugurly we başga soraglary emele getirmäge mümkinçiligi döretmeli däldir, ony amala aşyrjylaryň köp wagtyny sarp etmeli däldir. Şonuň üçin Ofertanyň ýollanýan hatynda öz teklipleriňizi gaty jaýdar we anyk görkezmelidir.

Egerde haryt we ol barada baha hem-de onuň emele gelmegi baradaky tertip anyk görkezilse onda oferta anyk bellenen diýilýär. Munda oferentiň alyjy aksept beräýse onuň şertlerine baglydygy baradaky duýduruş hökmany suratda bolmalydyr.

Nämälim topara iberilen teklip – täjirçilik tejribesinde oferta hasap edilýän, oferta çakylyk diýlip hasap edilýär.

Ofertanyň şol bir haryt boýunça mazmuny bäsdeşige görä üýtgäp biler. Mysal üçin enjamlar barada onuň tygşytly ulanylşy barada hökmany suratda gerekli görkeziji sanlar gerek bolýar.

Her bir müşderiň teklip edilýän haryt boýunça öz bähbidi bolýar. Egerde satyjy şol bähbitleri wagtynda duýup we dogry düşünüp ofertede şolara doly maglumat berip bilse we şol bähbitleriniň ösmegine ýardam berip bilse, onda oňa şol gelejegi has öndürjilikli amala aşyrmaga şert döredýär.
Adatça ofertede harydyň ady, onuň san we hil häsiýetna masy,ony ýerleşdirmegiň, tölegiň, şertleri, onuň gollanyşynyň

görnüşleri, kabul etmegiň we tabşyrmagyň şertleri, arbitraž meseleleri,ýuridiki adresi we gol çekilýär.

Emma oferta hökmany suratda şu görkedilen teklipleri bermeli däl.Egerde taraplaryň adresyndan öň birnäçe meseleleri boýunça,egerde taraplar haryt ýerleşdirmek boýunça şertleşen bolsa onda ofertada diňe şahsy häsiýetli az maglumatlar bolup biler(bahalar möhletler we hil,san baradaky we ş.m.)galan meseleleri boýunça bolsa öňki gepleşiklere salgylanylýar.

Ofertada bahalary görkezmek wajyp orun tutýar.Daşary ýurda haryt göndüriji bahalary anyklanda dünýä bazaryndaky amatly ýagdaýdan peýdalanyp köpräk girdeji gazanasy gelýär.

Önüm ýerleşdirmegiň galan şertleri bazar gatnaşyklarynyň adaty şerlerine görä ofertada görkezilýär,sebäbi gymmat baha goýulan haryda alyjylar köp isleg bildirip durmaýarlar.Arzan bahadan satylan harydyň bahasynyň bolsa bäsdeşleriň köpelen wagty galdyrmak kyn bolar.

Ofertanyň üstünligi amala aşyrylmagy üçin onda göni anyklanylan ykrar edilen bahany goýýarlar,mysal üçin deňiz ýollary,port-wagon-serhet meseleleri we demir ýol geçirijileri harydy geçirmekde uly üýtgeşmeler girizip biler we şonuň üçin hem ofertada görkezilen bahalar üýtgewsiz bolmalydyr we satyn alyjy ahli çykdaýjylaryň harydyň bahasyny girizilendigini anyk bellemelidir.

Ofertanyň iki görnüşi bolup biri haryt satyjynyň alyja teklip bilen iberýän, ikinjisi alyjynyň satyja jogap görnüşde iberilýäni.Onuň sany görnüşi soragyň talabyna,şertlerine laýyk bolýar we onuň gerimi diň bolmaýar.Satyjynyň wezipesi tizräk jogap ýagny alyjynyň ähli soraglaryny kanagatlandyrmak bolup durýär.

Haçanda haryt satyjyny teklip bilen iberende,onda köp köp meseleleri özbaşdak çözülmeli bolýar.Ilki bilen ol ofertany görkezilişi anyklamaly bolýar ýagny-berk ýa-da erkin oferta.

Berk oferta -Diňe bir –alyja, belli möhletleri görkezmek bilen we ol möhlete çenli satyjy alyja bagly bolup,başga her bir

alyja teklip girizmeýär.Egerde alyjy bu teklibe razy bolsa,hat üsti bilen tassyknama iberip gürrüňsiz aksent berse we şol aksent satyjy tarapyndan alnan gününden başlap tararaplary öz borçlaryny ýerine ýetirmäge başlaýarlar.

Egerde alyjydan şeýle olferteda görkezilen möhlete çenli jogap gelip gowuşmasa onda onuň bu söwdadan boýun gaçyrdygydyr we satyjyny eden tekliplerinden, şertlerinden boşadýarlar.

Egerde alyjy ofertde goresil mertleri biri ýa-da birnäçesi bilen ylalaşmasa onda ol satyja garşylyklaýyn oferta (Kožroferta)iberip özüniň talaplaryny mälim edip,jogap garaşylýan möhlet goýýar.Egerde satyjy onuň talaplary bilen ylalaşan bolsa ol akueplenen hat üsti bilen alyja mälim edýär.

Eger satyp garşylyklaýyn ofertadan alyjynyň teklip ylalaşmaýan bolsa onda ol özüniň ofertada görkezilen borçlaryny aýyrýar we alyjyny has üsti bilen habarly edýär ýa-da alyjy täze şertli,onuň tekliplerinden üýtgeşik şertler görkezilen oferta göýberýär.Bu iş ikitaraplaýyn planlaşyk dowam edýär.

Alyjy tarapyndan edilýän her bir şert ýa-da teklip satyjy tarapyň hökmany suratda aksep-hat talap edip durmaýar.Halkara ykrar edilen düzgünlere görä,alyjynyň geleşigiň gidişine kän bir täsir edip durmaýan goşmaça şertleri geleşi geçirmäge päsgel bermeýär.

Ýöne bu babatda satyjy ylalaşmagy hökmany suratda öz wagtynda garşylyk görkezmelidir. Egerde ol muny ýerine ýetirmese onda şol üýtgetmeler şertlere girizilip iki tarap üçin hem borç bolup durýar.

Teklibiň iň esasy şertleriň biri hem baha, san, hil, harydy getirmegiň wagty we ýeri, taraplaryň jogapkärçiligiň möçberi,emele gelen düşünişmezlikleriň tertibinden ybaratdyr.

Erkin oferta –Bir wagtyň özünde harytlaryň bir tapgyryny birnäçe alyjylara.Ol jogap üçin möhlet talap etmeýär we

munuň bilen satyjyny bagly etmeýär.Erkin ofertada alyjynyň islegi berk kontroferta bilen tassyklanmalydyr.

Satyjy tarapyndan bu kontroferta tassyklanandan soň (aksenta)geleşik baglanyşylan diýlip hasap edilýär.Satyjy haýsy kontrofertany ilkinji alsa ýa-da haýsy aljy bilen söwda etmäge isleg bildirse şol kontrofertany tassyklaýar.Alyjy özi bilen geleşik baglaşmakdan ýüz öwüren satyjyny närazylyk bildirip bilmeýär.

Harydyny daşary ýurda çykarmakçy bolan tarap üçin ilkibada erkin oferta şolar ýaly ýaly görünsede bu usul maksadalaýyk däldir.Käbir halatlarda özleriň harydyny köplügi bilen satyjylaryň orny alyjylaryňkydan pesräk bolýar.Şunuň ýaly ýagdaýlarda alyjylar erkin ofertalara az üns berýärler,sebäbi olaryň ony kabul edip işe başlamaga we harytlara eýeçilik hukuk gazanmaga doly ynamlary bolmaýar; şol döwrüň içinde bilsa edil şonuň ýaly haryda eýe bolmaga wagtyň biderek geçirilmegi mümkin.Şonuň üçinem haryt satyjylar köplenç alyjylary özüne çekmäge uly mümkinçiligi bolan berk ofertany iberýändir.Erkin oferta bilen adyna satyjylar özlerine mälim bolmadyk bazar bilen tanyş bolmak üçin,ýa-da bäsleşik tarapy bolmadyk täze haryt teklip etmek üçin giňiş edýärler.

Teklipleri resmileşdirmek,ýagny beýan etmek esasy üns merkezi bolup durýar.Esasanam alyjy satyjy bilen öňden tanyş bolmasa onda oferta örän işji bolup birneme mazamlama häsiýeti (reklama ) hem bolmalydyr.Şunuň ýaly ýagdaýlarda ofertany (tekstine)Ýazgysyna satyjynyň işi barada gysgaça maglumat hem berilmelidir.Teklibiň daşgy görnüşine hem uly üns berilmelidir.(kagyzyň sorty, firmanyň blanki peçat edilişi,häzirki zaman serişdeleriň ulanylşyň). Işewür dňnýäde şunuň ýaly ownuk zatlardan hem firmanyň abraýy,derejesi barada netije çykarýarlar.

Teklipleri ibermek hem diňe tehniki iş däldir.Teklipleriň netijeli bilmagy üçin ony kime, nirä we haçan ibermekligi bilmekdir.

Ilkibada näçe kök teklip göýberme,şonçada çalt geleşik baglanyşyk gazanylmaklygy bolup görünýär.Bu nädogry egerde teklipler bir döwletiň alyjysyna uly monopolis tip birleşikleriň we toparlaryň çytrynda onuň dürli halkara firmalary bilen aragatnaşygyny göz öňünde tutman iberilse onda ol teklip çenden aşa köp berilýän teklipleriň arasyna goşulyp,satyjynyň harydyny rüz satyp dynmak isleginiň bardygy barada pikir döremegi mümkin.Bu bolsa alyjynyň teklibe jogap bermäni, bahalaryň peselmegine garaşmagyna getirip biler.

Oferta bilen edilen teklip,şertnama baglanyşmakdan öň,alyjy tarapyndan aksent ýagny tassyklamahanyny ibermezden öň yzyna talap edip bilýär.

Diňe iki sany ýagdaýda teklibi yzyna talap etmäge mümkinçilik bolmaýar:

1.Egerde teklipde yzyna talap edilmek görkezilmedik bolup aksent üçin belli möhlet goýulan bolsa;

2.Egerde alyjy üçin teklibi yzyna gaýtarylmasyz höküminde kabul edip, adadty herekete başlan bolsa;

Alyjynyň tassyklama –aksenti gijä galyp iberilenem bolsa,hemde satyjy dessine bu barada habar berse tassyklama güýjüni ýitirmeýär.

Kähalatlarda oferta geleşikleri baglaşmak üçin iberilýänmonopolistik birleşmeleriň bazary özara paýlaşmagy üçin iberilýär.Şeýle ofertalary halkara söwdasynda goraýjy diýip at berýärler.Goraýjy ofertada alyjy üçin kesgitlenýär.Egerde gepleöýşiklere başlamaga alyjynyň özi isleg bildirse, onda onuň alyjynyň tekliplerini sorap ýazan hatyna ýüzlenme diýip at berilýär.Onuň maksady-iň maksadalaýyklaryny saýlap almak üçin bäsleşmeli teklipleri ýygnamakdyr.Munuň üçin ýüzlenmäni öz aralarynda bäsleşýän

birnäçe ýürtlaryň firmalaryna iberýärler.Ýüzlenmede gerek harydyň ady, hili, sorty, sany barada anyk soraglar görkedilýär.Munda baha barada sorag galmaýar. Bu egerde oferta isleg bildiren satyjyny gelejekgi gepleşiklere arkaýyn taýynlanmagy we erkin hereket etmegi üçin edilýär.

Emma baha baradaky mesele alyjy üçin örän wajyp bolup,ony satyjyň garamagynda goýmak alyjynyň bähbidine däldir.Şonuň üçinem alyjy ýüzlenmede satyjynyň ofertasynda haýsy başlangyç esaslarda we nähili wajyp baha kesiljegi görkezmegini haýyş edýär.

Şeýle hem ýüzlenmede alyjynyň näçe wagtlap oferta garaşmaýandygy barada ýazylýar.Şol möhlet ofertany ýazmak we ibermek üçin gerek bolan wagtdan köp bolmaly däldir.Bu birinjiden egerde oferte öz wagtynda gelmese alyjynyň oňa garaşmazlygy üçin.Ikinjiden bolsa satyjy isleg bildirse harydyny ýerleşdirjek bolsa, ýöne bir sebäp bilen ofertdäki wagtynda ibermäge mümkinçiligi bolmasa onda, onuň möhletini uzaltmaga duýduryş bermegi üçin edilmeýändir.

Bu bolsa satyjynyň taýarlanýan söwda gatnaşygyna isleginiň bardygyny aňlatmak bilen geljekgi gepleşiklerde örän wajyp orny eýeleýär.Umuman ýüzlenmeler oferta görä amatly bolup ony resmileşdirmek gaty uly talap bildirmeýär.Kähalatlarda,esasanam maşyn we enjam Söwdasynda alyjy satyjy tarapyndan oňa nähili goşlaga hyzmatlaryň ediljekdigi barada ýüzlenýär we özüne amatly bolan töleg görnüşini soraýar.

Alyjylar adatça özüne gerek harytlaryň möçberinde az haryt alan tölegi bilen ýüzlenýändir. Islegiň möçberini ulalmagy mynasibetli bahalaryň pese galmagyny gazanmak üçin ädilýär.

Ýüzlenmelerde ″gyssatly teklip bermeginde haýyş edýärler″, ýa-da ″gyssatly ýerleşdirmek″ýaly jümlerden gaça durmaly,sebäbi bular teklipleriň gymmatynyň ýokary

galmagyna satyjynyň gepleşiklerde egilşiklere gitmezligini getirýär.

Ýüzlenmeler göýberilende birnäçe düzgünlere saltylanmalydyr.Egerde şol bir döwletiň firmasyna ýüzlenme iberilende köp soraglardan gaça durmaly,sebäbi olaryň öz aralygynda dürli ylalaşmalary käbir ýüzlenmelere jogap hököminde gelýän ofertleriniň gözýetçilik etmek we olary seljermek hemkynçylyk döredýär.

Egerde näçe köp ýüzlenme kabul edilse şonçada formalar buýrulan ýumuşlaryň kabul edip bilmeýärler.Bu bolsa alyjy üçin amatsyzdyr, sebäbi gelejekde onuň ýene-de şol formalara ýüz tutmaly boljakdygy ähtimaldyr.

Alyjy diňe bir ýüzlenme bilen çykyş etmän,eýsem satyja belli bir derejede ýumuş hem buýryp biler.Munuň üçin ol ýumuş resminamasynda gerekli haryda taýarlamagy hem-de geleşik baglaşmak üçin beýleki gerek bolan harytlary görkezip biler.

Bu bolsa hemişelik iş salyşýan taraplara iberilip bilner.Sebäbi köp halatlarda onda gelejekgi söwda gatnaşygynyň özara şertlerini görkezilýär.Galan meseleler boýunça taraplar öň kabul edilen düzgünler salgylakyn ýa-da öňki tabşyrylan ýumuş şertlerine görä hereket edip bilerler.Ýumuşy kabul eden satyjy ony ýerine ýetirjegi barada habar berip biler ýa-da ony ýerine ýetirmejegini(bu barada düşündürşi bermezden)habar berýär.

**Eksort.**

Bahalaryň esaslandyrylşy.

1.Haryt

2.Harydyň sany we iberilmeli ýurdy.

3.Alyjy firma.

4.Tölegiň görnňşi.

5.Tölegiň möhleti.

6.Bäsleşmek materiallary.

| Baha | Ýerleme-giň esasy | Ýurt firma | Sany | Ýerleme giň möhleti | Beýleki şertler | Nämeden ugul alnman möhlet |
|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | |

7.Goşmaça şertler.
8.Öňki edilen geleşigiň bahasy.
9.Iberýän portdan-kabul edän porta çenli möçber.
10.Ibrmegiň şerti.
11.Gepleşiklerdäki,bahanyň esasy.
12.Bahanyň liliti(walýutada, manatda.)
13.Bahanyň lilitiniň möhleti.

**Bahalar we seljeriş bölüminiň başlygy.**
**Firmanyň direktory**

**Bäsdeşlik listi.**

**Şertnama görä satylýar, satyn alynýar** **Döwlet firma**

Harydyň ady
Ölçeg birligi we sany
Umumy bahasy
Hasaplaşygyň şerti
Bazar bahalary bilen deňeşdirilen
Tassyklanmaga hödürlenýän baha

Bahanyň esasy özeni
Ýerleşdirmegiň möhleti
Walýutanyň derejesi(kursy)

| **Görnüşi** (Assortim) | **Sany** | **Tassyklama** hödürlenýän baha | **Firmanyň** Hödürleýän Bahasy | **Deňeşdirýän baha** | | | **Öňki geleşigiň bahasy** | | | **Bäsdeşleriň teklip edýän bahalary.** | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | **Güni** | **Ýurdy** | **Baha** | **Güni** | **Firma** | **Baha** | **Güni** | **Ýurdy** | **Baha** |
| | | | | | | | | | | | | |

**Bazar bahalarynyň häsiýetnamasy.**

Şol ýurtda, şol wagtda teklip edilýän bahadan şol söwdany amala aşyrmagyň zerurlygy.

Ýerine ýetiriji   Firmanyň direktory                                   Bahlar we seljeriş  bölüminiň başlygy.

## IV.BAP. Birža we onyň operatsiýalary.

Soraglar:.

1.Biržanyň döredimegi we islegi.

2.Biržanyň harytlary we haryt biržalarynyň esasy görnüşleri.

3.Birža amallary,biržada harytlara baha kesgitlemek.

4.Türkmenistanyň Haryt çig mal biržasy.

### 1.Biržanyň döredilmegi we islegi.

Haryt çig mal biržasynyň döredilmegine garap geçeliň.Esasy mesele bolup haryt biržasynyň ýerleşmek meselesi we onyň ýerlenilmeli harytlary,önümleriň görnüşlerini kesgitlemek meselesi öňde durýar.

Dünýä tejribesine görä haryt biržalary, maddy çeşmeleri jemlenen uly merkezlerinde ýerleşýär.

1-nji tapgyrda - iş guraýjylar biržanyň ilkinji ösüş döwründe we geljeki bazara garşy uýgunlaşmakda näme edip biljekdigini we näme işleýändigini anyk kesgitleýär.

Mysal üçün:biržanyň ösüp barýan döwründe birža sowdasyna gatnaşýan kärhanalar näme gazanyp bilerler?

Bu ilki bilen harydy amatly satmaga,satyn almaga ýa-da çalyşmaga,ýurdymyzyň bazarlarynda harytlara bolan isleglar we teklipler boýunça teklipler baradaky geleşikler boýunça garşydaş tarapyň töleg ukyplylygy we ygtybarlylygy baradaky maglumatlary almaga mümkünçiligidir. Döwlet we pudakara edaralar biržanyň döredilmegi bilen özleriniň işewerligini we sowda işleriniň kadalaşmagyny gazanyp bilýärler.

2-nji tapgyrda – biržanyň üstü bilen ýerleniljek harytlary kesgitlemekdir.

Birža harytlarynyň talaplary:

1.Ülňä (standarda) laýyk gelmek.

2.Harytlaryň biri-birini çalyşmak ukuplylygy.

3.Geljekde durnukly islege laýyk gelmek.

3-nji tapgyrda - biržany guraýjylary,esaslandyryjylary saýlaýarlar (maliýe serişdelerini goýum edip biljek, maddy serişdelerini çekip biljek we giň aragatnaşyklary ýola goýup biljek).

4-nji tapgyrda - esaslandyryjylaryň arasynda haryt biržalaryny mahabatlandyryp biljekleri.

Birža dolanşygynyň esasy bölegi,ýagny birža geleşeginiň möçberiniň 98%-i dünýäniň alyp barjy sowda we maliýe merkezlerinde:ABŞ,Beýik Britaniýada we Ýaponiýada jemlenendir.

Biržada wlýuta,göterim goýumlary bilen fýurçes we opsion söwdalary amala aşyrylýar.

1.Dünýäniň iň ulu Haryt çig mal biržasy bolup, „Çikago Bord of Treýd“ durýar. Onda: bugdaý,mekgejöwen,arpa,soýa,altyn-kümüş,gymmat bahaly kagyzlar,bahk depožitleri ýaly sowda geleşikleri baglaşylýar.

1989-njy ýylda şu firmada fýurçes şertnamalarynyň sany 112 mln,opsion şertnamalarynyň sany bolsa 26 mln deň boldy.

2.Ululygy boýunça Çikagonyň „Çikado Merkentaýl Exchaudz“ biržşasy durýar.

Harytlary - maldarçylyk,iri şahly mallar,agaç önümleri,ýewro,dollar depozitleri, gymmat baha kagyzlar.

3.Nýu-Ýorkdaky „Nýu-Ýork Merkenteýl Exchaudz “ biržasy.

Haryt satmakda ol birinji ýerdäki bilen deňleşýär,ýöne gymmatbaha kagyzlarda pesde (depozit).

Ýewropanyň uly biržalary:

1.Londanyň metal biržasy (alýumin,mis,sink,nikel,gurşyn).

2.Londanyň Halkara hebit biržasy (metal,dizel ýangyjy,nebit).

Dünýäde 4-nji orunda Parižiň „MATIF“ biržasydyr.

Ýaponiýada iň ulu birža Tokiýa Haryt biržasydyr (pagta,ýuplikler,kawçuk,plotina altyn we kümüş,ýüň).

II.Biržanyň harytlary we haryt biržalarynyň esasy görnüşleri.

Birža harytlarynyň möçberi we görnüşi hemişe üýtgäp biler,eger-de XIX asyryň ahyrlarynda harytlaryň sany 200müň sany bolan bolsa,şu güniň ýagdaýyna görä olaryň sany 60-65 çenli kemeldi.Olardan 45-si biržanyň dolanşygyndan aýryldy.Haryt biržasy öz-özüni dolandyrmak esasynda hereket edýän gurama.Ol sowda geleşikleri baglaşmak boýunça delalçylyk hyzmatlaryny bermek,haryt sowdasyny kämilleşdirmek,sowda jedellerini çözmek,bahalar we olara täsir edýän önümçilik ýagdaýy baradaky maglumatlary ýygnamak we neşir etmek işleri ýerine ýetirilýär. Haryt biržalary ulu girdeýjini almaklygy maksat edinýär.Biržany kärhana görnüşli, täjirçilik kärhanalar görnüşinde döredilip bilner,ýöne ol ýagdaýda gatnaşyjy gurajylaryň sany hyžmatlardan peýdalanýan müşderilerden sany az bolmaly.Şonda biržanyň bähbidine dürli delalçylyk hyzmatlary ýerine ýetirmekligiň hasabyna biržanyň işi girdeýjili bolýar.

Biržanyň yokary dolandyryş guramasy bolup paýdarlaryň ýygnagy hyzmat edýär. Birzanyň her günki işine paýdarlaryň ýygnagy tarapyndan saýlanan başlyklardan we düzümden ybarat bolan komutet amala aşyrýar.Biržada hereket edýänler delallar (brokerler) birzanyň gatnaşyjylary hökümünde hereket edýär we olaryň adyndan geleşikler baglaşýar.Şu ýagdaýda brokerler agent hökününde çykyş edýär. Biržada brokerler kontorasy hem bar.

Biržanyň guramaçylk düzümi. Biržanyň yokary dolandyryş guramasy bolup paýdarlaryň ýygnagy hyzmat edýär. Birzanyň her günki işine paýdarlaryň ýygnagy tarapyndan saýlanan başlyklardan we düzümden ybarat bolan komutet amala aşyrýar.Biržada hereket edýänler delallar (brokerler) birzanyň gatnaşyjylary hökümünde hereket edýär we olaryň adyndan geleşikler baglaşýar.Şu ýagdaýda brokerler agent hökününde çykyş edýär. Biržada brokerler kontorasy hem bar.

# Biržanyň guramaçylyk düzümi.



Biržanyň guramaçylk düzümi.

Ykdysady seljeriş merkezi şu işleri amala aşyrýar:
- önümçilik baz+
- ar ýagdaýlaryna gözegçilik etmek,
- maglumat beriş neşirlerini taýýarlamak,
- bazara täsir edip biljek tehniki,ykdysady we beýleki ýagaýlary seljermek,
- ykdysady meseleleri boýunça tölegli yzmatlary bermek.

Arbitiraž topary we şertnama hukuk bölümi:
- geleşik boýunça şertnamalaty resmileşdirmek,
- makler tarapyndan olaryň ýerine ýetirilşine gözegçilik etmek,
- sowda gatnaşyjylaryň hereketiniň düzgüne laýyk gelmegine gözegçilik etmek,
- arbitraž topary tarapyndan seredilmeli işleri taýýarlamak.

Transport tarif bölümi:
- biržada satyn alynýan harydyň transpartirowkasyn guraýar we üpjün edýär.
- transportirowka bilen baglanşykly soraglar boýunça satyjylara we alyjylara maglumat bermek,
- ýuki hasaplaşdyrmak üçün dokumentleri resmileşdirmek.

Birža sowdasyny amala aşyrýan bölüm:
- birža sowdasynyň ösüş derejesini we ýagdaýyny seljermek,
- biržanyň işiniň netijelligini we hilini ýokarlatmak ýollaryny gözlemek,
- biržanyň dolandyryş aparadyny has netijeli işläge ugrukdyrýan täzeçe açyşlary taýýarlamak we işe girizmek,
- dünýäniň beýleki biržalarynda sowdanyň guralyş tertibini öwrenmek.

Makleriat:
- birža zalynda birža sowdasyny guramak,
- sowda geleşiklerini baglaşmak maksady bilen makleri tanyş etmek,
- geleşikleri resmileşdirmek,

- iki tarapyň şertnama borçlarynyň ýerine ýetirlişine gözegçilik etmek,
- birža sowdasyna gelýän harytlaryň ekispertizasyny geçirmek.

Maglumat beriş merkezi:
- gelip gowuşýan ähli maglumaty kabul etmek,işläp taýýarlamak we saklamak,
- biržanyň agzalaryna we müşderilere zerur gerek bolan hasaplamalary geçirmekde hyzmat etmek.

Birža sowdasyn gurnaýjy we üpjün ediji bölümi:
- birža sowdasynyň geçýän zalyny degişli ýagdaýda saklamak,
- biržany täjirçilik maglumaty bilen üpjün etmek,
- geleşikleri baglaşmak üçün biržanyň agzalaryna gerek bolan serişdeler we şertler bilen üpjün etmekden ybarat.

Birža ösüş döwründe lomaý bazardan has döwrebap fýurçes bazaryna çenli ýol geçdi.Fýurçes şertnamasy boýunça sowda düzgünleri şeýle mümkünçilikleri açýarlar:
- satyjy tarapyndan şertnamanyň hereket ediş möhleti tamamlanýança harydy ibermekligi ýa-da ibermezlik hukugyny saýlamak,
- aljy tarapanyndan şertnamanyň hereket ediş möhleti tamamlanýança harydy kabul etmäge ýa-da başgabir tarapa satmaga hukugy.

Fýuçers şertnamalarynyň amatly taraplarynyň arasynda şulary belläp bolýar:

1. Meýilnamalary gowylandyrmak.
2. Haýyr görmek.
3. Ygtybarlyk.
4. Gizlinlik.
5. Çalasynlyk.
6. Arbitražyň mümkünçilikleri.

Meýilnamany gowylandyrmaga seredip geçeliň. Bu soragy eksport etmek üçin önüm öndürýän ýurdyň mysalyna seredeliň;

Mysal üçin kakao.Nädip ol haryt ýerleniş ugruny meýilleşdirýär;

Ol:

- önüm taýyn bolandan soň her aýda , her çarýekde alyjjyny tapýar,
- taýyn bolan önümiň bar möçberini brinji peýda bolýan alyjynyň bahasy boýunça oňa satmak,
- biržanyň kesgitlän bahasyndan peýdalanyp fýuçers bazararyna çykmak, öz önümiňi bolsa alyja bähbitli bahadan ýerlemek.

## 3.Birža amallary,biržada harytlara baha kesgitlemek.

Dünýäde bar bolan ähli biržalarda gazna bölümi hereket edýärler.Olardan başgada gymmat bahaly kagyzlaryň bazary bar.Ol şu wezipeleri ýerine ýetirýär:

1.Satyjy bilen aljyny duşurýar.

2.Haryda bolan islegleri we teklipleri saklamak bilen nyrhlary durnukly saklamaga mümkünçilik berýär.

Obligatsiýalaryň hemmesi köçe bazarynda satylýar.Şol bazarlarda kompaniýanyň biržanyň hyzmatlaryndan boýun gaçyran halatynda aksiýalary satmaklga ýol berilýär.Ýöne köp halatlarda gymmat bahaly kagyzlar biržanyň üstü bilen ýerlenilýär.Olar araçy hökümünde hereket edýärler.Biržanyň täsiri boýunça köçe bazaryndaky bahalar emele gelýär we köçe bazaryndaky hususy auksionyň üstü bilen dälde telefon aragatnaşygy we brokerleriň üstü bilen hereket edilýär.Yzgirerli harytlary satyn almak boýunça baglaşylan geleşikleriň bahalaryny üýtgetmän almak bolýar. Başgaça aýdylanda biržanyň sanawynda durnukly orun eýeleýän harytlaryň bahalaryny durnukly diýip hasap edip bolar.

Brokerleriň ýerine ýetirýän amallaryna seredip geçeliň

Birža firmanyň ygtyparly edilen wekili „ Bazar buýurmasyny“ alyp biler. Bu bazaryň amatly bahasy boýunça aksiýalary satyn almaga ýa-da satmaga bolan buýurmasydyr. Bahasy görkezilmedik buýurmalar (zakazlar) – bazar buýurmalary diýip hasap edilýär. Sebäbi müşderi görkezilen

bahany peseldip hem-de galdyryp bilýär. Beýleki görnüşi bir tiz wagtda ýerine ýetirmegi buýurmak. Onda müşderi geleşiginiň iň amatly bahasyny görkezip bilýär. Indi bolsa brokeriň işlerine serdip geçeliň.

Mysal üçin: bir müşderi A aksiýadan 100 sany satyn almaga niýet edinipdir. Başga bir müşderi A aksiýany satmagy niýet edinýär. Biržadan maglumat almak bilen 1 A aksiýasy üçin 10.5$ baha kesilen bolsa soralan baha bolsa 10.75$ bolanlygy barada maglumat berilen bolsa, şol ýagdaýda satyjy 10.5$ gaçyp bilse alyjy bolsa 10.75$ gaçyryp bilse geleşik baglaşylyp bilner. Eger-de müşderi A- aksiýa üçin gerek bolan bahany kesgitlemegi gurýan bolsa ol bazar buýurmasyna buýurýar.Broker bu buýurmany söwda bölümine geçirýär. Ol ýerden şol buýurma ýerine ýetirmegi üçin biržanyň söwda zalyna geçirilýär. Şu ýerde treýderler müşderler üçin amatly baha tapmak üçin hereket edýär.

Biržada nyrhyň kesgitlenmegi.

Mysal üçin: eger-de bir-birinden daşda ýerleşýän 20 sany öndüriji we 100 sany belli bir haryda isleg bildirýän alyjy bar diýip hasap edeliň. Her bir sarp ediji öz öndürjisi bilen özbaşdak aragatnaşyk saklaýar. Ygtybarly maglumat bolmadyk halatynda bahalar üýtgäp bilýär. 20 sany öndüriji 100 sany isleg bildiriji biržada tekliplere we isleglere görä haydyň nyrhyny üýtgedip biler. Şeýlelikde hemmelere deň bolan kesgitlenen baha emele geler.Haryda nyrh kesilende standartlar hökman hasaba alynmalydyrlar.

IV.Türkmenistanyň Haryt çig mal biržasy.

Türkmenistanyň lomaý bazarynyň esasy guramaçylyk özeni Türkmenistanyň Döwlet haryt çig mal biržasy bolup durýar. Ol özüniň ýöriteleşdirlen derejesi boýunça her taraplaýyndyr. Harytlaryň dürli görnüşleriniň birža sowdasyna hem-de şertnamalaryny kabul edýär.

Birža – munuň özi lomaý bazarynyň guramaçylyk taýdan düzümi bolup şonda sowda biržalary tarapyndan bellenilen düzgünler boýunça amala aşyrylýar.

Birža ýygnagy birža sowdasynyň günidir. Biržanyň aýanlykdan jemagat we elektron söwdalary öňünden bellenen wagt geçirilýär. Birža geleşigi öz adyndan ýa-da ministrleriň adyndan dellalçylaryň arasynda birža ýygnagynda baglanşylan geleşiklerdir.Birža geleşikleriň 3 görnüşi bar:

1.Forfat geleşigi – hakyky harydyň üpjün ediliş möhletiniň gaýra çekilmegi bilen satyn alma, satmak baradaky geleşikleridir.

2.Fýurçes gelşegi – geleşigiň baglaşylan döwründe bellenen nyrh boýunça belli bir aralygynda harydyň üpjün edilşini ýoly goýmak bilen baglaşylan standart şertnamalar satyn alma, satma barada geleşikdir.

3.Opsion geleşigi – harytlary ýa-da şertnamalary bellenilen nyrh boýunça gelejekde satyn almaga ýa-da hukuklary satyn alma, satma baradaky geleşikdir.

Türkmenistanyň haryt çig mal biržasynyň hukuk düzgünleri, onuň Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan tassyklanýan düzgünnamasy bilen kesgitlenýär. Ýerleşdirmesi diňe Türkmenistanyň Döwlet haryt çig mal biržasynda amala aşyrylýar harytlaryň önümleriň we çig mallaryň hem-de sowdasynyň beýleki obýektleriniň sanawy Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan bellenilip bilner. Biržada belli bir görnüşdäki harytlara we şertnamalara degişli hyzmatlara edýän ýöriteleşdirlen bölümler hem-de seksiýalar döredilinip bilner.

Türkmenistanyň haryt çig mal biržasy özüni hojalyk işler bilen üpjün edýär kärhanany we guramalary döretmäge ukyplydyr.Türkmenistanyň haryt çig mal biržasy birža söwdasy bilen baglanşykly kredit hasaplaşyk we maliýe operatsiýalaryny geçirmek üçin Türkmenistanyň kanunlarynda bellenilen tertipde bank hem döredip biler.

Biržanyň esasy ugry.

Esasy 4 ugry bar:

1. Birža aýanlykdaky jemagat söwdadaky elektron sowdalary üçin informatsiýa we beýleki hyzmatlaryň hödürlenmegi üçin şertleri üpjin edýär we birža söwdasyny kadalaşdyrýar.
2. Birža söwdalary guraýar we alyp barýar, ýöne ol öz adyndan we öz hasabyna birža geleşiklerini, şeýle hem birža söwdasyny guramak bilen gös – göni baglanşygy bolmadyk söwda dellalçylyk işin alyp baryp bilmez.Bu gadagan etmeklik birža söwdasyna gatnaşýan ýuridik we fiziki talaplara degişli däldir.
3. Biržanyň Türkmenistanyň teritoriýasynda,şeýle hem beýleki döwletlerde öz filýallaryny we wekilhanalaryny açmaga hukugy bardyr.
4. Birža birža söwdasyny guramak bilen baglanşykly islendik hojalyk işlerini amala aşyryp biler.

Birža geleşikleri amala aşyrlandan soň bellige alnyş ýygymy diňe hojalyk zerurlyklary we birža söwdasyny guramak üçün biržanyň peýdasyna galýar.

Türkmenistanyň haryt çig mal biržasy Türkmenistanyň Przidentiniň 1994-nji ýylda Gorkut aýnyň 29-na 1285-nji karary bilen döredildi we lomaý bazaryň guramaçylyk strakturasydyr,ol haryt-çig mal serişdeleriň hem-de gymmatly kagyzlaryň söwdasyny edýär.

„ Haryt çig mal biržalary“ hakynda Türkmenistanyň kanunynyň kabul edilmegi bilen baglanşykly we lomaý haryt bazarynyň netijelegigini ýokarlandyrmak, haryt dolanýygyny giňeltmek hem – de çaltlaşdyrmak ýurdumyzyň bazaryny harytlar we önümçilik tehniki önümler bilen doldurmak manadyň hümmedini durnuklaşdyrmak maksady bilen karar hökmünde 1994-nji ýylyň 27-Ruhnama aýynda kabul edildi. Ol aşakdakylary öz içine alýar.

1.Türkmenistanyň Döwlet Haryt çig mal biržasynyň ustawyny we

Türkmenistanyň haryt çig mal biržasynyň işiň hakyndaky düzgünnamany tassyklaýar.

1. Ministrlikler, wedomostwalar, ähli guramaçylyk hukuk görnüşindäki

Kärhanalar we guramalar, döwletiň içinde we döwletara postawkalar hem-de satyn almak üçin kontrakytlar baglaşylan mahaly türkmenistanyň haryt çig mal

Biržasynyň işi hakyndaky şu karar bilen tassyklanan Düzgünnamany goldamaga borçlydyr .

## V BAP. Dünýä ykdysadyýete erkin ykdysady zonalar.

Soraglar:

1.Erkin ydysady zonalar barada düşünje.

2.Halkara söwda guramalary we halkara hyzmatlar.

I.Erkin ykdysady zonalar barada düşünje.

Erkin ykdysady zonalar aýratyn gümrük we salgyt kanunlary doly hereket edýän doly hojalyk özbaşdaklygyna eýe bolan teritoriýasydyr.Olar dünýä ýurtlarynyň önümçilik we söwda tejribesini ulanmak arkaly önümçiligi ýerlemäge, hojalyk inwestitsiýasyny ösdürmäge ýardam edýär. Turkiýede erkin ykdysady zonalary döretmek işi 1927-nji ýylda başlanypdyr.1953-nji ýylda olara döretmek hakdaky kanuna üýtgemeler girizilipdir we şeýlelikde 1983-nji ýylda täzeden kabul edilipdir.

Orta ýer, Gara deňiz, Egeý deňzi, Mermer deňizleriniň kenaryna ösen önümçiligiň we senagat merkezleriniň golaý bolmagy bu zonalaryň amatly geografik ýerleşişinden habar berýär.

1987-nji -1992-nji ýyllr aralygynda ol teritoriýalarda 2 milýard 78 mln $ söwda peýdasy gazanyldy. Ol peýdanyň 55.3% zonalaryň ösüşi üçin harç edildi.

Eýranda, Türkmenistanda erkin ykdysady zonalar Azerbeýjanda Kaspi deňzindäki Enzeli, Pars aýlagyndaky - Çah Behar erkin ykdysady zonalar bu günki gün bütin dünýä hyzmat edýär.

Eýranyň kenaryndan 17 km daşlykda ýerleşen Kiş adasynyň 90 km-de Altyn suw çägeli kenarlar kurort zonasynyň döremgine mümkinçilik berýär we şol ýerde halkara aereport gurulýar. Eýran kanunlary daşary ýurt maýadarlarynyň hukuklaryny doly goldaýar.

Kämil kommunikasiýa sistemalary, ösen infrastruktura desgalary erkin zonalaryň ösüşi üçin has möhüm şertlerdir.

Türkmenistanyň geosyýasy şertlerinde Türkmenbaşy porty geljekde salgytsyz söwdanyň uly zonasy haçan ediler. Ol tutuş Orta Aziýanyň deňiz derwezesi bolmak bilen, ýurdumyzy dünýä okeanyna çykarar. Demir ýol arkaly Orta Aziýa döwletleri, Gazagystan, Sibir ... daşary ýurtlar bilen baglanyşsa, Türkmenbaşy - şosse ýoly arkaly Awganistana, Eýrana çykyp bolýar. Eýran bilen araçäkdäki Howdan serhet geçiriş punkty hem girdejili zona öwrülip biler.

Aşgabatdaky halkara aeroporty hem erkin ykdysady zona aldy. Häzirki zaman aeroporlary inwistision çäreleriň geçirilmege arkaly oňa golaý territoriýalaryň ykdysady durmuşyny janlandyrmaga ýardali edýär.

Dünýä näçe diýseňem ýeterlik mysallary berýär. Meselem, 1959-njy ýylda Irlandiýanyň Şennon aeroportynda şeýle zona döredildi. Proekti amala aşyrmak üçin döwlet kommisiýasy döredildi. Häzirki wagtda bu zonanyň eksport – import önümçiliginiň möçberi 300 million dollardan geçýär. Bu ýerde daşary ýurt kompaniýalarynyň 400-den gowragy we olaryň filiallary işleýär. Ýaponiýanyň bary ýogy 27 gektar meýdany tutýan Okinawa aeroport zonasy ýurda uly girdeji getirýär. 1992-nji ýylda Hytaýyň Şençşen halkara aeroporty guruldy. 1993-nji ýylyň dekabrynda bolsa Orsýetiň Şeremetýewo aeroporty (165 gektar) erkin söwda zonasyna öwrüldi.

## II.Halkara söwda guramalary we halkara hyzmatlar.

Halkara söwda guramalary dürli ýurtlaryň önüm öndürijileriň öz ara ykdysady zerurlyklary netijesinde emele gelýär. Belli ykdysadyýetçi Saksaniniň kesgitlemesine görä islendik ýurduň üstünligi daşary ýurt söwdasyndan döreýär. Heniz hiç bir ýurt halkara ykdysady düzümden aýrylyp sagdyn ykdysadyýeti döredip bilen däldir.Ykdysady söwda gurmalaryň emele gelmeginde erkin ykdysady zonalaryň ähmiýeti bardyr. 1990-nji ýylda erkin ykdysady zonalaryndan halkara söwda 40%-de ýetdi( umumy edilen söwdanyň 100%-i). Şol

ýyllardaky ady belli zonalara: Ýewropanyň Erkin söwda assasasiýa, Demirgazyk Amerikanyň erkin ykdysady zonasy (DAESZ (NAFTA)),Aziýa Ýuwaş okeanyň erkin ykdysady zonasy(ATES) degişldir.

Uly halkara sebitara söwda toplumynyň düzümine şu aşakdakylar girýär:

1. Ýewro soýuzy: Awstriýa, Germaniýa, Beýik Britaniýa, Italiýa, Irlandiýa, Fransiýa, Ispaniýa, Portugaliýa, Finlandiýa, Şwesiýa, Daniýa, Belgiýa, Lýuksemburg, Nedirland, Gresiýa.
2. Demirgazyk Amerikanyň erkin ykdysady zonasy (DAESZ): ABŞ,Kanada,Meksika.
3. ATES: Awstraliýa, Bruneý, Malaziýa, Singapur, Taýland, Täze Zellandiýa, Gweneýa, Indoneziýa, Flippin, Taýwan, Bonkong, Ýaponiýa, Go.Koreýa, Hytaý, Kanada, ABŞ, Meksiýa, Çili.
4. EAST: Islandiýa, Norwegiýa, Şwesariýa, Liftenşteýn.
5. Merkasuz: Braziliýa, Argentina, Paraguwaý, Uruguwaý.
6. Gunorta Afrikanyň ösüş komuteti (SADK): Bostwan, Lesota, Angola, Malowiý, Mozambik, Mowzini, Ýuwar, Tanzaniýa, Namibiýa, Zimbabiýa.
7. Günbatar Afrikanyň ykdysady we walýuta bileleşigi: Ýuwar,Burhina,Faso,Nigeriýa, Towo, Senegal, Benin, Maliý.
8. Günorta Aziýanyň sebitara gatnaşyklarynyň assossasyýasy.(SAARK):Indiýa, Pakistan, Şrilanka, Bangladeş, Butan, Nepal.

Bütin dünýä söwda guramasy (WTO) söwda düzüminiň hemme taraplaýyn ösmeginiň meseleleriniň üstünde işleýär we ýüze çykan meseleleri çözmekde uly ähmiýeti bardyr. Şeýle ähmiýetli guramalarynyň birine söwdanyň baş uly guramasy degişlidir (GATT). Ol 1947-nji ýylda 23 döwletiň gatnaşmagynda ylalaşyp, 1948-nji ýylyň 31-nji dekabrynda güýje girdi.

Biziň häzirki döwrimüzde döwletleriň we halklaryň arasynda köptaraplaýyn gatnaşyklaryň pajarlap ösmeginde dörli halkara guramalaryňişi uly ähniýete eýedir.Häzirkizaman dünýäsinde iň köpçälikleýin halkara guramasy Birleşen Milletler guramasy (BMG) bolup durýar.Ähli özbaşdak döwletler onuň agzasydyr.Guramanyü ştab kwartirasy Nuu-Ýork şäherinde (ABŞ) ýerleşýär.BMG-nyň çäginde köp sanly ýöriteleşdirlen edaralar hereket edýär.Olara Bütün dünýä saglygy saklaýyş guramasy(WOZ).Azyk we oba hojalyk guramasy (FAO).ylym we medenýet meseleleri boýunça gurama (UNESKO) degişlidir.Dünýäde harby-syýasy birleöme bolan Demirgazyk Atlantik Şertnamasynyň (NATO). Ykdysady we syýasy häsiýetdäki gurama bolan Ýewropa Bileleşiginiň (ÝB) we beýleki guramalaryň möhüm orny bardyr.

Dünýä ykdysadyýetinde hyzmat-bu maddy däl görnüşindäki eşret bolup ol dürli ýurtlaryň wekilleriniň arasyndaky satyn almak-satmak ýaly şertnamanyň esasynda emele gelýär. Dünýä ykdysadyýetiniň häzirki döwründäki ösüşiniň özboluşlylygy ol hem hyzmatlaryň halkara satylşynyň we olaryň milli derejede giňeldilmegi bolup durýar.

Hyzmatlaryň ösüşi şu aşakdaky alamatlara esaslanýar:

1. Önümçilige girizilýän çig mallar görnüşindäki hyzmatlaryň emele gelmegi, mysal üçin: taslama işleri; taslamalaryň tehniki-ykdysady esaslandyrylmasyny taýarlamak; bazary seljermek; ýuridiki hyzmat ediş işleri; maslahat bermek işleri we ş.m.
2. köpçülikleýin aragatnaşyklarda tehnologiki ösüşiň bolmagy, täzelikleriň döremegi, ylmyň we tehnikanyň durmuşa ornaşdyrylmagy;
3. hyzmat bazarlaryna iri möçberli, ýagny iri transmillikompaniýalaryň çykmaklygy.

Hyzmatlaryň halkara hereketiniň (eksport-import) esasy görközijilerini seljermeklik umumy görközijilerinden soňra

özboluşly görközijilerini seljermeklige gönükdirlendir. Hyzmatlaryň halkara söwdasynyň aýratynlyklarynyň biri bolup ol hem köp sanly hyzmat öndürijileriň we sarp edijileriň bir ýerde toplanyp ösmegidir. Mysal üçin: hyzmatlaryň ähli dünýä aýlanşygynyň 75 % ykdysady taýdan ösen ýurtlaryň paýyna düşýär, olaryň 36 % -ni diňe dört ýurtlar, ýagny ABŞ,Beýik Britaniýa,Germaniýa we Fransiýa üpjün edýär. Hyzmatlaryň dünýä satylşynda ösüp barýan ýurtlaryň paýy 20 % bolup, GDA hem-de Gündogar Ýewropanyň ýurtlarynda ol görköziji 5 %göterimden durýar.

Hyzmatlaryň görnüşleri:
1. Ulag hyzmatlary
2. Syýahatçylyk
3. Aragatnaşyklar
4. Gurluşyk
5. Kompýuter-maglumat
6. Ätiýaçlandyryş
7. Maliýeleşdiriş

Françaýzing-iki firmanyň arasyndaky baglanşylan şertnama, oňa laýyklykda belli bir bazaryň çäklerinde bir firmanyň kesgitli haryt belgisine,tehnologiýasyna,”nou-hau”-syna bolan eýeçilik hukugyny başga firma geçirmekligini göz öňünde tutýar. Şonuň bilen birlikde françaýzing – bu döwlet ýa-da häkimler tarapyndan kärhana ýa-da firma belli bir hyzmatlary ýerine ýtirmekde hukugyň berilmegi. Mysal üçin: ilatly nokatlary suw, elektroenergiýa bilen üpjün etmek; belli bir sebitde ýolagçylary daşamak.

Françaýzing ulgamy (iňlisçeden terjimede bu söz artykmaçlygy aňladýar) iri we kiçi telekeçiligiň gatyşyk görnüşinde hereket edýär. Ýagny, bazarda durnukly ýagdaýy eýeleýän iri kärhana öz eýeçilinde bolan enjamlary, materiallary, tehnologiýany kiçi kärhana bermek barada şertnama baglaşýar. Kiçi kärhana telekeçiligi diňe şertnamada

görkezilen şertlerde we görnüşlerde alyp barmaklyga borçly edilýär. Bu görnüşde iri kompaniýanyň önümlerini ýerleşdirýän satyjylaryň, araçylaryň (dellalçylaryň) ýeke-täk ulgamy hereket edýär. Daşary yurt tejribesine syn etsek ABŞ ýurdynda bölek–satuw dolanşygynyň 40 %-ni hyzmatlaryň üçden bir bölegi bu ulgamyň paýyna düşýär. Françaýzing ulgamynda işleýän firmalaryň sany geçen ýyllar bilen deňeşdirilende 82 müň töweregi köpeldi, satuwyň möçberi 4,5 esse artdy, olardaky işgärleriň sany 3,5 mln. adamdan 5,2 mln. adama çenli köpeldi (48,5 % artdy).

Françaýzing ulgamynda kärhanalaryň şu görnüşleri hereket edýär:

1. Diňe şertnama ulgamynda hereket edýän kärhanalar, olar ähli öndüren önümlerini baş kompaniýa satmaga borçly bolýarlar.
2. Enjamlar we materiallar bilen üpjün ediji iri kärhana kiçi kärhananyň önümçilik we telekeçilik işleriniň köpsanly ugurlaryny kesgitleýär.
3. Kärende şertlerinde döredilen kiçi kärhanalar-operatorlar, bu kärhana öz işini öňden taýýarlanylan düzgün-tertibe laýyklykda alyp barýar.

Netijede, iri we kiçi telekeçilik jebis aragatnaşykda hereket edýär. Olaryň arasynda önümçiligiň dürli pudaklaryndaky kompaniýalaryň öndürýän önümleriniň asyl nusgalaryndan göçürme bilen meşgullanýan, göçürijiler ady bilen belli kiçi kärhanalar barada aýtmak bolar. Ilkinji nobatda bu hadysa derman senagatynda ýüze çykýar, soňra bu ýagdaý elektronika we başga pudaklara ýaýraýar. Göçüriji kärhanalaryň esasy aýratynlygy olaryň öndürýän önümleriniň arzanlygydyr. Mysal üçin, Germaniýada täze çykarylýan önümiň göçürmesi, onuň asyl nusgasyndan iki esse arzandyr. Şu ýagdaýa esasan iki alamatyň bildirýän täsiri barada hem durup geçmek zerur. Birinjiden, iri kompaniýalaryň önümlerini

göçürmek bilen, kiçi kärhanalar ylmy-barlag we synag-düzgüt işleri boýunça çykdaýjylary çekmeýärler. Ikinjiden, iri kärhanalar bahany emeli ýokarlandyrýarlar, emma kiçi kärhanalar, köp ýagdaýlarda uly bolmadyk möçberi bilen ylalaşýarlar.

Özüniň täsiri boýunça meňzeş şol bir önümi arzan bahadan teklip edip kiçi kärhanalar iri kompaniýalary bazaryň uly böleginden gysyp çykarýarlar. Göçüriji kiçi kärhanalar özleriniň ýerine ýetirýän işi boýunça bahanyň ýekemenlikde esassyz emele gelmegine garşy örän uly çäklendiriji güýç hökmünde hem çykyş edýär.

Reinžiring-hereket edýän obýektde öňden amala aşyrlan tehniki çözgütleri täzeden güýçlendirmek. Şonuň bilen birlikde inžiringi täze derejä galdyrmaklygyň esasynda kärhanalary,firmalary täzeden dikeltmek.

“Nou-hau”-ylmyň, tehnikaň, önümçiligiň, maliýe, kommersiýa häsiýetine eýe bolan, kärhananyň ýa-da hünärmeniň hereketinde ulanylýan, emma köpçülige çykarylmadyk bilimleriň umumylygy.

“Nou-hau”-nyň köpçülige çykarylyşy, ýetirilişi, kommersiýa esasynda satyn alynşy ilki bilen lisenziýa şertnamalaryň baglanşylmagy bilen bolup geçýär. Adatça şertnama hökmüňde lisenziýa şertnamasy çykyş edýär, şol şertnama laýyklykda lisenziýany satyn alan subýekte “nou-hau”-ny geçirmek bilen bilelikde patentlenen oýlap tapmalary ulanmaklyga hukuk berilýär.

Ofşor kompaniýa-ýeňňilikli salgyt gurşowynda hem-de walýuta gözegçiliginiň ýok gurşowynda hasaba alynan ýuridiki tarap. Ol milli düzgünleşdirişden garaşsyzdyr. Bu kompaniýa özüniň hasaba alynan döwletinde hojalyk işini alyp baranok, olaryň eýeleri bolsa bu döwletlerde hojalyk işlerini ýöretmän rezidentdäl bolup çykyş edýärler. Ofşor kompaniýalaryň esasyny kompaniýalary bölekleýin ýa-da tutuşlygyna salgytlardan boşadýan döwletleriň kanunlary düzýär. Esasy bellemeli zatlaryň biri ol hem her bir başga döwletlerde ofşor

kompaniýalaryň ýokary derejede işlemegi üçin hem-de ikinji sapar salgyt tölemezlik üçin ýurtlaryň arasynda şertnama baglaşylýar. Eger-de ol şertnama gol çekilmese, onda kompaniýa öz alyp barýan işi üçin salgyt tölemeli bolýar.

Halkara hukuk nazarýetine laýyklykda ofşor kompaniýa özbaşdak ýuridiki tarap bolup öz hojalyk işini özüniň hasaba alynan döwletiniň kanunlaryna laýyklykda alyp barýar. Häzirki döwürde ofşor kompaniýalar üçin ýeňňilikli salgytlary göz öňünde tutýan ýurtlaryň 60-dan gowragy bar. Bu kompaniýalar dünýäniň dürli banklarynda öz hasaplarynyň çäksiz sanlaryny açmaklyga hukuklydyrlar.

Iki ýa-da köp sanly fiziki taraplardan ybarat bolup durýan geljekde girdeji almak üçin öz maýa serişdelerini goýup harydy we hyzmaty öndürmek maksady bilen belli bir ýurtda hasaba alynan ýuridiki kompaniýa ýa-da firma bolup çykyş edýär.

## VI.BAP. Dünýä ykdysadyýetinde maliýe bazarlary.

Soraglar:

1. Dünýä bazarlarynyň we biržanyň döreýşi.
2. Gymmat bahaly kagyzlar we olaryň operasiýalary

Islendik döwletiň ykdysadyýetiniň durnukly ösüşi onuň maliýe ulgamynyň näderejede deňagramlylygy saklaýandygyna we açyk-aýdyňlygyna baglydyr diýip, hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow ministrlikleriň we pudaklaýyn edaralaryň maliýe işlerine degişli meselelere ünsi jemläp, bu babatda zerur gözegçiligi üpjün etmegi talap etdi.

Indi bolsa gymmat bahaly kagyzlar bazarynyň taryhy döreýşi bilen tanyşalyň.

(1)"Gymmat bahaly kagyzlar bazarlary maliýe pudagynyň ösmeginde we ykdysady nukdaý nazardan öňe gidişlikde täsirli orun tutýar. Ýurtda gymmat bahaly kagyzlar (gazna) biržasyny döretmäge esas bolup hyzmat edýän kanunyň Türkmenistan tarapyndan kabul edilip, halkyň dykgatyna ýetirilendigi bizi guwandyrdy we biz Türkmenistan hökümeti bilen gymmat bahaly kagyzlar bazarlarynyň sebitde hereket edişine degişli iň gowy tejribeleri paýlaşmaga şat", diýip Gazagystanyň gymmat bahaly kagyzlar (gazna) biržasynyň prezidenti Azamat Žoldasbekow we okuw seminarynda çykyş edenleriň biri nygtadylar.

(2)Gadym Rimde söwdegärler meýdançada öz işleri barada harytlaryna baha goýmak we olara hrydar müşderi tapmak barada ýygnaşýan ekenler. Asyryň ortalarynda Ewropanyň uly söwdegärleri iş hakynda ýolda duşuşyp ýörmeden iripdirler we şondan soň Birža emele gelýär. Bu söz Golland sözi "beurc" we nemes sözi "Borse" emele gelip "gapjyk" diýen manyny beripdir, ýene-de bu söz atly söwdegär XIII asyrda Брюггеде ýaşan Vander Burseniň familiýasydyr. Bu şäher bütin Ýewropanyň söwda merkezinde ýerleşipdir we ol şäherde

Бурсе tarapyndan gurulan täjirler üçin myhmanhana bolupdyr. Myhmanhananyň öňünde Бурсеniň ýörite gerbi ýagny 3 sany gapjygyň şekili ýerleşdiripdir. Şol ýerde hem gelmişekler, söwdegärler bilen duşuşyklar geçiripdir. Şol duşuşyklar barýanlar biri-birine ýörüň Бурсеňkä gideliň diýip ýüzlenipdir. Şondan soň Londanda täze birža alyş-çalyşlar üçin emele gelipdir, soňra Ganzeýde guruply söwdegärçilik üçin we şol döwürde maklerler ýüze çykýar we olaryň "gulagyň araçylary" diýipdirler. Olaryň işi diňlemek habar bermek we gyzyklanýan taryplary duşurmakdan ybarat bolupdyr. Uzagyndan söwdegärler ýany bilen haryt däl, diňe gepleşik baglaşmak üçin gelip baş 1531 aýtdy ilkinji Antwerlenede birža salynýan ilk.garli.birža-Londan XVII asyr ol ýerde aksiýa bilen ilkinji söwda başlanýar we Dünýäniň pul bazary emele gelýär XVIII asyrda Amsterdamda gymmat bahaly kagyz bazar.
(3) Ine şeýdip kofe içip -gepleşikler baglaşylypdyr. Mysal üçin Londanda metal biržasynda täjir öz töweregini Pung diýen zalda öz daşyna tegelek çyzyp "Satýan" diýip gygyrypdyr. Alyjylar hem öz aljak bahalaryny aýdyp gygyrşypdyrlar.Bu däp -şu günler hem Londanyň metal biržasynda gykylyk etmeklik däbi galanok. Siti-Lidenholl strit- biržada "öküzler" we "aýylar" bahany galdyryp we bahany peseltmek üçin hereket edip döwletiň materiallaryny ýagny gymmat bahaly kagyzlaryň spekulýasiýasyny emele getirilipdirler.

Eger-de obligasiýalar " köçe "bazarynda satylýan bolsalar.uly firmalaryň aksiýalarynyň söwda merkezi birza bolup durýar




## Pul Bazarlary

Pul bazaryna degişli bolan kanunlar «Gymmat baha Kagyzlar we gazna Biržasy hakyndaky Kanun” 1993-nji ýylda, «Maýa goýumlar Amallary hakyndaky Kanun” 1992-nji ýylda we «Gymmat baha Kagyzlaryň Amallaryna Salgyt salnyşy hakyndaky Kanun» 1993-nji ýylda kabul edildi. Kabul edilenden bäri bu kanunlara hiç hili üýtgetmeler girizilmedi.




Ykdysadyýet we maliýe ministri gymmatly baha kagyzlary çykarmaklyga, geleşiklere (Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Daşary ýurt maýa goýumlary Gullugy bilen bilelikde), pul bazarlaryna we brokerçilik we araçylyk işlerine döwlet gözegçiligini amala aşyrýar.

1993-nji ýylda kabul edilen Gymmat baha Kagyzlar we gazna Biržasy hakyndaky Kanunda hususy gymmat kagyzlaryny çykarmak we dolanyşygy hakyndaky esasy prinsipleri, şeýle hem birža gaznasynyň amallarynyň üpjün edilişi barasynda aýdylýar. Kanuna laýyklykda gymmat bahaly kagyzlar Ykdysadyýet we maliýe ministrliginde bellige alynmalydyr we Döwlet haryt we çig mal biržasynda satylyp bilner. Bu diňe kagyz ýüzünde şeýle, sebäbi Türkmenistanda gazna biržasy hereket etmeýär. Käbir döwlet maýa goýumlar gaznalary walýutany döwlet baş pudaklaryna (nebit we gaz we mineral serişdeleri pudaklary) ýerleşrimeklik we

maliýeleşdirmek üçin döredilendir, emma bu gaznalar köpçülik ulanyşy üçin gymmat baha kagyzlaryny göýbermeýärler. Bu maýa goýum gaznalary Daşary ýurt maýa goýumlar Gullugy we Daşary ykdysady banky bilen ýakyndan işleşýärler (döwletiň maýa goýumlar we import/eksport taslamalary boýunça ilkinji fiskal wekili).

1991-1994-nji ýyllarda Bank birnäçe döwlet emlägini senagatda, bank ulgamynda we söwdada «hususylaşdyryp», ýagny diňe olaryň adyny üýtgedip we aktiwlerini paýlara bölüp, olary Paýdarlar Jemgyýetine öwürdi (PJ-leri). 1998-nji ýylyň Ýanwar aýynyň 1-i ýagdaaýyna 300 sany şeýle paýdarlar jemgyýetleri bolup, döwlet gözegçilik ediji paýdarlygyny dowam edýär.

## 1. Halkara Daşary Ýurt Pul Gaznasy (HDÝPG)

Türkmenistan 1992-nji ýylyň Sentýabr aýyndan bäri HDÝPG agzasy bolup gelýär. 1999-njy ýylda Türkmenistandaky wekili yzyna çagyrylandan soň, HÝPD-yň Aşgabatda ýerli wekili bar. 1999-njy ýyldan soň 2004-nji ýylda Afrikada IV maslahat geçirildi, emma hasabat 2005-nji ýylda hemme talaplara laýyk gelýän hasabat 2006-njy ýylyň Ýanwar aýyna çenli HDÝPG-yna berilmedi. Türkmenistan bu hasabatyň çap edilmezligini talap etdi.

2 Dünýä Banky /HMK

Türkmenistan 1992-nji ýylyň Sentýabr aýynda Dünýä Bankynyň Topary bilen Ylalaşyklara gole çekdi. Türkmenistan 1993-nji ýylyň Oktýabr aýynda HMGKG-yň agzasy we 1997-nji ýylda HMK agzasy boldy. 1996-njy ýylda bäri Dünýä Bankynyň Aşgabatda Aragatnaşyk Ofisi bar. Birinji Döwlete Ýardam Bermek Strategiýasy Türkmenistan üçin 1997-nji ýylda tassyklanyldy. Dünýä banky ýurtda iň garyp welaýat bolan Lebap welýatyny ösdürmek boýunça maksatnamany (1998 ý.), Jemgyýetçilik-Döwlet çykdajylaryny

Dolandyrmaklygy (1999 ý.)we Ýaşaýyş şertleriniň Ölçeglerini Gowulandyrmak boýunça hasabaty (2001 ý.) taýýarlady.

1990-njy ýyllarda Tükmenistana berlen 3 sany karzyň BŞ-yň 25 million dollaryndan ybarat bolan soňky karzy Institut Gurluşygyna/Enjamlaýyn Ýardam bermek Karzy (IGEÝBK) üstünlikli durmuşa geçirilendigi sebäpli 2003-nji ýylyň Bitaraplyk aýynda ýappyldy. 2004-nji ýylyň Türkmenbaşy aýynda Dünýä Banky Halkara Hasaphana Ölçeglerine bölünip berlen soňky grandyny ýapdy. Häzirki wagtda Dünýä Bankynyň Türkmenistanda kiçi maksatnamasy we ýerli DDG-yna ýardam berýän Kiçi Grant Maksatnamasy bolup, hiç hili bir uly hereket edýän maksatnamasy bolman, ýakynda hem hiç hili karz we/ýa-da enjamlaýyn ýardam bermeklik göz öňünde tutulmaýar.

2005-nji ýylda Türkmen hökümeti Dünýä Banky bilen Bankyň kynçylyk çekýän ugurlary boýunça Türkmenistandaky işini dikeltmek hakynda ylalaşyga gelindi ýagny; i) girew maddasynyň bozulmagy; (ii) daşky bergi hakynda Bankyň Bergi Hasabat Ulgamyna hasabat berilmezligi we (iii) iş böwetleri (mes. wizalary almak boýunça kynçylyklar). Türkmen hökümeti bu meseleleri çözmeklige tarap birnäçe hereketleri edip, Dünýä Banky bilen gepleşikleri geçirmekligini dowam edýär.

## 3 Aziýa Ösüş Banky (AÖB)

AÖB-yň Müdiriýeti Türkmenistanyň agzalygyny 2000-nji ýylyň Alp Arslan aýynda makullady. AÖB 2002-nji ýylyň Magtymguly aýynda Aşgabatda aragatnaşyk ofisini açyp, 2002-2004 ýyllar üçin niýetlenen Aralyk Iş Strategiýasy boýunça işleýär. Bu strategiýa entek dikeldilmedi. Munda Türkmenistan üçin hiç hili karzlar göz öňüne tutulmadyk bolup, diňe ýerli hyzmatdaşlyga ýa-da Owganystany dikeltmeklige gönükdirilen taslamalary özüne alýar. Häzirki AÖB-yň enjamlaýyn ýardam bermek taslamasy üç sany ýerli

taslamalary öz içine alýar; Türkmenistan-Owganystan-Päkistan (TOP) gaz turba geçiriji taslamasy (2004-nji ýylda tamamlandy), ýeri dolandyrmak we daşky gurşaw maglumatlaryny dolandyrmak taslamalary. TOP taslamasy häzirki wagtda güýçli depginde bolup, soňky aýlarda Russiýa hem goşmaça turba geçirijisini geçirmeklige höwes döredip, Aşgabatdaky ýolbaşçylygyň ýygnanyşygynda gatnaşyjylary gorlaryň ätiýaçlyklarynyň BŞ-yň 3.6 milliard dollary möçberinde bahasy bolan turba geçirijisini geçirmeklige mümkinçilik berýändigini tassyklady. Indiýa hem gatnaşmaklyga isleg bildirdi, emma entek degişli täjirçilik hemaýatkät tapylanok.

## Yslam Ösüş Banky (YÖB)

Türkmenistan 1997-nji ýyldan bäri YÖB-yň agzasy bolup durýar. YÖB saglygy goraýyş merkezlerini gurmak, nebit tankerini satyn almak, Mary-Tejen ýoluny abatlamak, obany suw bilen üpjün etmek we döwlet aragatnaşyk kompaniýasy üçin optiki signallaryny berýän süýüm-optiki kabeliniň elementini almak ýaly taslamalary içine alýan umumy bahasy BŞ-yň 74.3 million dollaryndan ybarat bolan 11 sany taslamany ýerine ýetirdi. Taslamalaryň ikisi eýýam tamamlanyp, BŞ-yň 48 million dollary tölenildi.

## 5 BMGÖM

BMG-yň Türkmenistandaky işi we maksatnamalary Türkmenistanyň Hökümeti bilen 2004-nji ýylynda ylalaşylan Birleşen Milletler Guramasynyň 2005-2009-njy ýyllarda Ösüşe Ýardam Bermek Maksatnamasy (BMGÖÝBM) boýunça geçirilýär. Bu maksatnama Türkmenistanyň Hökümetiniň öňde goýan meselelerine, BMG-yň we Altyn Asyry Ösüdrmek Maksatlaryna gönükdiriler. BMG-yň we onuň gulluklarynyň

Türkmenistandaky işi üç sany ugra gönükdiriler: (a) ykdysady we durmuş syýasatyny we maksatnamalaryny ösdürmek, (b) esasy jemgyýetçilik hyzmatlary we (ç) daşky gurşaw.

Türkmenistanyň Hökümeti bilen bilelikde işleşmek bilen, BMGÖM Türkmenistany 2020-nji ýyla çenli ösdürmekligiň Milli Maksatnamasynda bellenen wezipeleri ýerine ýetirmek, şeýle hem Altyn Asyry Ösdürmek üçin Türkmenistanyň Hökümetiniň geçirýän işlerine ýardam berýär. Döwlet edaralary BMGÖM-sy bilen milli ätiýaçlandyryş ulgamyny kämilleşdirmek, durnukly adam ösüşi üçin öňdebaryjy enjamlary girizmek, AIDW/SPID kesellerinden we beýlekilerden goaramak üçin adam we degişli mümkinçiliklerini gurmak we döretmek ýaly BMG-yň taslamalary we maksatnamalary boýunça hyzmatdaşlyk edýärler.

BMGÖM-yň 2005-2009-njy ýyllarda etjek çykdajylary Regulýar Serişdeleriniň BŞ-yň 5.5. million dollaryndan we Beýleki Serişdeleriň 3.9 million dollaryndan ybarat bolup jemi BŞ-yň 9.4 million dollaryny düzer.

## 6 ÝB (Ýewropa Bileleşigi)

Türkmenistan üçin bir ýylky býujet 5 million ýewro golaý bolup, Merkezi Aziýa üçin ýyllyk býujet, içine Merkezi Aziýa ýurtlary bilen hyzmatdaşlyk etmekligiň 15 million ýewrosyny alamk bilen, 60 million ýewrodan ybaratdyr. Türkmenistan şeýle hem ÝB-iň Gara Deňizdäki «Baku» prosesi, Kaspiý howdanynda energetika we transport hyzmatdaşlygy, GDAEÝB taslamasy bilen ýardam berilýän Inogate (Energetika), Traceca (Ulag) ýa-da Merkezi Aziýa üçin Serhet Dolandyryşy Ösdürmek Maksatnamasy we Merkezi Aziýa Neşekeşlige Garşy Meýilnama ýaly işlere gatnaşýar. Türkmenistan şeýle hem Kaspiý deňziniň Daşky Gurşaw Konwensiýasyna hem gatnaşýar. Enjamlaýyn ýardam bermek maksatnamalary üçin bölünen býujet ykdysady ösüşi,

mümkinçilik dörediji we nfrastruktura maýa goýumlaryny durnukly saklamaga ukyplydyr. Ykdysady özgertmeler, KOK we obany ösdürmek, bilim, söwda, energetika, suw we daşky gurşaw ýaly meseleler hem göz öňünde tutulýar.

## 7 ÝHHG

Ýewropada Höwpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasy (ÝHHG) ynamy we ygtybarlygy gurmaga, ykdysadyýetiň bazar ykdysadyýetine geçirmekligi tizleşdirmegä we ýurda demokratizasiýalaşdyrma işinde ýardam bermäge, hukuk özgertmelerini durmuşa geçirmeklige gönükdirilendir.

ÝHHG ýerli häkimiýet bilen gepleşikleri geçirmekligini we hyzmatdaşlygy dowam etdirmekligi, ýurdy ÝHHG-yň işlerine çekmekligi we Halkara Guramalary bilen işleşmekligini ýaýbaňlandyrmagy göz öňünde tutýar. ÝHHG ýörelgeleriniň elýeterligini we milli kanunçylyga we syýasaty geçirmekligi ýokarlandyrmaga ugur alýar.

Baş meseleler: (a) neşe getirilmeginiň öňüni almak, ýaraglar we jenaýatçylyk; (b) hususy kärhanalaryň ösüşine ýardam bermek, aýal telekeçileri we ýaş kärhana eýelerini goldamak; ç) Türkmenistanyň Milli Daşky Gurşawy Goramak Meýilnamasynyň durmuşa geçirilmegine ýardam bermek we ýurduň BMGÖM/ÝHHG/BMGDGM gatnaşmaklygyny gazanmak, (d) kazylary, aklawjylary, kanunüylyk gulluklaryny okatmak; e) raýat jemgyýetine ýardam bermek we (ä) bilim böleginde mümkinçilik döretmek.

Pul bazarynyň kanunçylygynyň hili – Türkmenistan (2004)

Türkmenistan 1996-njy ýylda «Türkmenistanda hasaphana we hasabatlylyk» hakyndaky kanun kabul edileninden soň diňe «Hasaphana işi we Audit» ortaça talapa laýyk gelýär

2.Aksiýalar ,obligasiýalar wekseller barada düşünjeler masallaryň üstü bilen düşündirilýär Mysallar.

## Aksiýa we obligasiýalar

Aýdalyň şol obligasiýalary dizažio boýunça her biriniň bahasy 95 rubldan diýeliň. Onda hem girdeýji 8 rubl bolar. Köpelmek ýa-da azalmak nähili bolar jogaby: 8 rubl (%) + 1 rubl (ýyldaky summa) = 9 rubl. Girdeýji bolsa 9,47% deň bolar.
Aksiýadan alynjak girdeýjiniň formulasy

$$Y_a = \frac{D}{P} \cdot 100$$

$Y_a$-aksiýadan girdeýji
D-diwidend
P-aksiýanyň satyn alyş bahasy
2. Mysal. Nominal bahasy 5000 rubldan bolan aksiýany 25.000 rubldan bolan kurs boýunça saýlap alýarlar, we onuň ýyllyk diwididi 1000 rubl deň, girdeýjini hasaplalyň.

$$Y_a = \frac{1000}{25000^x} 100 = 4\%$$

jogaby 4%
AKSIÝA
Gollandiýada XVII asyr: 3 sany täjir öz arasynda ýoldaşlyk söwdasyny
döretmek üçin pul serişdesini doşuşýarlar. 1 täjir = 10000 gulden (pul birligi), 2 täjir = 20000 gulden, 3 täjir = 40000 gulden.
Şeýlelikde bilelikdäki pul jemi = 70000 gulden bolýar we emele gelen pula – ustaw boýunça gazna – giýilýär, 3 sany täjire bolsa düýbini tutyjy ýa-da aksionerler diýilýär. Onda ustaw gaznasy aksionerleriň arasynda paýlanýar we 7000 aksiýa göýberilýär – olaryň her biriniň nominal bahasy =10 guldene deň bolýar. Her bir täjir goşan pulyna görä:

1 täjir = 1000 aksiýa
2 täjir = 2000 aksiýa
3 täjir = 4000 aksiýa eýe bolýar.
Aýdalyň 1 ýyldan san girdeji alynýar.
We ol = 30000 guldene deň bolupdyr. Onuň 16000 guldenini – täze iş üçin, 14000 guldeni öz aralarynda paýlaşmaly ýagny diwidend almaly.
Dividend – aksionerler jemgyýetiniň alýan girdejisiniň bir bölegidir. Ol aksiýanyň sanyna görä paýlaşylýar.
1 aksiýa – dividend boýunça 2 guldene düşýär.
Onda:
1 täjir= 2000 dulden
2 täjir = 4000 gulden
3 täjir = 8000 gulden girdeji alýar.

## Wekseller

ABŞ-da döwletiň gysga möhletli obligasiýalary wekseller diýilýär we aýlaw möhletleri: 13, 26 we 52 hepdä deň, orta möhletlilere bolsa biletler diýilýär –
- Fransiýanyň patyşasy Filipp IV başbozarlygy basyp ýatyrmak üçin, hakyna tutma söweşjilere hak tölemek üçin Italiýanyň bankirlerinden 100000 liwr karz alýar ony ýarym ýylda 110000 edip gaýtaryp bermek şerti bilen. Şu aralyga berlen karz – kuponsyz obligasiýa bolýar. 10000 liwr bankirleriň peýdasy we oňa kuponyň % diýilýär

## OBLIGASIÝA

Fransiýa XV asyrda Lion şäherinde dokmaçylyk işi üçin Milanyň bankirinden 1000 liwr karz alýar. 2 ýyllyk möhleti bilen we möhleti dolandan soň alnan puly 6 % köp edip bermek şerti bilen ýagny 60 liwra deň.
Bu şertnama – obligasiýa görnüşinde resmleşdirilýär we bankir

– karz beriji obligasiýany saklaýjy, - dokmasy – karz alyjy bolýar.
Bergi yzyna berlen wagty üstüne tölenen 1600 liwr – obligasiýanyň nominaly diýilýär, 60 liwre bolsa - kupon ýa-da kupon göterimi we 2 ýyldan möhletiň dolmagyna bolsa aýlaw möhleti diýilýär.

Obligasiýalar 1-10 ýyl möhletli bolýar .
Uzak möhletli – obligasiýalar – 10 we 40 ýyllyk bolýar.

## VII.BAP. Dünýä ykdysadyýetinde tarifler.

Soaglar:

1. Altyn standart. Bahalaryň durnyksyzlygy.
2. Haryt kartelleri
3. Tarifleriň ykdysadyýeti.

## I.Altyn standart.

Altyn standart – bu altyn teňňeleriň hasaplaşyk birligi we toplamak serişdesi hökümünde ulanylmaga esaslanandyr.

Ol 1819-njy ýylda kabul edildi,Britaniýada „Altyn standardyň dikeldilmegi“ barada kanun kabul edildi.Şu kanunuň kabul edilmegi altnyň eksport etmekligi barada gadagan edýän kanun ýatyryldy.XIX asyr Altyn standarty Germaniýa,Ýaponiýa we beýleki ýurtlar hem kabul edipdir.1879-nji ýylda Amerika hem Alyn standarta birikdi.1900-nji ýylda „Altyn standart“ hakyndaky Amerikanyň kanuny dollar bilen altynyň baglanşygyny berkitdi.Altyn standartda bankyň esasy funksiýasy altyn öz walýutasynyň arasyndaky pariteti saklanmalydyr.Şeýle ýagdaýda altynyň rezeriwini bolan zerurlygy dolmaklygy amal edip bilýär.Altyn standart awtomatiki deňagramlygy amala aşyryp bilmeýär.Birinji jahan urşynda Altyn standarty aýryldy we şeýlelikde döwlet pul çap edip maliýeleşdirmäge girişýär.

Eger bir ýurtda öz rezeriwlerini ýitirýän bolsa,ol iru-giç dewolwasiýa baş goşmaly bolýar.

Dewolwasiýa – daşary yurt harytlaryny gymmatladyp öz harydyn arzanladyp daşary yurt walýutasynyň nyrhyny galdyrýar.

Dewolwasiýa import harytlarynyň nyrhyny ýokarlandyrýar.

.Bahanyň durnuksyzlygy.

Köp ösüp barýan ýurtlaryň eksport girdeýjileriniň esasy bölegi käbir haryt pozisiýalarynyň hasabyna üpjün edilýär,esasan tebigy resuryslar ýa-da oba-hojalyk önümleri.

Mysal üçün:Nigeriýada esasy eksport harydy bolup nebit çykyş edýär,Çilide – mis, Kolombiýada kofe we kokain,Malaziýada kauçuk.

Şeýlede baglanşyk bir topar meseleleri ýüze çykarýar,sebäbi çig-mala bolan baha senagat önümlerine bolan baha garanyňda süýşüp,üýtgäp durýar.Eksport edilýän harytlara bahanyň birden pese düşmesi.

Mysal üçün:eksport bahalarynyň pese düşmegi milli ykdysadyýetiň pese düşmegine sebäp bolup bilýär we ýurdyň gündelik operatsiýalar bolansynda difişit emele getirýär.

Ösüp barýan ýurtlaryň eksportyna çykaran harytlarynyň bahasy aýratynam,ösüp barýan ýurtlaryň makroykdysady syýasatyna duýarlyk derejede täsir edýär.Senagat taýdan ösen ýurtlarda umumy teklibiň azalmasy ösüp barýan ýurtlaryň ykdysadyýetine çalt täsir edýär,sebäbi çig-mal harytlaryna bolan bahanyň pese düşmesi olaryň real girdeýjisini azaldýar.Şonuň üçün yzagalak ýurtlaryň hökümeti hemme çig-mal harytlaryna bolan bahanyň ýokary galdyrmak ýollaryny gözledi.

Şol usullaryň içinde iň ýörgünlisi çig-mal eksportçylarynyň kartelini döretmeklik boldy,ýagny belli bir görnüşli çig-mal eksport edýän ýurtlar öz aralarynda geýleşik geçirýärler we şonuň netijesinde harydyň teklibi we bahasy ylalaşylýar.

## II.Haryt kartelleri.

Karteliň döredilmeginden şu aşakdaky ýagdaýlarda peýda gelýär:

1.Eger-de ol dünýä önümçiliginiň uly bölegine kontrollyk edýän bolsa,

2.Eger-de üpjün edilşiniň başga çeşmelerine geçmeklige mümkünçilik bolsa,

3.Eger-de başga görnüşli önümleriň ulanylşy uly bolmasa.

Karteller dürli pudaklarda döredlipdir – nebit sowdasyndan tä goraýynyň ýerleşdirilşine çenli.

Köplenç şeýle karteller dargaýardy.Esasan,kartelleriň içinde OPEK – nebiti eksport edýän ýurtlaryň guramasy,1961-nji ýylda döredilen karteliň işi şowuna boldy.

1970-nji ýyllarda ol nebite bolan bahanyň ýokary galmaklygyna getirip bildi.Köp kartelleriň dargamaklygynyň sebäbi belli boldy.Ol oligopoliýalaryň dilemmasy diýen at bilen bellidir.Onda her bir karteliň agzasy bolan ýurt gizlin,beýleki agzalardan ýaşyrynlykda önümiň köp görnüşini satýardy.Her bir karteliň agzasy bolan ýurt ýaşyrynlykda önümiň köp mukdaryny satsa şonda kartel dargaýar.

## III.Tarifleriň ykdysadyýeti.

Halkara söwdasyna goýulýan çäkleriň arasynda iň köp ýaýrany tarifdir,ýagny import edilýän harytlara gümrükhana tarapyndan goýulýan salgytdyr.

Tarif – adaty manysynda importýoryň import edilýän harytlaryň bahasynyň kesgitli bölegini döwlete tölemekligine aýdylýar.

Mysal üçün:awtomobiliň dünýä bazaryndaky bahasy 6000 dollar.tarifiň goýulyşy (stawkasy) 20%,onda gümrükhana tölegi 6000+1200=7200 dollar bolar.



Goý,bir ýurt dünýä bazaryndaky bahasy 6000 dollar bolan awtomobil bilen iş salyşýan bolsun,ýurdyň içindäki we import edilýän awtomobiller birmeňzeş.Dünýä bahasy gorizontal çyzyk bilen görkezilen:

Ýurt şu bahadan işlendik möçberde satyn alyp bilýär.D we S egriler – ýurdyň içindäki awtomobile bolan talabyň we teklibiň egrileri.Talabyň berlen egrisinde ýurdyň içindäki sarp edijilere hersiniň bahasy 6000 dollar bolan awtomobiliň Qd – sanysy gerek.Talabyň egrisinde G nokat awtomobiliň sarp edilşiniň ululygyn görkezýär.Emma ýurdyň içindäki firmalar şol bahadan diňe Qs – sanysy öndürýär,ýagny ol teklibiň egrisinde S – nokat bilen bellenendir.Qd we Qs – ikisiniň arasyndaky tapawudyň üstü import bilen doldurylan.Suratda awtomobiliň import edilşine goýulan 20%-lik tarifiň netijesi görkezilen.




Tarif importýoryň içki bazarda awtomobili teklip edip biljek bahasyna çenli galdyrýar.Importýor içki bazarda 7200 dollar bolar.

Import edilýän harytlara tarifiň goýulmaklygy önümçilige we sarp edişe nähili täsir edýär?Tarifiň import edilýän harytlaryň içki bazardaky bahasyny goldaýanlygy sebäpli ol ýurdyň içindäki önümçiligiň ösmegine täsir

edýär.Ýurdyň içindäki firmalar özleriniň önümlerini Qs-den Q's-cenli galdyrýarlar.Tarifiň ýurtyň içindäki firmalara dünýä bahasyndan ösýän peredel gykdaýjylar bilen önüm öndürmeklige ýol berip,bazaryň goralyşyny üpjün edýär.Teklibiň egrisindäki E nokatda ýurdyň içindäki awtomobiliň peredel bahasy 7200 dollar we ol dünýä bahasy bolan 6000 dollardan uly.Bu ýagdaý diňe ýurdyň içindäki öndürijiler tarif tölemeýän halatynda bolup biler weözleri konurentlerine garanda az effektiwli (netijeli) bolmaga ýol berip bilerler.Şeýlelikde,önümçilik nukdaý nazaryndan alanyňda tarif ýurdyň içindäki öndürijileriň peýdasyna daşary ýurtlarda başlaýar.Talabyň nykdaý nazaryndan seredeniňde bu baha sarp edijilere awtomoiliň satyn alnyşyny peseltmeklerine getirýär.Umuman aýdanyňda sarp edililer awtomobili az satyn alýarlar,ýöne ýurdyň içindäki sarp edijilere köp we daşary ýurtlylara az bolar.talap Qb-den Q'b çenli pese düşer.Sarp ediliş talabyň egrisi boýunça G-den F-e çenli süşýär.Sarp edijiler üçün tarifiň goýulşy otrisatel netijelere getirýär.Ýurdyň içindäki önümçiligiň ösmeginiň we talabyň pese düşmeginiň jemleýji sebäbi bolup importyň azalmagy hyzmat edýär.

## VIII Bap Halkara täjirçilik arbitražynda jedelleriň seredіliş tertibi.

Soraglar:

1. Türkmenistanyň kanunçylygynda dünýä tejribesiniň ulanylşy.
2. Halkara täjirçilik arbitražy.
3. Jedelleri çözmekligiň alternatiw usullary .

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow işe başlan ilkinji günlerinden başlap, milli kanunçylygy kämilleşdirmek boýunça, dünýäde halkara hukugynyň umumy ykrar edilen kadalaryna laýyk getirmek üçin uly işleri amala aşyrdy.

Türkmenistanyň bellenilen ugurlar boýunça ynamly öňe gitmegi üçin türkmen döwletiniň lideri Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýolbaşçylygynda Türkmenistanyň kanunçylygyny kämilleşdirmek boýunça döwlet komissiýasy we hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň başlangyçlary esasynda ýurdumyzda Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Döwlet we hukuk instituty döredildi. Döwlet baştutany bu düzümiň öňünde durýan wezipeleri häsiýetlendirip, olaryň çözülmegi demokratiki hukuk döwletini gurmaga we raýatlaryň şahsyýetine hormat goýmaga, esaslanan hukuklaryny we azatlyklaryny berk berjaý etmäge ýardam etmelidir diýip nygtady. Şunda dünýä tejribesini nazara almak bilen hereket edýän kanunçylygyň ýygy-ýygydan monitoringiniň geçirilmegini gaýra goýulmasyz wezipedigini Hormatly Prezidentimiz takyk belledi.

Türkmenistanda Uglewodorod we gaz bölegi yurduň ykdysadyýetinde esasy orny eýeleýär. Bu gymmatbahaly maýa goýumlary bolan, diýseň çylşyrymly we bäsleşige ukyply bölekdir. Bu bölek birsyhly üýtgäp duran hukuky çarçuwalary (milli we halkara derejede)

bilen kesgitlenýär. Şu bölekdäki jedeller ýurduň durnuklylygyna görnetin täsir edip bilýär.
Şonuň üçinem, nogsanlyklary döredip biläýjek sebäpleri kanun esasynda çözmäge aýratyn üns berilýär.

Ýaňy ýakynda Mejlisiň we Hökümetiň garamagynda „Halkara täjirçilik arbitražy hakyndaky“ Kanunyň taslamasy hödürlendi. Onuň kabul edilmegi daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmek üçin möhüm ähmiýetli faktor bolup durýar.

Türkmenistanyň sazlaşykly ösýän, progressiw döwlet hökmünde, şol maýa goýumlaryna bütin dünýäde gyzyklanma bildirilýän mahalynda bu ugurda jogapkärçilik has-da artýar. Türkmenistanyň Raýat bitewi kanunynyň 10-njy maddasyna laýyklykda, bozulan ýa-da dawa edilen raýat hukuklaryny kazyýet, araçy kazyýet, bitaraplar kazyýeti işleriň kime degişlidiginiň iş ýörediş kanunlarynda ýa-da şertnamalarda bellenilişine laýyklykda goraýar.

Hukuk kesgitlemesi ýerli ýagdaýlara garanyňda, halkara derejesinde has möhüm bolup durýar. Hukuk ynamlylyga alyp barýan esasy zat hökmünde, daşary ýurt jedelleriniň netijeli çözülmegi – işewürleriň öz işlerine ynamly ýapyşmaklary, söwdanyň we maýa goýumlaryň ösmegi üçin gerek bolan zerurlykdyr. Şu günki işewürlik we bar bolan şertler Halkara täjirçilik arbitražynyň üsti bilen çözmeklige garanda has amatlydygyny (hususan-da, halkara jedellerinde) aýdyň görkezýär. Adatça, taraplar dürli milletlerden bolýarlar, şoňa görä, olaryň dilleri, medeni we hukuk çeşmeleri-de aýratyn. Şeýle hem jedeliň näderejede dogry we ylalaşykly çözüljekdigine-de olaryň hersiniň aýry-aýry garaýyşlary bolup biler şeýle hem çözgüdide olar dürli-dürli kabul edip bilerler.

Nähili hereket etmelidigi baradaky maglumatlaryň kesgitsizligi, düşnüklidigi ýa-da düşnüksizligi düýbünden bolmazlygy bilen baglylykda ynamsyzlyk has güýçli bolup biler. Şeýle kynçylyklar tarapyň işiniň garalyşyna aranyň daşlygy we kynçylyklaryň ýüze çykmagy, gatnamagy kyn görmegi sebäpli beýleki bir tarapyň gatnaşyp bilmezligi has hem çylşyrymlaşdyryp biler. Şu sebäplere görä, taraplaryň haýsam bolsa biriniň ýurdunda geçirilýän milli kazyýetler beýleki bir tarap üçin nälaýyk hasap edilip bilner. Ine, şonuň üçin Halkara täjirçilik arbitražy şeýle jedelleriň çözülmegi üçin has amatly bolup durýar. Her edara halkara derejesinde hyzmatdaşlyk edýän işewürleriň ýüze çykýan jedelli meselelerini çözmek üçin kesgitli bir düzgünleri we usullary işläp düzýär.

## 2. Halkara täjirçilik arbitrazy

Halkara täjirçilik arbitražy hem hut şeýle edaralaryň biridir.
Halkara şertnamasyny baglaşan taraplaryň özleri çözülişip ýa-da edara ýüzlenip
bilerler. Şeýle ýagdaýda arbitraža institusion edara diýlip atlandyrylýar. Mundan başgada,zerur bolan mahaly araçy edaralar: araçylyk tertibi boýunça çözülişmeklik barada taraplaryň özara araçylyk ylalaşyklarynyň bardygyny ýa ýokdugyny, araçy kazylaryň sanyny kesgitleýärler, araçy kazylary bellärler.
Jedeli araçy edara arkaly seretmeklige bermekligiň hökmany şerti taraplaryň öz
aralaryndaky jedeliň döwlet kazyýeti tarapyndan däl-de, araçy edara (halkara täjirçilik araçy kazyýet) tarapyndan çözüljekdigi baradaky özara ylalaşyklarynyň bolmagydyr.
Kanunda arbitraž ylalaşygy haýsydyr bir takyk hukuk gatnaşyklary bilen

baglylykda ýüze çykan, çykyp biljek ähli ýa-da käbir jedelleri araçy edara bermek barada taraplaryň özara gelen ylalaşyklaryna baglydyr.

Eger-de adatça bolşy ýaly, jedeliň arbitraž edara bermek baradaky meselesi
geleşik baglaşylýan mahaly maslahatlaşylsa, onda araçylyk ylalaşygy onuň bir şerti
hökmünde geleşige (şertnama) goşulýar; şeýle ylalaşyk geleşigiň arbitraž ýaňzytmasy diýlip atlandyrylýar. Arbitraž baradaky ylalaşyk aýratyn resminama görnüşinde hem baglaşylyp bilner, şol sanda eýýäm ýüze çykan jedeli çözmek maksady bilenembaglaşylyp bilner.

Arbitraž ylalaşygynyň görnüşi bolan talaplar kanunda diýseň oýlanyşykly beýan
edilipdir. Ol ýazmaça görnüşinde baglaşylan bolmalydyr. Bu talap buýruk beriji görnüşde ýazylan we onuň bozulmagy, ylalaşygyň hakyky däl diýlip hasap edilmegine alyp barýar.

Kanunda görkezilişi ýaly, arbitraž ylalaşygy ýeke bir taraplar tarapyndan ýazmaça
ýazylyp, gol çekilen bir resminamada beýan edileni bilen baglaşylan hasap edilmeýär.

Ol ýene iki ýagdaýda şeýle hasap edilýär:

a) eger-de ol hat alyş-çalşygy, telegraf, teletaýp aragatnaşygy boýunça ýa-da şular
ýaly ylalaşyklaryň güýjüni üpjün ediji elektron aragatnaşygynyň beýleki serişdelerini ulanmak arkaly;

b) eger-de ol talap arzasyny çalyşmak we talaba jogap bermek ýoly bilen
baglaşylan bolsa, şonda-da bir tarap ylalaşygyň bardygyny tassyklaýan bolsa, beýleki tarapam muňa garşylyk görkezmeýän bolsa.

Arbitraž ylalaşygynyň mazmuny ylalaşylýan wagty, kanun taraplara diýseň giň
mümkinçilikler, erkinlik berýär. Esasy zat onuň işjeňligi, durmuşa geçirmek

mümkinçiliklerine eýe bolmaklygy, ýeterlik derejede kesgitliligi, bellenen araçylygyň geçiriljek ýeriniň – ýüze çykan ýa-da çykyp biläýjek jedele haýsy ýurtda serediljekdiginiň göz öňüne tutýandygynyň aýdyň görkezilmegidir. Arbitražyň geçiriljek ýeriniň saýlanyp alynmagy, jedele seredilen mahaly şol ýurduň kanunçylyklarynyň ulanylmagyna taraplaryň razydyklaryny aňladýar. Bu ylalaşyga gelen taraplaryň haýsy hem bolsa biriniň ýa-da jogapkär orunda bolan tarapyň ýurdy ýa-da üçünji bir ýurt bolup biler.

Şu wariantlaryň hersiniň öz artykmaçlyklary we ýetmezçilikleri bar,

gepleşiklerde ýokarda görkezilen zatlary wagtynda göz öňünde tutmak gerek. Başga wariantlaryň hem bolmagy mümkin, mysal üçin, eger-de jedeller harydyň mukdary bilen baglylykda satyjynyň ýurdunda çözülýän bolsa, hil babatdaky jedellere alyjynyň ýurdunda seredilýär. Eger-de haçan-da, arbitraž seredilişigiň geçiriljek ýeri diýlip Türkmenistan kesgitlenen bolsa, onda ol jedel babatda biziň şu wagtky derňäp oturan öz kanunçylyklarymyz ulanylýar. Şu ýerde möhüm bir zady bellemek gerek. Ýüze çykýan ýagdaýlaryň köpüsinde araçylyk ýaňzytmasy görnüşindäki arbitraž ylalaşygy geleşikleriň (şertnamalaryň) bir düzüm bölegi bolup durýarlar we onda taraplaryň hersiniň hukuklary we borçlary bolýar. Şular ýaly geleşikleriň artykmaç taraplary köp bolýar. Şonuň üçinem, araçylyk ýaňzytmasynyň taraplaryň ikisini-de Halkara täjirçilik arbitražyna ýüz tutmaklyga hukuk berýändigi tebigy zatdyr. Olary ikitaraplaýyn „arbitraž ýaňzytmasy“ diýlip atlandyrmak mümkin. Mysal hökmünde şu aşakdaky arbitraž ýaňzytmasyny ýetirmek bolar:

Şu geleşikden ýa-da şonuň bilen baglylykda, şol sanda onuň bozulmagy,

togtadylmagy ýa-da hakyky däl diýlip hasaplanmagy babatda ýüze çykyp biljek ähli jedeller, agzalalyklar çözülişmek üçin pylan ýerdäki... (arbitraž edaranyň ady görkezilýär) araçy edara geçirmelidir Jedeli arbitraž edara bermekçi bolýan tarap, bu

barada beýleki tarapy buýurma haty arkaly habardar etmelidir we şol hatda ol özüniň familiýasyny, öz saýlap alan Halkara täjirçilik arbitražynyň salgysyny, şeýle-de jedeliň sebäbini, jedeliň, agzalalygyň turmagyna, talabyň döremegine sebäp bolan geleşigiň senesini, belgisini görkezmelidir.

Taraplara deň garalmalydyr we her tarapa öz nukdaýnazaryny beýan etmegi üçin Halkara täjirçilik arbitražy tarapyndan ähli mümkinçilikler berilmelidir.

Taraplar öz garamaklaryna görä, seredişligi alyp gitmekligiň çäreleri barada
Halkara täjirçilik arbitražy bilen ylalaşyp bilerler. Şular ýaly ylalaşygyň ýok ýagdaýynda Halkara täjirçilik arbitražy araçylyk seredilişigini özüniň isleýşine görä alyp gidip biler.

Halkara täjirçilik arbitražyna berlen ygtyýarlyk islendik subutnamanyň mümkindigini, ýerlikligini we ähmiýetlidigini kesgitleýän ygtyýarlyklardyr. Taraplar öz garamaklaryna görä Halkara täjirçilik arbitražyň ýeri barada özara ylalaşyp bilerler. Şeýle ylalaşygyň ýok ýagdaýynda arbitraž edaranyň ýerini ýagdaýa görä taraplar üçin amatly bolar ýaly edilip Halkara täjirçilik arbitražy tarapyndan kesgitlenilýär. Eger-de taraplar başga bir zat barada şertleşmedik bolsalar, Halkara täjirçilik arbitražy öz agzalarynyň arasynda maslahat geçirmek, şaýatlaryň, bilermenleriň
(ekspertleriň), taraplaryň diňlenilişini ýa-da harytlaryň, beýleki emläkleriň ýa-da
resminamalaryň seredilişini geçirmek üçin özüne amatly bolan islendik ýerde
ýygnanyşyk geçirip biler.

Eger-de taraplar başgaça gürleşmedik bolsalar, arbitraž seredişligi takyk bir jedel babatda, haçan-da şol jedeliň Halkara täjirçilik arbitraža geçirilmegi baradaky haýyşy jogapkäriň eline alan gününden başlanýar. Arbitraž seredişliginde ulanyljak dil ýa-da diller barada taraplar öz garamaklaryna görä ylalaşyp bilerler. Şeýle ylalaşygyň ýok ýagdaýynda seredişlikde ulanyljak dili ýa-da dilleri araçy edara kesgitleýär.

Eger-de olarda başga bir zat barada ýaňzydylmadyk bolsa, şeýle ylalaşyk ýa-da kesgitleme islendik ýazmaça arza, islendikdiňlenişige we islendik araçylyk çözgüdine, kararyna ýa-da Halkara täjirçilik arbitražynyň başga bir habaryna degişli bolup durýar. Halkara täjirçilik arbitražy islendik resminamalaýyn subutnamalaryň taraplar tarapyndan ylalaşylan ýa-da Halkara täjirçilik arbitražy tarapyndan kesgitlenen dili ýa-da dilleri bilen aýakdaş gitmegi barada görkezme berip biler.

Taraplaryň arasynda ylalaşylan ýa-da Halkara täjirçilik arbitražy tarapyndan

kesgitlenilen döwrüň dowamynda talapkär özüniň talabyny tassyklaýan ýagdaýlar,

çözülmeli meseleler özüniň talabynyň mazmuny barada habardar etmelidir, jogapkärbolsa, eger-de taraplar şular ýaly arzalaryň hökmany maglumatlary babatda başgaça gürleşmedik bolsalar, talapkäriň ýokarda aýan edilen sebäpler babatda öz garşylygynybildirmelidir. Öz arzalarynyň ýany bilen taraplar işe degişli ähli resminamalaryny görkezip ýa-da resminamalara we soňra görkezilip bilinjek beýleki subutnamalara salgylanyp bilerler. Eger-de taraplar başgaça gürleşmedik bolsalar, arbitraž seredişliginiň barşynda, eger-de Halkara täjirçilik arbitražy şolar ýaly üýtgetmeleriň wegoşmaçalaryň çözülmegini maksadalaýyk däl diýip tapmasalar, islendik tarap özüniň talabyny ýa-da talaba bolan garşylygyny üýtgedip, goşmaçalar bilen üstüni dolduryp biler.

Taraplaryň islendik beýleki ýagdaýlary berjaý edilen ýagdaýynda Halkara täjirçilik

arbitražy subutnamalarynyň getirilmegi ýa-da çekeleşmek üçin diňlenişigi dil üsti arkaly amala aşyrmalymy ýa-da seredişligi diňe resminamalar we beýleki serişdeler arkalygeçirmelimi diýen mesele boýunça çözgüt çykarýar. Şeýle-de bolsa, haçan-da taraplaryň diňlenişigi dil arkaly geçirmeli däl diýip gepleşen ýagdaýlarynda, eger-de bu barada taraplaryň haýsy hem bolsa biri haýyş etse, Halkara täjirçilik arbitražy şolar ýaly

diňlenişigi seredişligiň gerekdir öýdülen tapgyrynda geçirmäge borçludyr. Harytlary,beýleki emläkleri ýa-da resminamalary gözden geçirmek maksady bilen geçirýän islendik diňlenişigi we islendik mejlisi baradaky habar taraplara öz wagtynda ibermelidir.

Halkara täjirçilik arbitraža berilýän ähli arzalar, resminamalar ýa-da beýleki
maglumatlary beýleki tarapa hem iberilmelidir. Halkara täjirçilik arbitražynyň çykarýan subutnama häsiýetli resminamalary ýa-da bilermenleriň (ekspertleriň) çykaran islendik netijeleri hem taraplara berilmelidir.

Eger-de taraplar başgaça gürleşmedik bolsalar, sebäpsiz ýere:

– özüniň talap arzasyny tabşyrmasa, Halkara täjirçilik arbitražy seredişligi bes
edýär;

– jogapkär özüniň talap boýunça garşylygyny araçy kazyýete gowşurandan soň
kazyýet muňa talapkäriň tassyknamasynyň ykrar edilendigi hökmünde
garamaýar-da, seredişligi dowam etdirýär;

– islendik tarap diňlenişige gelmese ýa-da resminamalaýyn subutnamalaryny
getirip gowşurmasa, Halkara täjirçilik arbitražy seredişligi dowam etdirip
biler we özünde bar bolan subutnamalaryň esasynda çözgüt çykaryp biler.

Eger-de taraplar başgaça gepleşmedik bolsalar, kazyýet:

– Halkara täjirçilik arbitražy tarapyndan kesgitlenýän, takyk meseleler boýunça
edilýän çykyşlaryň özüne gowşurylmagy üçin bir ýa-da birnäçe bilermenleri
(ekspertleri) belläp biler;

– işe degişli bolan islendik maglumaty bilermene (eksperte) berilmegini ýa-da

gözden geçirmek üçin işe degişli bolan islendik resminamalary, harytlary we
beýleki emläkleri görkezmekligi taraplaryň talap etmäge haky bardyr.

Başgaça şertleşilmedik bolsa, eger-de taraplar haýyş edýän ýa-da araçy kazyýet muny hökmany hasap edýän bolsa, özüniň dilden ýa-da ýazmaça çykaran netijesinden soň, jedelli meseleler boýunça taraplaryň özüne sorag berip we görkezme bermekleri üçin şaýatlaryny-bilermenleri (ekspertlerini) getirip, diňlenişige gatnaşmagyny üpjün edýär.

Halkara täjirçilik arbitražy ýa-da Halkara täjirçilik arbitražy bilen ylalaşan taraplar subutnamalary almak üçin şol döwletiň ygtyýarly kazyýetine ýüz tutup bilýärler. Halkara täjirçilik arbitražy bu haýyşy özüniň ygtyýarlyklarynyň çäklerinde we özüniň subutnamalary almak baradaky düzgünlerine laýyklykda kanagatlanyp biler.

Ýokarda bellenilen zatlaryň ählisi telekeçileriň hukuklaryny we bähbitlerini
goramagyň wajyp we netijeli görnüşi bolup, Halkara täjirçilik arbitražyn da giňden ýaýrandyr.

### Jedelleri çözmekligiň alternatiw usullary .

Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda Täze Galkynyşlar zamanasynda ýurdumyzyň içeri we daşary ykdysady gatnaşyklary güýçli we çalt depginler bilen ösýär. Şol sebäpli halkara tejribesinde ykdysady gatnaşyklarda ýüze çykýan meselelere we olar babatda ulanylýan usullaryň aýratynlyklaryna seredip geçmek gyzykly bolsa gerek. Islendik bir döwletiň telekeçileri we maýadarlary ykdysady iş alyp baranlarynda öz aralarynda hukuk gatnaşyklaryna girýärler. Elbetde, beýle gatnaşyklar kämahallar dawasyz geçmeýär, ýagny taraplaryň arasynda düşünişmezlik, ykdyŞeýle ýagdaýlarda häzirki döwürde dünýäniň köp ýurtlarynda taraplar öz aralaryndaky dawaly meselelerini kazyýetlere ýüz

tutmazdan çözmeklige çalyşýarlar. Muňa dünýä tejribesinde Jedelleri Çözmekligiň Alternatiw Usullary diýilýär we taraplar dawalaryny çözmek üçin şeýle usullaryň islendigini meýletin saýlap bilýärler. Bu usullar çykdajy we wagt taýdan örän amatly bolmak bilen, dawalaşýan taraplara dostlukly gatnaşyklaryny ýitirmezden, özara ylalaşyga gelmeklerine we ikitaraplaýyn bähbitli hyzmatdaşlygyny dowam etdirmeklerine ýardam berýärsady we şahsy bähbitleriniň deň gelmezligi ýüze çykyp bilýär. Dünýä tejribesinde Jedelleri Çözmekligiň Alternatiw Usullary (JÇAU) ilkinji gezek 1980-nji ýyllarda ulanylyp başlandy we häzir olaryň 15-den gowrak görnüşleri bellidir. Bu usullaryň has giňden ulanylýanlary bolsa göni gepleşikler (negotiation), ylalaşdyryş (conciliation), mediasia (mediation), arbitraž (arbitration), experte ýüz tutmak (expert determination), bitarap baha bermek (early neutral evaluation), kiçi kazyýet mejlisini geçirmek (mini-trial) we beýlekilerdir. Şolaryň käbirine seredip geçeliň.Köp halatlarda, ilki bilen taraplar jedellerini özara göni gepleşikler (Negotiations) arkaly çözmeklige çalyşýarlar. Köp halatlarda bu gowy netije berýär we taraplar dawalaryny belli birwagtyň dowamynda özara gepleşikleri geçirmek arkaly çözmekligi başarýarlar. Emma käbir ýagdaýlarda taraplar dürli sebäplere görä özbaşdak ylalaşyga gelmegi başarmaýarlar we JÇAU-yň beýleki görnüşlerini ulanmaly bolýarlar. Ylalaşdyryş usuly (Conciliation) esasan, önümçilik-alyjylyk gatnaşyklarynda ýüze çykýan jedelleri çözmeklikde ulanylýar. Bu usulda ylalaşdyryjy bolup çykyş edýän şahs dawalaşýan taraplaryň getiren delillerini diňläp, olary ara alyp maslahatlaşmak bilen, taraplaryň iň bir netijeli we ikitaraplaýyn bähbitli belli bir karara gelmeklerine ýardam berýär. Mediasiýa ýa-da ýaraşdyryş (Mediation) usuly hem ýokarda agzalan ylalaşdyryş usulyna çalymdaş bolup, onda mediator bolup çykyş edýän bitarap şahs taraplara jedellerini çözmeklige ýardam edýär, ýagny olaryň getiren delillerine baha bermek bilen, iki tarapyň hem talaplaryna laýyk gelýän gutarnykly netijä gelmäge kömek

berýär. Taraplar hiç hili netijä gelip bilmeseler bolsa, taraplaryň isleglerine görä arbitraja ýa-da kazyýete ýüz tutmaklary üçin taýynlyk görmeklige zerur bolan çäreleri geçirilýär. Ýokarda agzalan usullaryň ikisinde hem dawa seredýän bitarap şahsyň, ýagny ylalaşdyryjynyň ýa-da mediatoryň jedel babatynda çykaran netijesi taraplar üçin hökmany däldir, emma şeýle-de bolsa, ol iki tarap hem ylalaşan ýagdaýynda, iň bir arzan we çalt usullaryň biridir. Ylalaşdyryş ýa-da mediasia tertibinde dawalaryny çözmegi başarmasalar, taraplar arbitraja ýa-da kazyýete ýüz tutup bilýärler. Şeýlelikde, häzirki döwürde dünýä tejribesinde dawaly meselelerini çözmek üçin Jedelleri Çözmekligiň Alternatiw Usullaryny ulanmak isleýän telekeçileriň we maýadarlaryň sany barha köpelýär. Islendik pudaga degişli şertnamalaryň aglabasyna dawa ýüze çykaýan ýagdaýynda ony çözmek üçin Jedelleri Çözmekligiň Alternatiw Usullarynyň haýsy-da bolsa biriniň ulanyljakdygy baradaky ýörite maddalar goşulýar. Bu bolsa taraplaryň arasyndaky çylşyrymly hukuk gatnaşyklarynda ýüze çykyp biläýjek dawaly meseleleriň çalt we göwnejaý çözülmegine uly ýardam berýär.
aýramagyna we kämilleşdirilmegine eltýär.

## IX.BAP.Diplomatiýa we onyň mazmuny.

Soraglar :
1.Diplomatiýa barada düşünje.
2.Diplamatiki ilichanalar we diplomatiki korpus.
3. Diplomariki gulluk we rang.

Diplomatiýa barada düşünje. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň halkara başlangyçlarynyň we konseptual teklipleriniň mysalynda dünýä bileleşigi global ýagdaýlara düýpli garaýyşyň kemala gelmeginiň şaýady bolýar, ol ýurdumyzyň daşary syýasat ugrunyň bitewi ideologiýasynyň logiki ösüşi bolup durýar. Olar mälim bolşy ýaly, türkmen döwletiniň Baştutany tarapyndan işlenip taýýarlanyldy we dünýä bileleşiginiň jogapkärçiligine we onuň aýry-aýry agzalarynyň umumyadamzat maksatlaryň we geljegiň hatyrasyna sähel wagtlyk peýda görmekden beýikde durmak ukybyna bolan ynama esaslanýar Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow ýurdumyzyň diplomatik korpusynyň ýolbaşçylaryna we wekillerine ýüzlenip, Türkmenistanyň döwlet syýasatyny durmuşa geçirmegiň möhüm şerti hökmünde olaryň geçirýän işiniň ähmiýetini nygtady. Ýurdumyzyň bitaraplyk ýörelgelerine esaslanýan daşary syýasat ugrunyň esasy ýörelgesi ählumumy parahatçylygyň, oňyn ilerlemeleriň we döredijilikli ösüşiň hatyrasyna dünýäniň ähli ýurtlary bilen strategik hyzmatdaşlyk etmekdir diýip, milletiň Lideri belledi. Konstruktiw halkara syýasy gatnaşyklary ösdürmäge we özara bähbitli ykdysady hyzmatdaşlygy berkitmäge gönükdirilen bu ugur dünýä bileleşiginiň goldawyna mynasyp bolýar diýipMilletiň Lideriniň belleýşi ýaly, biz ajaýyp döwürde - Täze galkynyş eýýamynda, eziz Watanymyzda beýik özgertmeleriň batly gadamlar bilen amala aşyrylýan döwründe ýaşaýarys

Dünýäniň öňdebaryjy döwletleri, şeýle hem abraýly halkara guramalary, ilkinji nobatda bolsa, Birleşen Milletler

Guramasy we onuň iri düzümleri, Ýewropada Howpsuzlyk we hyzmatdaşlyk guramasy (EHHG), Ýewropa Bileleşigi, Yslam konferensiýasy guramasy (YKG) we beýlekiler bilen netijeli hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de pugtalandyrmak Türkmenistanyň DIM-niň öňünde durýan esasy wezipeler hasaplanýar. Häzirki wagtda ähli ugurlar boýunça - goňşy ýurtlar, Ýewropanyň we Aziýanyň, Ýakyn we Orta Gündogaryň, Afrikanyň, Demirgazyk we Günorta Amerikanyň döwletleri bilen hyzmatdaşlygy giňeltmek boýunça teklipleriň taýýarlanylýar.
Häzirki wagtda Türkmenistan dünýäniň 126 döwleti bilen diplomatik gatnaşyklary ýola goýdy, ol halkara guramalarynyň 40-a golaýynyň agzasy bolup durýar. Türkmenistanda 68 ýurduň adatdan daşary we doly ygtyýarly ilçileri öz wezipelerini berjaý edýär, halkara guramalarynyň 6-sy Aşgabatda öz wekilhanalaryny açdy, biziň diplomatik wekilhanalarymyzyň we konsullyk edaralarymyzyň 26-sy bolsa daşary ýurtlarda Türkmenistanyň bähbitlerine wekilçilik edýärler.

BMG, EKO, GDA, ÝB, ÝHHG, UNESCO we beýlekiler ýaly abraýly halkara guramalarynda Türkmenistanyň wekilleri bardyr. 2007-nji ýylda Aşgabatda Öňüni alyş diplomatiýasynyň Sebit Merkezi açyldy. Bu waka diňe bir Merkezi Aziýa sebitinde däl-de, eýsem bütin dünýäde howpsuzlygy we durnuklylygy kepillendirýän iri parahatçylyk merkezi bolan bitarap döwletimize dünýä jemgyýetçiliginiň ynamyny artdyrdy. Türkmenistan Halkara pul gaznasy, Bütindünýä banky, Ýewropanyň Durkuny täzeleýiş we ösüş banky, Aziýanyň ösüş banky, Yslam banky we beýlekiler ýaly halkara guramalarynyň agzasydyr.

Hormatly Przidentimiziň ýolbaşçylygynda halkara ykdysady gatnaşyklar giň gerime eýýe bolýar.Halkara ykdysady gatnaşyklaryň ösmegi diplomatiki gatnaşyklaryň kämilleşmegini, ösmegine ýardam berýär.Türkmenistan halkara ykdysady gatnaşyklary kämilleşdirmek üçün uly işler

alyp barýar.Bu işleriň ylym-bilim ulgamyna hem täsiri ulydyr.2009-njy ýyldan başlap diýarymyzda Halkara gatnaşyklary Inistitudy işläp başlady.Bu hem geljekde halkara gatnaşyklaryň, diplomatiýanyň,halkara žurnalistikanyň,halkara statistikanyň has kämil ösmegine uly ýardam berer.

## II.Diplomatiki iliçhanalar.

Diplomatiýa – bu halkara gatnaşyklarynda ýüze çykýan meseleleri aýdyňlaşdyrmak. aladalary parahatçylyk ýoly bilen çözülmegine ýardam berýän döwletiň guramasydyr.

Prizident,Daşary Işler Ministirligi,döwletiň özi,içki syýasatyň we daşary syýasatda öz döwletiniň aladalaryny çözmekde ýardam edýärler.Diplomatiýanyň serişdeleriniň görnüşünde:ýörüte hat alyşmalar we olary taýýarlamak,halkara gepleşikleri we olary taýýarlamak,halkara dokumentleri taýýarlamak,halkara sesiýalara gatnaşmak, delegatsiýalary taýýarlamak ýaly işler degişlidir.Halkara aladalary çözmekde,öz döwletiniň alyp barýan syýasytyny dabaralandyrmakda diplamatlar halkara ýygnaklaryň,konferensiýanyň trebunasyny giňden ulanýarlar we döwlet ýolbaşçylarynyň duşuşyklaryny gurnaýarlar.

Diplomatiki wekilçilikleriň üstü bilen örän bähbitli işleri amala aşyryp bolýar.Ilkinji diplomatik wekilhanalar XVI asyrda açylypdyr.Döwletiň içerki syýasatyn goldaýan iň esasy organ hökümünde ýüze çykýar. Sowda Respublikasy Wenesiýa ilkinjileriň biri bolup öz iliçhanalaryny: Wenada,Parižde, Modritde, Rimde açýar.

XVIII asyrda Rossiýanyň iki döwletde iliçhanasy bar,ýagny Şwessariýada we Polşada hemişelik ilçihanalary işleýär.Pýotr 1 – iň döwründe: Parižde Kopengagende,Wenada,Londanda, Rossiýanyň iliçhanalary öz işine başlaýar.Häzirki wagytda Rossiýanyň 143 döwletinde iliçhanalary işläpdir.Moskwada 140 döwletiň iliçhanasy işleýär.Diplomatiki gatnaşyklar ylalaşylanda iliçhanalaryň

hemişelik ýa-da wagytlaýyn boljakdygyn we onyň derejesni kesgitleýärler.

## Diplomatik korpus.

Daşary ýurtlaryň wekilleri ýerleşýän döwletlerinde diplomatik korpusy emele getirýär.Ol dürli döwletleriň doplomatlary olaryň statusyny gullyk ýerlerini birleşdirýärler.Diplomariki korpusyň düzümüne diplomatyň maşgalasy hem girýär.Diplomatiki korpus doly düzümde seýrek duşuşýarlar,ýagny milli baýramçylyklarda we gynanç bildirlende duşýarlar.Kä halatlarda diplomatik korpusyň wekilleri daşary ýurtlaryň ýolbaşçylarynyň duşuşyklaryna çagyrylýarlar. Ýörüte wekiller bilen,diplomatik korpuslar bilen diňe Daşary işler Ministirliginiň üstü bilen gatnaşyp bilýärler we döwletiň içerki işlerine gatnaşmaga hukuklary ýokdyt.

## III.Diplomatik gullyk we rang.

1. Dilomatiki gullyga esasy oryn XV – XVI asyrlar berilýär.Şol döwürlerde daşary yurt wekilçilikleri ýüze çykyp başlaýar.Şol döwürlerde diplomatyň geýýen eşiginden haýsy döwletiň raýatydygyny bilip bolýardy.Rus plomatlarynyň eşiginiň mundiri altyn sapaklardan dikilen, nyşanlanan,ilikleriniň ýüzünde ýyldyz we gerbiň şekili bolupdyr.Häzirki döwürde diplomat üçün ýörüte egin-eşik ýok,ýöne aýratyn dabaralarda frak geýilýär.Diplomatik gullygyň esasy maksady :beýleki döwletler bilen döwletiň içinde we daşynda aragatnaşygy saklamakdan ybaratdyr. Diplomatlara daşary ýurt dillerini,psihologiýany,däp-dessurlary bilmeklik hökman gerekdir. Ondan başgada özüňe erk edip bilmeklik ,sagdyn pikirli bolmaklyk.paýhaslylyk,zähmetsöýerlik zerurdyr.
2. Diplomatik gulluklary işgärlere aýratyn atlar,ýagny rondlar berilýär.Ol atlar diplomatyň Daşary işler Mnistirligindäki ýagdaýny kesgitleýär.Her gezekdäki berilýän

atlar diplomatyň üstünligi we derejesini aňladýar.Şu ýokary diplomatik ada – Adatdan daşary we Doly ýgtyýarly ilçi ady degişlidir.Ondan başgada :sowetnik,birinji sekrotar,ikinji sekrotar,attaşe ýaly atlar degişlidir.

**Dünýä ykdysadyýetinden testler.**

**1. Dünýä yksadysadyýetine uzak ýyllaryň dowamynda nähili kesgitleme berilipdir.**

a) bu milli hojalyk bolup olar birek birek bilen özara hereketde däldirler.
b) bu hojalyk gatnaşyklaryň täže kämil derejä geçmegidir.
ç) bu milli hojalyk bolup olar birek birek bilen özara hereketdedirler.
d) bu milli hojalyklaryň arasyndaky pul gatnaşyklary.

**2. Islendik ( çökgünlilik)krizis näçe ýyl aralykda dowam edýär.**

a) 1-5 ýyl aralykda.
b) 5-10 ýyl aralykda.
ç) 10-15 ýyl aralykda.
d) 15-20 ýyl aralykda.

**3.Islegiň bahasyz faktorlaryna haýsylar degişli.**

a) Ilatyň hakyky ösüş derejesi, telekeçilik ukyplylygy, zähmet bazarynyň darlygy, ýaşaýyş ýeriniň üýtgemegi.
b) ýerli zähmet bazarlarynda durnuklylyk derejesi işgärleriň hünär deresi, aýlyk hakyndan we tehnologiýa derejesi, maliýe ukuplylygy ýaşaýan ýeriniň ütgemegi, töleg we karz ukyby.
d) ýerli zähmet bazarlarynda durnuksyzlyk derejesi,işgärleriň hünär derejesi,tehniki we tehnalogiýa derejesi, zähmet öndürjilik derejesi.

**4. Deňeşderme usuly diýlip nämä aýdylýar.**

a) belli kada we durnukly ýagdaýa getirýän,şertnama baglaşylýan döwründe

**7. Türkmenistan häzirki wagtda näçeden gowrak halkara guramalaryň agzasy.**
a) 40
b) 45
ç) 50
d) 55

**8. Türkiýede näçenji ýylda erkin ykdysady zonalary döretmek işi başlapdyr?**
a) 1926-nji ýylda
b) 1927-nji ýylda
ç) 1928-nji ýylda
d) 1929-nji ýylda

**9. Tarif diýlip nämä aýdylýar?**
a) dowlet tarapyndan salynýan gytaklaýyn salgytlaryň jemi.
b) eksport edilýän harytlara gümrük tarapyndan salynýan salgyt.
ç) import edilýän harytlara gümrük tarapyndan salynýan salgyt.
d) döwlet tarapyndan salynýan göni salgytlaryň jemi.

**10 Dünýä bazarynda işçi güýjini islegi we teklibi näme?**
a) önümçiliň ýokarlanmagy.
b) önümiň bahasy zähmet güýjüniň integrasiýasy.
d) zähmet güýjüniň migrasiýasy.

**11. Oblegsiýa diýip nämä aýdylýr?**
a) bu paýdarlar jemgyýetleriň göýberýän gymmat bahaly kagyzlary bolup saklaýjylara gelen peýdanyň bir bölegini almak münkinçiligini döredýär.
b) bu döwletiň bergidarlyk borçlarydyr ol göýberilýän ýyllary,üzmek möhleti we
göterim stawkalary bilen tapawutlanýar.
ç) bu korparasiýalaryň bergidarlyk borçlary bolup durýar .

d) bu.kärhanalar tarapyndan goýberilýän maliýe resminamalardyr.

**Häzirki döwürde dünýäde näçe sany erkin ykdysady zona hereket edýär?**

a) 1000
b) 2000
c) 3000
d) 4000

**13. Gazna biržasy bu.**

a) harytlaryň we hyzmatlaryň bazary.
b) işçi güýjiniň bazary.
ç) gymmatly kagyzlary satmak, satyn almak boýunça guralan yzygiderli hereket edýän bazar.
d) Londonyň Halkara nebit birjasyna.

**14. Broker diýlip kime aýdylýar?**

a) öndürjä.
b) sarp edijä.
ç) obýekte we subýekte.
d) müşderleriň arasynda ylalaşyklaryň amala aşyrylmagyna ýardam edýäne.

**15. Türkmenistanyň lomaý bazarynyň esasy guramaçylyk özeni bu:**

a) Türkmenistanyň döwlet haryt çig mal birjasy.
b) býudjet, merkezi we täjirçilik banklar, şahsy taraplar.
ç) paýdarlar jemgyýeti.

**16. Altyn standart bu:**

a) altyň teňňeler.
b) altyn teňňeleriň hasaplaşykda ulanylmagy.
ç) altyn toplamaga.
d) altyň teňňeleriň hasaplaşyk birligi we toplamak serişdesi.

**17. Dewolwasiýa näme?**
a) eksport harytlarynyň nyrhynyň ýokarlanmagy.
b) import harytlarynyň nyrhynyň ýokarlanmagy.
ç) bölek satuw söwda.
d) lomaý-satuw söwda.

**18. Halkara işçi güýjüniň migrasiýasy bu:**
a) ol zähmete ukyply ilaty, bir ýurtdan başga ýurda ýerleşdirilmegine, göçürülmegine aýdylýar.
b) islege aýdylýar.
ç) teklibe aýdylýar.
d) zähmet öndürijiligi aýdylýar.

**19. Dünýä bazary bu:**
a) milli bazar.
b) erkin bazar.
ç) dürli ýurtlaryň milli bazarynyň toplumy.
d) monopol bazary.

**20. Bazar bu:**
a) haryt önümçiligini belli bir mehanizmi.
b) subýektleriň toplumy.
ç) obýektleriň toplumy.
d) önümçiligiň anarhiýasy.

**21. Import diýip nämä aýdylýar?**
a) ýurtdan çykýan harytlara.
b) ýurda gelýän harytlara.
ç) önümçilik.
d) alyş-çalyş.

**22. Diplomatiýa bu:**

a) daşary ýurt lirmalary.
b)daşary ýurt kärhanalary.
ç) halkara gatnaşyklarynda ýüze çykýan meseleleri aýdynlaşdyrmak aladalary

parahatçylyk ýoly bilen çözülmegine ýardam berýän döwletiň guramasydyr.

## Edebiýatlar:

1. Türkmenistanyñ Konstitusiýasy. Aşgabat, 2008.
2. Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiñ täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. I tom. Aşgabat, 2008.
3. Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiñ täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. II tom. Aşgabat, 2009.
4. Gurbanguly Berdimuhamedow. Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, Halky söýmek bagtdyr. Aşgabat, 2007.
5. Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmenistan – sagdynlygyñ we ruhubelentligiñ ýurdy. Aşgabat, 2007.
6. Türkmenistanyñ Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyñ Ministrler Kabinetiniñ göçme mejlisinde sözlän sözi. (2009-njy ýylyñ 12-nji iýuny). Aşgabat, 2009.
7. Türkmenistanyň Prezidentiniň “Obalaryň, şäherleriň, etrapdaky şäherçeleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin” Milli maksatnamasy. Aşgabat, 2007.
8. “Türkmenistany ykdysady, syýasy we medeni taýdan ösdürmegiň 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Baş ugry” Milli maksatnamasy. “Türkmenistan” gazeti, 2003-nji ýylyñ, 27-nji awgusty.
9. “Türkmenistanyñ nebitgaz senagatyny ösdürmegiñ 2030-njy ýyla çenli döwür üçin Maksatnamasy”. Aşgabat, 2006.
10. Türkmenistanyň hormatly Prezidentiniň BMG-yň Baş Assambleýasynyň 62-nji sessiýasyndaky çykyşy. Belgiýa patyşalygyndaky çykyşy.
11. “Aksioner eýeçiligi baradaky kanun”.
12. “Türkmenistanda telekeçilik baradaky kanun”. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Umumy milli “Galkynyş” Hereketiniň we Türkmenistanyň Demokratik partiýasynyň nobatdan

daşary V gurultaýlarynyň bilelikdäki mejlisinde sözlän sözi. Aşgabat, 2007.
13. Türkmenistanyň daşary ykdysadyýet işlerini ýola goýmaklygyň käbir ýollary”, Aşgabat.2007.
14. Лысенко Д. Б. Экономический анализ Москва, 2008.
15. Эдвард Деминг Новая экономика Москва, 2006.
16. Абрютина М.С. Экономика предприятий. Москва 2004г.
17. Джон Д. Дениелс Л. Ли.Х. Радеба. Междугародный бизнес Москва, 2004.
18. И.Т.Балобанова Международное экономическое отношения Москва, 2004

## Mazmuny


| | |
|---|---|
| Giriş.................................................................. | 7 |
| Dünýä ykdysadyýetiniň umumy häsiýetleri........... | 10 |
| Dünýä bazary we işçi düýji.................................... | 23 |
| Halkara söwda geleşiklerini taýýarlamagyň esasy tapgyrlary............................................................ | 29 |
| Biržanyň döredilmegi we ösmegi........................... | 69 |
| Dünýä ykdysadyýetinde erkin ykdysady zonalar.... | 80 |
| Dünýä ykdysadyýetinde maliýe bazarlary.............. | 88 |
| Dünýä ykdysadyýetinde tarifler............................... | 100 |
| Halkara täjirçilik arbitrazynda jedelleriň serediliş tertibi.................................................................... | 105 |
| Diplomatiýa we onyň mazmuny............................. | 116 |
| Testler................................................................. | 121 |
| Edebiýatlar............................................................ | 126 |